**E. Atdaýew, A. Gapbarow**

# MUGALLYMÇYLYK USSATLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 378 + 74
A 88

**Atdaýew E., Gapbarow A.**
A 88 **Mugallymçylyk ussatlygy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Okuw kitaby mugallymlary taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleri üçin niýetlenilýär. Bu okuw kitabyndan orta hünär mekdepleriniň mugallymlary, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işgärleri, ylmy işgärler hem peýdalanyp bilerler.

*Pedagogika ylymlarynyň kandidaty,*
*dosent G. Şadurdyýewiň redaksiýasy bilen*

TDKP № 293, 2012 KBK 74. 212 ýa 73

© E. Atdaýew, A. Gapbarow, 2012



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanda durmuşymyzyň ähli möhüm ugurlaryny gurşap alan giň möçberli özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurt Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow döwleti dolandyrmaga girişen ilkinji günlerinden başlap jemgyýetiň düýpli özgermegine gönükdirilen beýik işleri amala aşyrmaga başlady. Bu parasatly ýörelge ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, Garaşsyz we baky Bitarap döwletimiziň halkara abraýynyň barha ýokarlanmagyna itergi berdi. Milli Liderimiziň başda durmagynda amala aşyrylýan özgertmeleri bu gün Berkarar döwletiň bagtyýarlyk dowründe ýaşaýan her bir raýat aýdyň duýýar. Halkymyzyň ruhy dünýasi aýratyn baý manymazmuna eýe bolýar, mähriban Watanymyzyň ykbaly, onuň şu güni we geljegi baradaky jogapkärçilik has artýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylym, bilim ulgamyny dünýäniň ösen derejelerine ýetirmek ugrundaky aladalarynyň netijesinde bu ulgam düýpli kämilleşdirilýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň ylma, bilime teşne nesli bu gün dünýä ülňülerine laýyk gelýän, okatmagyň iň kämil tehnologiýasy bilen birkemsiz üpjün edilen bilim ojaklarynda bilim alýarlar.

Orta, ýokary, hünär okuw mekdeplerinde, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, ylmy barlag edaralarynda döwrebap kompýuter, multimedia enjamlary, okatmagyň interaktiw usullary okuw-terbiýeçilik işine giňden ornaşdyrylýar.

Milletiň Lideriniň okatmagyň we terbiýe bermegiň hilini hem-de netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça berýän her bir tabşyryklaryny ýerine ýetirmekde mugallymyň paýyna düşýän jogapkärçilik hem ýokarlanýar. Ylym, bilim, terbiýe bolsa döwleti-

mizi we jemgyýetimizi hemmetaraplaýyn ösdürmekde esasy binýat bolup hyzmat edýär. Bu babatda döwletiň syýasatynda ileri tutulýan möhüm ugrunyň üstünlikli amala aşyrylmagynda mugallymyň ussatlygynyň ähmiýeti-de artýar. Hormatly Prezidentimiziň ylmy, bilim berlişini düýpli gowulandyrmak hakyndaky Permanlarydyr, Kararlaryndan ugur alyp, şeýle hem bu ulgamda amala aşyrylan özgerişliklere laýyklykda okuwçylara iň täze usullaryň we serişdeleriň üsti bilen çuň bilim hem-de döwrebap terbiýe bermegi maksat edinýän geljekki mugallymlaryň hünär ussatlygyny birkemsiz ele almaklary üçin niýetlenen Mugallymçylyk ussatlygy dersi okadylýar. Mugallymçylyk ylmynyň, terbiýeçilik işiniň inçe tärlerini ele almakda bu dersiň ähmiýeti örän uludyr.

Dersiň okadylmagynyň maksady – her bir ýokary bilimli mugallymyň öz işiniň ussady bolup ýetişmegine ylmy mümkinçilik döretmekdir. Ýokary pedagogik mekdebiniň her bir talybyna mugallymçylyk ussatlygy baradaky maglumatlary bermek pedagogika dersiniň şu bölüminiň esasy maksadydyr. Ösen medeniýeti bolan mugallym öz iş başarnyklaryny, zehinini, ukybyny netijeli ulanmagyň ýollaryny hem-de usullaryny kämil özleşdirmelidir. Mugallymlara bildirilýän talaplar bu dersde öz beýanyny tapmalydyr. Geljekki mugallyma pedagogik ussatlygyň mazmunyny, oňa bildirilýän talaplary, okuwçylar bilen dogry aragatnaşyk guramagy, olarda okuwa bolan höwesi artdyrmagyň ýollaryny, bilimleri dogry bahalandyrmagy, dogry söhbetdeşlik guramagy, mugallymyň medenýetini onuň dogry sözleýşini, mekdep we teatr pedagogikasynyň arabaglanyşygyny, pedagogik tehnikany mugallymyň sapakda we ondan daşary geçirilýän çärelerde ulanmak ussatlygyny, özüni dogry alyp barmagy, daşky we içki gözelligi öwretmek we öz tejribe işinde ulanar ýaly derejä ýetirmek bu ulgamda esasy wezipe bolup durýar.

Bu okuw kitaby ähli mugallymçylyk hünärleri boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin niýetlenýär. Mugallymçylyk ussatlygy dersi umumy häsiýetde bolup, talyplaryň geljekki mugallymlar üçin zerur bolan nazary we usuly bilimleri, okatmagyň döwrebap usullaryny

we serişdelerini özleşdirmeklerine, gerekli başarnyklary we endikleri ele almaklaryna ýardam berer.

*Mugallymçylyk ussatlygy dersini öwrenmegiň wezipeleri:*

– talyplary mugallymçylyk ussatlygyň esaslary bilen tanyşdyrmak, öwretmek we kabul edilmegini gazanmak;
– şahsyýetiň ýokary ahlakly, şahsyýetara gatnaşyklary, öz aňyny häsiýetlendiriji düşünjeleri öwretmek, pedagogik terbiýeçilik başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmek.

Bu ders geljekki mugallymlara okuw işiniň guralyşy, onuň bilim berijilik, terbiýeleýjilik we ösdürijilik häsiýeti, kanunalaýyklyklary, ýörelgeleri we usullary, adaty we adaty däl sapaklaryň görnüşleri, olaryň guralyşy we geçirilişi, okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini bahalandyrmagyň ýollary barada nazary we amaly maglumatlary berip, olary özleşdirip mekdep tejribesinde ulanyp biler ýaly derejä ýetirmägä mümkinçilik bermelidir.

# I bölüm

# Mugallymçylyk ussatlygy we onuň okuw-terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmekdäki ähmiýeti

## §1. Mugallymçylyk ussatlygynyň mazmuny we düzümi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talaplaryna laýyklykda ýaş nesli okatmagyň we terbiýelemegiň çylşyrymly wezipeleriniň üstünlikli çözülmegi mugallyma, onuň hünär ussatlygyna baglydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow mugallymyň hünär ussatlygyny kämilleşdirmeklige uly üns bermek bilen «Mugallym käriniň at-abraýyny we mertebesini hemişe belende götermek, şol bir wagtda-da, mugallymlarda öz hünär ussatlygyny we bilim derejesini ýokarlandyrmaga bolan uly islegi we höwesi döretmek biziň borjumyzdyr» diýip belleýär. Hormatly Prezidentimiz hünär ussatlygyňy kämilleşdirmek üçin diňe ýadawsyz zähmet çekmegi, öz bilimiňi yzygider artdyrmagy, hünär derejäňi we ussatlygyňy kämilleşdirmegi, täze usullary özleşdirmegi maslahat berýär. Mugallymyň hünär kämilliginiň özeni onuň işe bolan ussatlygydyr. Hyjuwly hem yhlasly zähmetiň netijesinde pedagogik ussatlyga eýe bolunýar. Diňe bir okatmagyň we terbiýelemegiň öňdebaryjy usullaryny bilmek däl-de, mugallymçylyk işine belli bir derejede täzelik girizmek, goşant goşmak, häli-şindi ýüze çykýan pedagogik hadysalardan dogry baş çykaryp bilmek pedagogik ussatlykdyr.

«*Bilim hakynda*» Türkmenistanyň Kanunynyň 38-nji maddasyna laýyklykda mugallymlar:

– özüniň hünär bilimlerini we pedagogik ussatlygyny hemişe kämilleşdirmäge;

– okuwçylaryň, talyplaryň, terbiýelenýänleriň, olaryň ata-enelériniň, şeýle hem bile işleýän kärdeşleriniň abraýyna we mertebesine sarpa goýmaga;
– okuwy ýokary hünär derejesinde alyp barmaga, okaýanlaryň okuw maksatnamasyny hökmany döwlet talaplarynyň derejesinde özleşdirmeklerini üpjün etmäge;
– okaýanlaryň, terbiýelenýänleriň şahsy we döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin şertleri döretmäge;
– pedagogika etikasynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyrlar.

Şahyr *Gurbannazar Ezizow*:

– Biz herimiz – özümiziň zergärimiz, mydam özümizi ýonup ýörmeli – diýýär. Mugallym öz edýän işlerine, hereketlerine özgäniň gözi bilen seretmegi başarmaly, öz artykmaç taraplaryny ösdürip, kemçiliklerini sapak edinmeli, hakyky durmuş sapaklaryny kalbyna, ýüregine siňdirmeli. Şeýle etmek bilen hem mugallym hünär ussatlygyny kämilleşdirýär.

Lukman Hekimiň: «Kime pent we nesihat etseň, ilki bilen oňa özüň amal et», Magtymgulynyň:

– Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil,
Özüňni sen özgelere göz etgil – diýen parasatly sözleri hem mugallymlar üçin ýol-ýörelgedir.

Mugallymçylyk işinde ýokary netijeler gazanýan mugallym bilim ulgamynyň ösmegine uly goşant goşýar, aýratyn hyjuw bilen ýurdumyzyň orta mekdeplerinde zähmet çekýän ussat mugallymlar «Türkmenistanyň halk mugallymy», «Türkmenistanyň at gazanan bilim işgäri» ýaly hormatly atlara mynasyp bolýarlar.

Mugallymyň ussatlyk derejesi onuň işiniň mazmunyny ýokarlandyrýar.

Mugallymyň hünär ussatlygy – pedagogik ussatlyk her bir mugallyma mahsus bolan, elmydama kämilleşýän okatmak we terbiýelemek sungatydyr. Onuň üçin hökmany hasaplanýan şertler:

1. Umumy ýokary medeniýetlilik.
2. Okadýan dersi we oňa ugurdaş bolan dersler boýunça giň we çuň bilimlilik.

3. Türkmenistanyň bilim syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça döredijilikli işlemeklik, pedagogika, psihologiýa we okatmagyň usulyýetiniň düzgünlerini bilmeklik hem-de olary ulanmagy başarmaklyk.

Mugallymyň hünär ussatlygynyň esasy hasaplanýan ýagdaýlardan ugur alnanda pedagogik ussatlygyň düzümi aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Pedagogik medeniýet (etika).
2. Pedagogik iş usuly (tär-tehnika).

Pedagogik iş usul (tär-tehnika) – bu mugallymyň amala aşyrýan dürli iş usullarydyr.

*Onuň düzüjileri:*

1) mugallymyň dolandyryş başarnygyndan (özüni alyp barşy bilen hem baglanyşykly);
2) mugallymyň şahsyýete täsir edip biliş başarnygyndan ybaratdyr.

**Pedagogik işiň aýratynlygy.** Pedagogik iş şeýle bölümleri öz içine alýar: işiň maksady, serişdeleri, öz aýratynlygy bilen tapawutlanýan täsiri kabul ediji (obýekt) we täsiri amala aşyryrjy (subýekt).

*Pedagogik işiň maksady aşakdaky ýaly aýratynlyklardan ybaratdyr:*

1. Pedagogik işiň maksady jemgyýet tarapyndan kesgitlenilýär. Mugallymyň çekýän zähmeti mekdep okuwçysynyň şahsyýetini kemala getirmeklige gönükdirilen bolmalydyr. Mugallymçylyk işi jemgyýetçilik terbiýäni ele almakda adamyň tebigy mümkinçiliklerini amala aşyrmagy öz içine alýar. Mugallym pedagogik şertlerden ugur alyp, anyk wezipeleri maksada laýyklykda teklip etmelidir.
2. Mugallymyň işi okuwçyny zähmete gönükdirijidir, okuwçy zähmetine laýyk döredijilikli işdir.
3. Terbiýe bermek, okatmak bilen okuwçylaryň işi dolandyrylýar.

Ussat mugallymlar işi onuň yzygiderliligi boýunça guraýarlar. Okuw işlerinde edebiýatlary ulanmak bilen synpda ýüze çykýan pursatlara oňyn täsir ediji ýagdaýlary döredýärler.

Döredijiligiň (anyk işleriň) maksady we wezipeleri çaga gyzyklanmalaryny hasaba almak arkaly, berlen okuw işini maksatlaryna görä özgertmekdir.

Pedagogik zähmetiň täsirini kabul ediji (obýekt) – bu adam bolup (okuwçy), kemala gelýän şahsyýetiň ruhy durmuşynyň inçe tarapy bolup, akyl (aň), duýgy, erk, ynanjy, öz işine akyl ýetirişi bilen tapawutlanýandyr.

*Pedagogik işiň maksady şulardan ybaratdyr:*

1. Adam tebigatyň jansyz maddylygy däl-de, gaýtalanmaýan ýekebaralyk hilleri bilen, bolup geçýän ýagdaýlara düşünmeklige hususy gatnaşyjydyr.
2. Mugallym elmydama kämilleşýän, ösýän adam. Ol hemişe içki dünýäsi bilen işleýär.

Bu ýerde galyba öwrülen çemeleşmeler, meňzeş hereketler ulanarly däldir. Ol çylşyrymly, döredijilikli çemeleşmeleri talap edýär.

3. Şol bir wagtyň özünde çaga, ýetginjege, ýaşlara olary gurşap alan durmuş täsir edýär. Ol bolsa özakymly, köp meýilnamaly, dürli ugurlary öz içine alyp biler.

Mugallymçylyk işi terbiýäniň özi bilen baglanyşykly ýüze çykýanyny (terbiýäni, täzeden terbiýelemegi, şahsyýetiň öz-özüni terbiýelemegini) hem şol sanda göz öňünde tutmalydyr.

*Täsiri amala aşyryjy* (*subýekt*). Terbiýelenýäne täsir edijiler, pedagog (mugallym), ata-ene we okuwçylar toparydyr. Bu ýerde esasy täsir guraly mugallymyň şahsyýeti, onuň bilimi we başarnyklarydyr.

Mugallyma dürs garaýşyň gazanylmagy zerurdyr. Terbiýäniň baş serişdeleri – gürrüňdeşlik, oýun, tälim almak ussullarydyr. Bu babatda jemgyýete peýdaly zähmet hem esasy orny eýeläp biler.

**Pedagogik ussatlyk ulgam hökmünde.** Pedagogik ussatlygyň düýp manysyna düşünmeklige şahsyýet-iş nukdaýnazaryndan çemeleşilende biz şahsyýet häsiýetiniň bitewiliginden ugur alýarys hem-de oňa ýokary hünärmençilik işi guramagy üpjün edýän ýokary dereje hökmünde garaýarys. Şeýle möhüm häsiýetleri bolsa mugallymyň işiniň ynsanperwerlik ugrukmasy, hünärmençilik bilimleri, pedagogik ukyplary we pedagogik tärleri (tehnika) ýaly sypat-

larynda we iş usullarynda görýäris. Olar ussatlygyň düzüm bölekleri bolup durýarlar.

*Bu kesgitlemäniň esasy ýagdaýlary:*

a) pedagogik ussatlyk – bu şahsyýet düzüminde özüniň guraýan ulgamy;

b) hünärlilik – ussatlygyň düýbi (özeni), oňa çuňlugy berýän herekete, işe akyl ýetirip, ony berjaý etmek hünär bilimleri ulanarlygy;

ç) pedagogik ukyp ussatlygy – oýandyryjy – onuň kämilleşmesiniň çaltlygyny (tizligini) üpjün ediji.

**Pedagogik ussatlygyň düzümi:** *Mugallym şahsyýetiniň ynsanperwerlik ugrukmasy*. Her mugallymyň şahsyýetiniň pedagogik gönükmesi köptaraplydyr. Onuň düzüjileri, ugrukdyryjy gymmatlygy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Öz üstüňe käbir häsiýetleri almak – öz-özüňi tassyklamak.
2. Pedagogik täsiriň serişdeleri.
3. Mekdep okuwçysy, çaga topary.
4. Mugallymçylyk işiň maksatlary – ynsanperwerlik meýilnama (strategiýa) iş serişdeleri we işiň täsirini kabul edijiniň döredijilikli özgertmeleri.

*Hünärlilik bilimleri*. Mugallymçylyk bilimleriň utgaşmasy – toplum, şahsy öwüşgini. Pedagogik aňyýetiň ýörelgeleri we düzgünleri (her bir hereketde we işde) üpjünçiligi nazara alynýar. Ylmy bilimleriň derejeleri, kanunalaýyklygyň nazaryýeti bu babatda seredilmeli meselelerdir. Olara bagly pikirlenme, geçirilýän seljerme, saýlama işiň hilini nazara alýar. Mugallymçylyk ussatlygy ele almagyň tizligi (çaltlygy) ýaly netijeli işlenilmelere esaslanýar.

*Pedagogik ukyplar*. Olar psihiki işiň, mugallymçylyk işiniň geçişiniň üstünliginiň aýratynlygyny görkezýär:

– adamlara bolan garaýyş, hoşniýetlilik, pikir we sözleýiş aragatnaşygy;
– şahsyýet güýjüniň erke täsir etmek ukyby;
– joşgunlylyga durnuklylyk – özüne erk etmek ukyby – öňden görmek (oňaýly çaklama);

– döredijilige ukyplylyk;
– gürrüňdeş bolmak – amalyýet ukyplar;
– özüňe barlagy (aragatnaşyk – kommunikatiw) – ýüzlenme ukyplardan başlamaly;
– synçylyk – tejribe, joşgunlylyk durnuklylygy – täsir ediş jähedi. Öňden görmek.

*Pedagogik tär (tehnika) – usul*. Mugallymyň özüni alyp barşy.

Mugallymyň bilime ugrukmasy, ukyplar. Iş (hereket) tärlerini (ýollaryny) ele almak, başarnyklar. Pedagogik meseleleriň çözülişinde özara täsiri üpjün edýän we olary dolandyrýan başarnyklar. Olardan:

1-nji topar (başarnyklar) – öz-özüňi dolandyrmak, joşgunly ýagdaý, sözleýiş täri( tehnika);

2-nji topar (okatmak nazarýeti) – guramaçylyk başarnygy, özara aragatnaşygy.

*Pedagogik ussatlygyň ulgamlaryny emele getirmek. Mugallymyň pedagogik ussatlyk ölçegleri:*

– maksadalaýyklygy (gönükdirilişi boýunça);
– netijeliligi – (okuwçylaryň bilim derejesi, terbiýe derejesi boýunça);
– öňden görüjilige (serişdeleriň saýlawyna) orun berlişi;
– döredijilik (işiň mazmuny boýunça).

Pedagogik ussatlygyň derejeleri: başlangyç, hünärmen bilimleriň derejeleri, şeýle-de, onuň ýokary derejesi, mugallymçylyk ukyplar we başarnyklar.

**Pedagogik pursatlar we pedagogik meseleler.** Pedagogik ussatlyk ýa-da onuň çözüwi pedagogyň hünärlilik derejesini görkezýär, oňa esas bolup durýar. Pedagogik mesele – bu elmydama emele gel_ ýän pedagogik pursatlaryň pikirlenmesidir. Ony özgertmek, täze derejä geçirmek bolsa, pedagogik işiň maksadyna ýakynlaşylmagydyr. Ähli pedagogik iş pedagogik pursatlaryň baglanyşygyndan ybaratdyr. Olar mugallym tarapyndan, okuwçy tarapyndan hem ýagdaýdan daşary (birden) ýa-da ýörite döredilip bilner.

Mugallymyň ussatlygy – ýagdaýy pedagogik meselä öwrüp bilmegi başarmakdyr, ýagny emele gelen şerti maksada laýyklyga

gönükdirmek, gatnaşyklary üýtgedip gurmaklyga, goýlan pedagogik maksada ýakynlaşdyrmakdyr. Pedagogik meseläni çözmek – meselä akyl ýetirmekden we ýagdaýy seljermekden başlanýar.

Meseläni çözmegiň indiki tapgyry – bar bolan ýagdaýlary seljerme. Pursadyň bitewi pedagogik işdäki orny, terbiýelenýänleriň, terbiýeçileriň häsiýetnamalary, olaryň özara gatnaşyklary. Netijede bolup geçýän pursadyň (ýagdaýyň) özüne, işiň maksadyna, şert we özara gatnaşyklaryň aýratynlyklaryna düşünilýär. Göz öňünde tutulmadyk islegi okuwçylara mälim etmek pedagogik täsiriň güýjüni ýeňledýär.

Jemleýji tapgyr – pikirleri (çaklamalary) teklip etmek. Bar bolan nazaryýet we tejribe hazynasyndan has maksada laýyk tärleri – has işjeň pikirlenmegi, hyýaly talap edýänini saýlap almak. Mugallym seljermäni amala aşyrmaga ymtylýar – topary hem bu işe çekýär. Täze mugallym kähalatlarda ikiçäk gatnaşyga geçýär, ol mugallymyň işini (ýagdaýyny) gowşadýar. Meseläniň çözüw ýollary belli bolanda usullar ulgamy hem saýlanylýar, sebäbi bir usul käbir halatlar üçin ýeterlik hasaplanmaýar. Sebäbi her bir ädim öz mugallymçylyk işiniň sazlaşygyny üpjün etmeli.

## § 2. Mugallymyň taýýarlygy, onuň görnüşleri

Mugallymyň ussatlygy onuň okuw-terbiýeçilik işinde aýgytlaýjy orny tutýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň kitaplarynda, çykyşlarynda, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanunynda häzirki zaman mugallymyna bildirilýän talaplar düýpli çözgütleri amala aşyrmak wezipelerini öňde goýýar. Mugallymyň taýýarlygy nazaryýet, amaly, usuly görnüşlerden ybaratdyr. Mugallymyň umumy taýýarlygy pedagogik, psihologik, hünär we usuly taýýarlygy ýaly böleklerden emele gelýär. Häzirki zaman mugallymynyň hünär häsiýetnamasy (professiogrammasy) belli bir düzüjilerden ybaratdyr. Pedagogik ussatlygyň düzümi: pedagogik bilim, hünär başarnygy we endikleri, şahsy hiller we ş.m. aýratynlyklary öz içine alýar we şol taraplary bilen tapawutlandyrylýar.

Mugallymçylyk dünýäde iň gadymy hünärleriň biri hasaplanýar. Onuň ähmiýeti hiç haçan kemelmez, sebäbi okuw we terbiýe jemgyýet üçin hemişelik gymmatlyklar bolup durýar. Olaryň kömegi bilen jemgyýet ösýär, kämilleşýär. Şonuň üçin mugallymyň jemgyýetde tutýan orny ýokarydyr. Sebäbi häzirki zaman mekdebi we mugallymlar XXI asyryň taryhy wezipelerini çözmelidir. Mugallymçylyk hünäri bilim we terbiýe meselesinde ähmiýetlidir. Mugallymyň okuwyň düzgünlerini oňat bilmegi, işe ussatlyk hakynda umumy okuwlary we çykyşlary yzygiderli diňlemegi zerurdyr. Şeýle-de, üstünlige ýetmek üçin, eger-de, mugallymyň özi oňa ymtylmasa, onuň özüniň ussatlygy kemala getirmeklige hemişelik islegi bolmasa, mugallymçylyk hünäriniň talaplaryny ödemek kynlaşar. Bu talaplar häzirki döwrüň adamlarynyň durmuş ýagdaýyny düýpgöter üýtgedýän ylmy-tehniki ösüşiň şertlerinde aýratyn uly ähmiýete eýe bolýar.

Mugallym öz üstünde döredijilikli işlemeli. Mugallymyň nazaryýet taýdan ösmegine we pedagogik ussatlygynyň ýokarlanmagyna täsir edip biljek zat, ol hem onuň öz-özüniň bilimini artdyrmagydyr. Ol durmuş bilen kybapdaş gitmelidir, öz okadýan dersinden täze bilimleri hemişe özleşdirmelidir. Mugallymçylyk hünärini dowam etdirmek üçin mugallym okaýar, öwrenýär, eger-de ol okamasa, öwrenmese, onda mugallymçylyk hünäri ýitýär.

Mugallymda diňe bir öz-özüniň bilimini artdyrmaklyk däl-de, eýsem onda, onuň işinde pedagogik maksada okgunlylyk hem bolmalydyr. Beýle diýmeklik, onuň işini esasy maksada, ýagny okuwçynyň şahsyýetini kemala getirmeklige gönükdirilen bolmalydyr. Maksada okgunlylyk pedagogik işde yzygiderligi talap edýär. Maksada okgunly pedagog ynsanperwer adam bolmalydyr. Mugallym her bir okuwçynyň şahsyýetinde onuň gowy taraplaryny görmeli. Bu barada ony W. G. Belinskiniň sözleri bilen aýdanymyzda, «adamyň hemişe gowy taraplaryny görmeli we şondan hem terbiýäni başlamaly».

Öňdebaryjy garaýyşly pedagog diýmeklik onuň ynsanperwer häsiýetiniň bolmagyny talap edýär. Bu iki düşünje biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Okuwçynyň şahsyýetine gowy göz bilen seretmeklik diýmek, bizi oňa hormat goýmaklyk, ony söýmeklik diýen

düşünjä getirýär.Beýle diýmeklik mugallym ynsanperwer bolmaly diýildigidir. Şeýle bolanda adama näçe talap bildirilse, şonça-da oňa hormat goýulmalydyr.

Pedagogik tejribede ýene-de bir möhüm häsiýetleriň biri, ol hem mugallymyň hereketleriniň durnuklylygydyr. Mugallym hemişe özüni deňagramlylyk ýagdaýda alyp barmalydyr, onuň hereketlerinde durnuklylyk bolmalydyr. Dürli okuw we terbiýeçilik ýagdaýlarynda okuwçylaryň gaharyny getirýän ýagdaýlarda hem pedagog özüni durnukly alyp barmaly. Ýöne mugallymyň durnuklylygy bilen gönüden-göni baglanyşykly häsiýet, ol hem pedagogyň talapkärligidir. Mugallym okuwçynyň şahsyýetine diňe bir hormat goýmak bilen çäklenmän, eýsem onda belli bir okuw we terbiýeçilik kadalarynyň ýerine ýetirilmegini gazanmaly, talap etmeli. Şeýle bolmasa, okuw-terbiýeçilik işinde guramaçylyksyzlygyň döremegi mümkin.

Mugallyma bildirilýän talaplar bize gelejekki mugallymyň umumy nusgasyny görmeklige getirýär. Bu mugallymyň hünär häsiýetnamasy (professiogrammasy) diýen düşünje bilen baglanyşyklydyr. Mugallymyň hünär häsiýetnamasy diýip birnäçe pedagogik ölçegler esasynda mugallymçylyk okuw jaýlaryna alynmagyna we olaryň gelejekki mugallymyň çaklama, isleg bildirilýän nusgasyny düzmegine aýdylýar. Belli häzirki zaman alymlary (W.A. Slastýonin) mugallymyň hünär häsiýetnamasyny işläp düzdiler. Ol şu aşakdaky pedagogik ölçeglerden ybaratdyr:

1. Mugallymyň şahsyýetiniň alamatlary (häsiýetleri) we tapawutlandyrmasy (häsiýetlendirmesi).
   a) hünär – pedagogik işe gönükdirlenligi;
   b) akyl ýetirişe (öwreniş) gönükdirenliligi.
2. Mugallymyň psihologik we pedagogik taýdan taýýarlygyna bilidirilýan talaplar. Ol şu aşakdakylardan ybaratdyr:
   a) bilimler;
   b) başarnyklar;
   ç) endikler.
3. Mugallymyň umumy ylmy taýýarlygy.

Beýle diýildigi, onuň diňe bir öz dersinden ylmy düşinjeleri bilmän, eýsem beýleki dersler boýunça hem ýeterlik düşünjesi bolmaly diýildigidir.

4. Mugallymyň öz okadýan dersi boýunça usuly taýýarlygy. Ol öz dersi boýunça diňe bir umumy usuly talaplary ýerine ýetirmän, eýsem, şol derse degişli ýörite usuly düzgünleri berjaý etmelidir.

Mugallyma bildirilýän talaplaryň we mugallymyň hünär häsiýetnamasynyň mekdep durmuşyna geçirilmegi üçin pedagogik ussatlyk gerek bolýar. Talaplar barada näçe aýdylsa-da, nähili gowy hünär häsiýetnama düzülse-de, pedagogik işiň ýokary derejedeligi barada aýdyp bolmaz. Eger-de şolary mekdep tejribesine geçirýän ussat pedagoglar bolmasa, olar diňe gury söz, gürrüňligine galýar. «Pedagogik ussatlyk» diýen düşünjä pedagogikada alymlar tarapyndan ýeke-täk bir kesgitleme berilmeýär. Bu mesele babatda alymlaryň arasynda dürli-dürli garaýyşlar hem bar. Ýöne biz şeýle bolansoň, esasan, Pedagogik ensiklopediýada berilýän kesgitlemä daýanýarys. Sebäbi ol alymlaryň köpüsi tarapyndan goldanylýar. Onda pedagogik ussatlyga şeýle kesgitleme berilýär: «Pedagogik ussatlyk diýip – her bir pedagoga düşünikli, ýokary we hemişelik kämilleşýän derejede guralan, terbiýe we okuw sungatyna, çagalaryň şahsyýetine hormat goýmaklyga gönükdirilen pedagogik işine aýdylýar. Pedagog – bu öz işiniň ussady, ýokary medenýetli hünärmen, öz dersini çuňňur bilýän, öz ylmy boýunça oňat baş çykaryp bilýän, okuwyň we terbiýäniň usulyny ýokary derejede ele alan bolmalydyr». Pedagog – pedagogik işgär. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 36-njy maddasynda bellenilişi ýaly, okaýanlary we terbiýelenýänleri bilim edaralarynda, şeýle hem bilim maksatnamalaryny amala aşyrýan beýleki edaralarda okatmak we (ýa-da) terbiýe bermek bilen bagly bilim (pedagogik) işi bilen meşgul bolýanlar pedagogik işgärlere degişlidir.

Ýokary okuw mekdepleriniň alymlyk derejeleri we (ýa-da) alymlyk atlary bolan pedagogik işgärleri ylmy-pedagogik işgärler hökmünde hem kesgitlenýärler.

Pedagogik ussatlygyň esasyny düzýän, özeni hasaplanýan, hünär bilimlerdir.

Hünär bilimleriň mazmunyny öz okadýan predmeti boýunça bilimler, onuň usulyýeti, pedagogika we psihologiýa boýunça bilimler düzýär. Ýöne şol hünär bilimler okuwçylaryň aňyna ýetirilmese, olara öwredilmese, onda bilimler netijesiz, peýdasyz bolup galýar. Olaryň netijeliligini bolsa pedagogik ukyplar üpjün edýar.

*Olaryň birnäçe görnüşleri bardyr:*

a) okatmak nazaryýeti (didiaktiki) ukyplar – bu okuwçylara okuw maglumatlaryny düşnükli, gyzykly, takyk, ýönekeý görnüşde öwretmegi başarmakdyr;

b) guramaçylyk ukyplary – bu okuwçylary dürli okuw we terbiýeçilik işlerine çekmegi, şeýle hem öz işiňi oňat guramagy başarmak bolup durýar;

ç) aragatnaşyk (kommunikatiw) pedagogik ukyplar – bu mugallymyň okuwçylar bilen oňat, biri-birine düşünişmek esasynda aragatnaşygy ýola goýmak başarnygy bolup durýar (kommunikasion – iňlis dilinden «aragatnaşyk» diýip terjime edilýär);

d) amalyýet (perspektiw-psihiki) pedagogik ukyplary. (latyn söz percepcia – içki dünýäsi). Bu mugallymyň okuwçylaryň içki dünýäsine aralaşmak, ony oňat öwrenmek başarnygydyr. Belli psiholog A.A. Bodolýew bu pedagogik ukyplylygy «ikinji görüş» diýip atlandyrýar;

e) talap edijilik (suggestiw) pedagogik ukyplylygy – bu mugallymyň söz üsti bilen talap edijilik ukyby ( suggestiwýa – latyn sözi – pikir ýöretmek, duýgy döretme);

ä) ylmy – akyl ýetirişi taýdan pedagogik ukyplylygy (akademiki) – bu mugallymyň öz dersi boýunça degişli maglumatlary almagy, öz öwredýän ylmy boýunça täzeliklerden habarly bolmagy bolup durýar.

Mugallym üçin diňe bir «pedagogik ussatlyk» diýen düşünjäniň mazmunyny bilmek ýeterlik däldir, pedagogyň öňünde ony nähili kemala getirmeli diýen sorag ýüze çykýar.Şu meseläni çözmekde talyba – gelejekki mugallyma pedagogikany we psihologiýany bilmek-

lik köp kömek edýär.Ýene-de mugallymyň öz pedagogik işini gowy, üstünlikli alyp barmagy üçin, onuň öz okadýan dersini çuňňur we giňişleýin bilmegi zerurdyr. Alymlar köpçüliginiň hasaplamalaryna görä, mugallymçylyk ussatlygy kemala gelende, şu aşakdaky 3 döwri başdan geçýär:

1. Mugallymçylyk ussatlyga mugallymçylyk ugruna degişli edebiýatlar, pedagogika we psihologiýa boýunça nazary işler, öňdebaryjy mugallymlaryň işleri, öz dersi boýunça hünärmenleriň we alymlaryň işleri bilen tanyş bolmak;
2. Öz mugallymçylyk işini kämilleşdirmegiň meýilnamasyny düzmek, öňdebaryjy kärdeşleriniň tejribesi bilen tanyş bolmak (käbir sapaklary gurap görmek we ş.m);
3. Öz mugallymçylyk işiňe öňdebaryjy tejribäni we ylmy-barlaglaryň netijelerini ornaşdyrmak, öz-özüňi terbiýelemek we öz iş usullaryňy kämilleşdirmek hem-de olaryň netijeliligini barlap görmek we ş.m.

*Mugallymyň hünär – pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmek ylmy mesele hökmünde.*

Pedagogika ylmynda-da beýleki ylymlarda bolşy ýaly, daşky dünýäniň daş-töweregimizi gurşap alan pedagogik işiň kesgitli görnüşniň kanuna laýyklygyny öwenmek göz öňünde tutulýar. Pedagogika ylmy köp taraply, ol adamzat ýaşaýşynyň hemme tarapyny, onuň taryhyny, ösüşini, daş-töweregi gurşap alan daşky gurşawy goramak (ekologiýa), durmuş-medeni ýagdaýlaryny öz içine alýar. Daşky dünýä aralaşýan adamlary pedagogik düşünjeler bilen üpjün etmek diňe ykdysadyýetiň, önümçiligiň ösüşi bilen kesgitlenmän, umumyadamzat gymmatlyklarynyň esasynda toplanan ahlak gymmatlyklary bilen berk baglanyşyklydyr. Mugallymyň usulyýet taýdan kämilligi, onuň pedagogika ylmynyň usulyýet toplumyny, çeşmelerini, dürli ýurtlaryň alymlarynyň, mugallymlarynyň, akyldarlarynyň bilim we terbiýe, adam şahsyýetiniň kemala gelşi baradaky taglymatlaryny, şu güne laýyk gelýän oý-pikirlerini, türkmen halkynyň taryhy-pedagogik, durmuş-pedagogik, taryhy-medeni mirasyny öwrenmegi, onuň gymmatlyklaryna düşünmegi, akyl ýetir-

megi üçin,şoňa esaslanyp, ýaş nesle bilim we terbiýe bermegi guramagy üçin zerurdyr.

Ýokary pedagogik biliminiň ulgamynda alnan nazary bilimler, başarnyklar, endikler mugallymyň gündelik pedagogik işiniň çeşmesi hasaplanýar. Şoňa görä, şol ylmyň we tejribäniň çeşmesi bolan pedagogikanyň usulyýet toplumyny özleşdirmek, akyl ýetirmek, bilmek, öwrenmek, gündelik pedagogik tejribede peýdalanmak – mugallymyň hünärmen-mugallymçylyk taýdan kämilleşmeginiň hem esasy serişdesidir.

Pedagogikanyň usulyýet toplumynyň diňe ylmy-barlag işinde däl, eýsem ähli mugallymlaryň gündelik tejribesinde, olaryň hünär-pedagogik kämilliginiň ýokarlanmagynda nähili orun tutýanlygy baradaky mesele hem öňe çykýar. Pedagogik usulyýet toplumynyň ähmiýeti baradaky meseläni (W. O. Kutyýew, W. S. Şubinskiý, Ýa. S. Turbowskaýa dagylar) soňky döwürlerde öňe sürdiler. Şol döwürde pedagogikanyň usulyýet toplumyny, başgaça aýdanyňda, pedagogikanyň umumy ýörelgesi, ylmy barlaglaryň usullary, tilsimaty girýärdi, pedagogika ylmyndaky durmuşy we biologik görkezijileriň baglanyşygy hakyndaky uly meseleler işlenipdi.

Ýörite usulyýet toplumy baradaky mesele alymlaryň (F. F. Korolýewyň, M. A. Danilowyň, W. E. Gmurmanyň) soňky ýyllardaky (W. I. Zagwýazinskiniň, W. W. Kraýewskiniň) ylmy işlerinde esasy orun tutdy. Olar işlerinde pelsepe usulyýet toplumyndan tapawutlylykda pedagogikanyň usulyýet toplumynyň predmetini kesgitlemäge synanyşdylar.

XX asyryň ahyrynda birnäçe ýurtlaryň alym-pedagoglarynyň ylmy-amaly maslahaty geçirildi. Onda (M. A. Danilow) «Pedagogikanyň usulyýet toplumynyň meselelerini işläp düzmeli we şol wagtyň özünde-de ylmy-bilimleriň aýratyn şahasy hökmünde pedagogikanyň ýörite usulyýet toplumyny döretmeli» diýip çykyş etdi. Onda pedagogikanyň ýörite usulyýet toplumynyň dersi hökmünde pedagogik bilimleri, ol bilimlere eýe bolmagyň usullaryny, olary tejribä ornaşdyrmagyň şertlerini, pedagogikanyň ýörite dersligini kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Pedagogikanyň şu meselelerini göz öňünde tutmak bilen bu işde mugallymyň hünär-pedagogik taýýarlygyny

kämilleşdirmekde, mugallymyň okuwçylar bilen okuw-terbiýeçilik, döredijilikli özbaşdak işini guramakda we oňa ýolbaşçylyk etmekde pedagogikanyň usulyýet toplumynynyň häzirki döwür üçin zerur bolan meselelerini öwrenmekligiň we gündelik okuw-terbiýeçilik işinde peýdalanmaklygyň zerurlygyny düşündirmäge, subut etmäge synanyşýarys. Sebäbi ylmyň usulyýet toplumyna, çeşmelerine oňat düşünýän mugallym jemgyýetiň,şonuň bilen bir hatarda halk köpçüliginiň bilime, terbiýä goýýan talabyna-da, mugallyma goýýan talabyna-da, mugallymyň jemgyýetiň, halkyň öňündäki jogapkärçiligine-de oňat düşünýär.

Usulyýet toplumy baradaky düzgünler (W.A.Şubinskiý) döredijilikli ösdürilmek bilen ol dört ugra bölünýär. *Birinji*, pedagogikanyň usulyýet toplumynyň pedagogik bilimleriň, pedagogika ylmynyň ösüşiniň meýlnamasy hakyndaky mesele bilen baglanyşykly bolmagy, yzygider meşgullanmagy gerek. *Ikinji*, pedagogikanyň dersi we onuň derejeleri baradaky meseläni giňişleýin öwrenmelidir. *Üçünji*, ylmy-barlagyň pikir yzygiderligini (logikasyny), usullaryny, akyl ýetiriş işini öwrenmelidir. *Dördünji*, alan bilimlerini tejribä ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Usulyýet toplumy baradaky bilimiň nazaryýet biliminden tapawudy bardyr. Usulyýet toplumy baradaky bilim «nähili ýollary, usullary ylmy-barlag işinde ulanmaly» diýen soraga jogap berýär. Netijede, usulyýet toplumy hakyndaky häzirki zaman göz öňüne getirmeleri, düşünjeleri kemala gelýär. Jemläp alnanda, bu nazary we amaly işiň usullary, ýörelgeleri, kadalary hakyndaky bilimleriň ulgamydyr. Pedagogikanyň usulyýet toplumy – bu nazaryýet bilimleriniň we amaly işiň kadalarynyň, ýörelgeleriniň belli bir ulgamydyr.

Pedagogik usulyýet toplumynyň aýratynlygyny, ylmy-barlagyň we okatmagyň, terbiýelemegiň usullaryna düşünmek mugallymyň ylmy-pedagogik biliminiň täzelenmegine-de, pedagogik tejribäniň, okuw-terbiýeçilik işleriniň täzelenmegine-de täsir etmeklik ýola goýulýar.

Usulyýet toplumynyň amaly maksada gönükdirilmegi netijesinde onuň işiniň täze pedagogik nazarýeti işlenip düzülýär. Biziň pikirimizçe, pedagogik usulyýet toplumy – okuw-terbiýeçilik işiniň

hakyky ýagdaýyna akyl ýetirmegiň serişdesi bolup, mugallymlaryň, ylmy-barlag işini alyp barýan alymlaryň pikir ýöretmesi bilen baglanyşyklydyr.

## §3. Mugallymçylyk ussatlygy ösdürmegiň esasy ýollary we şertleri

Iş tejribesi boýunça ýaş mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işini talabalaýyk guramagy üçin olara bildirilýän talaplar anykdyr we olar belli bir kadalara laýykdyr. Mugallymyň şahsy hili – sözleýşi, söz baýlygy bilen hem tapawutlanýar. Hünär medeniýeti (etikasy), ýekebara (aýrabaşga) ýörelgä köp üns bermek, şahsy arassaçylyk (gigiýena) meseleleri hem öz wajyplygyny ýitirmeýär. Synpda okatmakda ýüze çykýan kemçilikler, ýagny synpda tertip-düzgün, umumy usuly kemçilikleri düzetmek yzygider işlemekligi talap edýär. Okuwçylaryň şahsy aýratynlygyny bilmeklik uly ähmiýete eýedir. Synp otagynyň içiniň arassalygy we onda goýlan zatlaryň tertipliligi, onuň ýagtylygy, şeýle-de, howanyň arassalygy we temperaturasy okuw işiniň geçiriliş ýagdaýyna täsir edýär.

Sapaklaryň maksady – bilim berlişiniň düýp mazmunyny anyk açyp görkezmelidir, şeýle-de hil hem mukdar (okuwçylaryň näçesi işjeňlik görkezdiler, näçesi sapagy özleşdirdi we ş.m.) babatda anyk derejeleriň gazanylmagyna eýermelidir. Sapaklaryň dogry kesgitlenilen maksatlaryna ýetilmegi diňe mugallymyň pedagogik ussatlygyna baglydyr. Pedagogyň işiniň interaktiw görnüşleriniň artmagy, okuwçylaryň geçilen material hakynda oýlanmagy üçin gerekli şertleriň döredilmegi, gözlegi we dürli hili çözgütleriň seljerilmegini talap edýän meseleleriň dogry goýulmagy, ahyrky netijä ýetmek üçin işiň dürli usullaryny saýlamaga şertiň bolmagy okuwçylarda köp sanly wajyp endikleri ösdürmäge mümkinçilik berýär. Meselem, nähilidir bir netijä gelende pikirlenişiň çaltlygy we çeýeligi, meselelere seljerişe bolan ukyp bilen çemeleşmek, özgäniň pikirine hormat goýmak, toparda işjeň we netijeli işlemegi başarmak we beýlekiler ýaly endiklerdir.

**Halypaçylyk** – hünär kämilligiň esasy ýollarynyň biridir. Geçmişde-de ähli kärdäki adamlaryň halypalary bolupdyr. Olar islendik käri, hünäri öwrenmek isleýän ýaşlara-da, ululara-da ol işiň ähli ýagdaýlaryny jikme-jik öwredipdirler, ýerine ýetirlen işiň kemçiliklerini ýekän-ýekän düzetmegi talap edipdirler. Netijede, şägirtleriň öz ukyby, zehini, yhlasy, başarnygy we endigi bilen ussadyndan öňe geçenleri hem bolupdyr. Bilşimiz ýaly, Magtymguly beýik akyldar şahyr derejesine çenli göterilip bildi. Munuň özüne ýetesi sebäbi bar. Magtymgulynyň Döwletmämmet Azady ýaly beýik halypasy, beýik mugallymy, beýik pederi bar. Onuň Magtymgulyny turuwbaşdan halkylyk ýoluna salandygyna şek-şübhe ýok. Diýmek, uly şahsyýet dünýä inende onuň kämilleşmegi üçin hökmany suratda uly halypa, pedagog hem zerurudyr. Biz bu meseläni hemme taraplaýyn öwrenmegi göz öňümizde tutýanlygymyz üçin diňe mugallymçylyk hünärinde halypaçylygyň we şägirtligiň işiniň aýratynlygynyň şu döwrümiz üçin mahsus taraplaryny beýan etmek bilen çäklenýäris. Sebäbi, pedagogik işde halypaçylygyň mugallymlaryň hünärmen – pedagogik taýýarlygyny kämilleşdirmäge nähili täsir edýändigini anyk mysallardan öwrenmegi, seljermegi göz öňünde tutýarys.

Halypalyk ýaş mugallymlaryň pedagogik-psihologik taýdan kämilleşmeginiň iň möhüm serişdesidir. Halypaçylygy ýola goýmagyň ilkinji başlangyçlary halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, halk pedagogikasynda we bilim ulgamynda-da özboluşly köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Bu däp bilim ulgamynda täze işe goýberilýän ýaş mugallymlara tejribeli, ýaşuly, ussat mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işiniň «gizlin syrlaryna» aralaşmagyna, mekdebiň içki tertip-düzgünini öwrenmegine, pedagogik, psihologik, usuly taýdan nazaryýetden alan ylmy düşünjelerini gündelik okuw-terbiýeçilik isiniň tejribesine ornaşdyrmagyna ýolbaşçylyk etmegine, usuly kömek, maslahat bermegine ýolbaşçylyk etmegi dowam edip gelýär. Halypaçylyk meselesi durmuşy – pelsepe, durmuşy – pedagogik mesele bolup ylmy nukdaý nazardan giňişleýin, çuň öwrenilmeli meseleleriň biridir.

Mugallymçylyk hünäriniň pedagogik taýdan dogry guralmagyny, mugallymlaryň dürli ýaşly mekdep okuwçylary bilen işlände ugur

tapyjylygyny, usuly kämilligini ýola goýmaga, gönükdirmäge ýokary okuw jaýynda pedagogikadan, psihologiýadan, usulyýetden okadýan mugallymlar ýolbaşçylyk edýän bolsa, mekdepde bu iş ilki bilen halypalaryň paýyna düşýär. Sebäbi mekdebe gelen ýaş mugallyma mugallymçylyk maslahatynyň karary bilen şol ugur boýunça okadýan ussat, tejribeli mugallymlaryň halypaçylyk etmelidigi bellenýär. Käbir ýaşuly mugallymlar mugallymçylyk hünärine başlaýan ýaş mugallymy özüniň şägirdi hökmünde gelen gününden mähir bilen garşy alýar. Mekdebiň maksady, wezipesi, mugallymlaryň agzybirligi, ýolbaşçylaryň talap edijiligi hakynda aýdyp, kynçylyklary ýeňip geçmäge ruhlandyrýar. Bu adamkärçiligi ýokary derejede ösen şahsyýetlere mahsusdyr. Emma durmuşda, gyýnansak-da, ýaş mugallyma ruhy goldaw bermegiň deregine, onuň kemçiligini gözleýän mugallymlara hem duş gelinýär.

Halypanyň we halypaçylygyň maksady – ýaşlardan, ýaş mugallymlardan kemçilik gözlemän, eýsem onuň gowy taraplaryny, nazary, usuly taýdan artykmaçlyklaryny, soňky ýyllarda ýokary okuw mekdeplerindäki okuw derslerine girizilen täzelikleri we şuňa meňzeşleri sorap bilmekden başlasalar maksada laýyk bolar.

Nusgawy edebiýatyň beýik halypasy Magtymguly Pyragynyň: «Tälim beren ussadyňdan aýrylma!» diýip belleýşi ýaly, mugallymçylyk kärinde-de halypaçylygyň özboluşly aýratynlygy dowam edýär.

Bilim-terbiýeçilik edaralaryna bilim we terbiýe berijilik häsiýetine halypaçylyk hünär-zähmet, tehniki-döredijilikli, ylmy usuly, ahlak, medeni aň-bilim, durmuş, dynç alyş we beýleki ýagdaýlarda ýaş nesle özboluşly täsir ediş serişdesi hökmünde dowam edýär. Halypalaryň öz terbiýeleýänleri bilen aragatnaşygy diňe iş wagtynda – sapaga gatnaşýan wagtynda bolman, eýsem sapakdan öň we soň özleriniň boş wagtlarynyň hasabyna ýola goýulýar.

Beýleki aragatnaşyk, baglanyşyk saklaýan durmuş toparlara seredende, terbiýeçilik işiniň ýerine ýetirýän mugallymçylyk hünärindäki halypaçylyk, *birinjiden*, az sanly kärdeş adamlar bilen alnyp barylýar, *ikinjiden*, halypaçylygyň esasy maksady, mazmuny uly nesliň gündelik durmuş tejribesinden ençeme synaglardan geçen

amaly başarnyklary, endikleri, işiň guramaçylyk görnüşlerini, usullaryny, çagalar, ýetginjekler, uly ýaşly mekdep okuwçylary bilen işlemegiň her bir pedagogik, psihologik, usuly edebiýatlardan we ondan daşary «gizlin syrlaryny» öwretmek bilen utgaşdyrylýar. Orta mekdeplerde halypaçylyk şol mekdebiň içki tertip-düzgüni, toparyň öňde goýýan maksady, jemgyýetiň, döwletiň, halkyň bilime we terbiýä goýýan talaby bilen sazlaşykly kemala gelýän, kämilleşýän, birnäçe işleri ýerine ýetirmeli bolýar.

1. *Hünär bilen baglanyşykly iş*. Bu her bir mekdebe täze işe goýberilen ýaş mugallymyň öz hünäri bilen baglanyşykly tejribeli mugallyma berkidilmegi bilen, ýaşuly halypasynyň şahsy göreldesiniň täsiri bilen durmuşa geçirilýär. Ýaş mugallym mekdebiň içki tertip-düzgünini mugallymlaryň, mekdep ýolbaşçylarynyň öz ýoldaşlary bilen aragatnaşyklary, okatjak synpynyň okuwçylarynyň psihologik aýratynlyklaryny öwrenmeli. Ilkinji sapagy has taýýarlykly başlamagy, okadýan synpyny öwrenmegiň ýollary, ylaýta-da, ýetginjekler, uly ýaşly mekdep okuwçylary bilen sözleşmegiň, olara ýüzlenmegiň aýratynlyklary bilen yzygider tanyşdyryp durýar.

2. S*yýasy sowatlylyk wezipesi*. Ýaş mugallymyň halypasy gündelik metbugaty – habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryny öz dersi we synpdan daşary geçirjek işeleri bilen utgaşdyryp peýdalanmagyň, ylmy nutuklary taýýarlamagyň, seslenmeler, makalalar ýazmagyň öz pikiriňi orta atmagyň aýratynlyklaryny öwredýär, taýýarlygyny dilden pikir alşyp ýa-da ýazuw işlerini barlap seljerip, üstünliklerini, kemçiliklerini ýüze çykarýar, düzetmegiň ýollaryny salgy berýär. Ýaş mugallymyň nazary we usuly taýdan kämilleşmegine mugallymlaryň we okuwçylaryň arasynda at-abraýynyň ýokarlanmagyna ýetginjekler, beýleki okuwçylar bilen pedagogik hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, öz-özünden okap bilim almaga, öz-özüni barlamaga, baha bermäge, öz-özüni dolandyrmaga öz hereketini öňden görüjilik bilen kesgitlemäge we ş.m. itergi berýär.

3. *Jemgyýetçilik wezipesi*. Bu hyzmaty halypaçylygyň diňe bir şägirdiniň ykbaly, işi, durmuşy bilen baglanyşykly bolman, şol şägirdiň terbiýelenýänleriniň bilimine, terbiýesine, zähmete, syýasata,

döwlete, kanuna, tebigata, adamlara, öz-özüne garaýşyna we gatnaşygyna täsir edýär. Mekdeplerde synlamak, sorag-jogap alyşmak, pikir alyşmak, mugallymlarymyzyň pikirini jemlemek bilen halypalyk edýän mugallymlara käbir maslahatlary hödürleýäris:

1. Pedagogik işe ussatlyk, hemme mugallymda birmeňzeş derejede däldir. Pedagogika üznüksiz, çäksiz, köp taraply pikir ýöredijilik işidir. Ýaş mugallymyň bir sapakda goýberen ýalňyşy onuň hemişelik ýalňyşy bolup bilmez.

2. Mugallymyň sapagyna, terbiýeçilik işine gatnaşyp, ony seljerip mugallyma degişli maslahat berip, onuň bu kemçilikleri düzedip bilmejekdigini aýtmakdan saklanyň! «Sakawyň soňuna seret!» diýen nakyl bar. Ýaş mugallymyň işiniň netejesiniň iň soňky nokady, baryp ýeten derejesi diýip düşünmäň. Durmuş tejribesiniň toplanmagy, özüni terbiýelemegi, özbaşdak bilimini ösdürmäge çynlakaý çemeleşmegi onuň çalt kämilleşmegine getirip biler.

3. Ýaş mugallymyň işindäki üstünligini köpräk ýüze çykarmaga çalşyň. Ähli kemçiliklerini hatarlap, sanap başlamaňda, bilelikde pikir ýörediň, mugallymyň özüniň öz işini seljermegine, pikirlenmegine kömek ediň. Öz oý-pikiriňizi, ikirjeňlenýän ýerleriňizi bilelikde maslahatlaşyň.

4. Mugallymyň sapagyna gatnaşanda, sapagyň ýazgylaryny barlanda, pikirini diňlände, kemçiliklerine: «bu düýbünden bolanok», «bütinleý nädogry» diýip, çürt-kesik baha bermäň, inçelik bilen gowusyny gözläň, ýoluny salgy beriň, rahatlandyryň, ruhlandyrmagy başaryň.

5. Gowy görülýän, hormatlanýan halypa, islendik abraýly adam boljak bolsaňyz, mugallymyň işindäki, hereketindäki düşnüksiz, nätakyk zady görüp, onuň bilen bilelikde oýlanmagyňyz gerek. Eger şeýle etmän düşnüksiz, nädogry zady görmezlige salsaňyz ýa-da şahsyýeti – mugallymy kemsitseňiz, onda siz hakyky halypa, hakyky mugallym bolup bilmersiňiz. Mugallymyň bilmedigini öwredýän alym hökmünde ylmy-gözlege, synaglara ýol görkezmek, onuň usullaryny salgy bermek siziň borjuňyzdyr.

6. Şägirtleriňiziň kämilleşmegine, ruhy goldaw berjek bolsaňyz, ylmy – gözleglere gönükdirjek bolsaňyz, ilki bilen özüňiz gözlegde,

ylmy-barlag işiniň, pedagogik synaglaryň ýolunda bolup özüňiziň göreldäňiz, sapaklaryňyzdaky, maslahatlaryňyzdaky täzelikleriňiz göze görnüp, ýüreklerde uçgun döredip bilmese, beýlekilerden täzeligi, uly işleri talap edip bolmaz.

7. Ähli mugallymlaryň hünärmen–pedagogik kämilleşmeginiň çeşmesi, esasy ugrukdyryjy mugallymy, tejribeçisi, maslahatçysy, mugallymlaryň mugallymy manysyndaky ylmy-gözleg meýdanydyr. Ylmy-gözleg barlag meýdany çäksiz, ölçegsiz we tükeniksizdir. Pedagogik nazaryýetiň baýlaşmagynda ylmy-gözlegiň pedagogik döredijiligiň aýgytly orun tutýanlygy üçin, pedagogik kämilligiň pedagogik hadysalary, ýagdaýlary öwrenmekden başlanýandygyny unutmaň.

8. Halypa – hem mugallymdyr. Emma siz mekdebiň ýolbaşçylary ýaly, jogapkärçilik basgançagynyň belentliginde durýarsyňyz, şägirdiňiz barada aladalanmalysyňyz.

9. Siz aýra-aýry mugallymlara seredeňizde, ýaş mugallymlar bilen köp işlänligiňiz üçin pedagogik hadysalaryň, ýagdaýlaryň köp dürlüsiniň şaýady bolansyňyz.

10. Mugallym bilen okuwçylaryň aragatnaşygy, hyzmatdaşlygy, ruhy gymmatlyklaryň kemala gelşi, ösüşi siziň gözüňiziň öňünde bolup geçendir. Şoňa görä, ylmy barlaglaryňyzyň, gözlegleriňiziň pedagogik döredijiligiňiziň dersi, esasy işi elmydama siziň ýanyňyzda hereket edýär.Olar ýaş mugallymlar we okuwçylardyr.

11. Mugallym – halypa, mugallym – terbiýeçi siziň işiňiz, çylşyrymly we köp taraplydyr, şahsy häsiýetleriňiz, aýratynlyklaryňyz bilen baglanyşykly okatmagyň we terbiýelemegiň «gizlin syrlaryny» kesgitlemäge kömek edýär.Ol «gizlin syrlar» pedagogika ylmynyň nazaryýetiniň, siziň ussatlygyňyza, pedagogik sungatyňyza berk ornaşan kebşirlenmesidir.

*Okuwçy şahsyýetiniň kemala gelmeginde mugallym edebiniň orny*. Mugallymyň edebi hakyndaky mesele hünär etikanyň düzüm bölegidir. Hünär etikasy belli adamlaryň özara ahlak gatnaşyklarynyň, özüni alyp barşynyň hünär işini ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan kadalary, düzgünleri, özünde jemleýär. Ahlak düzgüni jemgyýetiň medeni – ynsanperwerlik ösüşi bilen baglanyşykly bolup, her hünäriň aýratynlygyna, jemgyýetçilik borjuna laýyk işlenip düzülýär.

Medeniýet (etika) boýunça sözlükde: pedagogik medeniýet ynsanperwerlik düşünjelerden ybaratdyr. Ol terbiýeçileriň we mugallymlaryň özüni alyp barşyny kadalaşdyrýar, çünki, ol hünärdäki adamlaryň abraýyny berkidýär, pedagogik toparyň güýjüniň bir ugra gönükdirilmegini üpjün edýär. Pedagogik medeniýetiň maksadynda, mazmunynda jemgyýetiň mugallyma bolan ynamynyň ahlak tarapy ýatyr. Görşimiz ýaly, pedagogik etika biziň ylmy-barlag işimizde göz öňünde tutýan pedagogik edep hakyndaky pikirlerimiziň düýp esasydyr.

Edepli çemeleşmek beýleki adamyň şahsyýeiniň aýratynlygyna çuňňur düşünilmegini, seresaplylygy, duýgurlygy, ünslüligi, şolar bilen bir hatarda, oňa ýüzlenilen wagtynda talap edijiligi şahsyýeti sylamak bilen utgaşdyrylmagyny öz içine alýar. Mugallymyň pedagogik edebi ozaly bilen onuň her bir ýetginjege öz boluşly talap edijilikli çemeleşmegini aňladýar.

Pedagogik edep – mugallymyň, okuwçylaryň ýekebara gyzyklanmalarynda, ýykgyn edýän zatlaryna we ukyplaryna hormat goýmagynda ýüze çykýar. Ol okuwçylarda tutanýerliligi, sözi bilen işiniň deň gelmegini, başlan işini soňuna çenli alyp barmak, tabşyrylan ýumşy yhlas bilen ýerine ýetirmek, bilmedik zadyny çekinmän sorap öwrenmek, dogruçyl hereket etmek we ş.m gylyk-häsiýetleri kemala getirmäge gönükdirilen bolmalydyr.

Mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işinde öz kämilligini, ussatlygyny ýüze çykarmagy üçin, ilki bilen pedagogik hünäri saýlaýanlaryň umumy bilim derejesi bilen bir hatarda şol hünär üçin mahsus bolan terbiýeçi zähmetiniň söz sungatyna ussatlygynyň, ýatkeşliginiň, logiki pikirlenmegi, baý göz öňüne getirmeleri we ş.m has ýokary derejede ösen bolmagy zerurdyr. Ýokardaky hil-sypatlary bolan şahsyýetleri pedagogik sungatyň nazaryýetini we tejribesini öwretmek, ussat mugallymlaryň kemala gelmegine oňaýly täsir edýär.

Pedagogik işde zehin, ukyp bolsa-da laýyk abraýa eýe bolmak örän kyn. Onuň üçin her bir pedagogik ýagdaýa oýlanyşykly, döredijilikli çemeleşmegi, ýagdaýdan şol bir wagtyň özünde baş alyp çykmagy başarmaly. Mysal üçin, sapagy şunuň ýaly geçeýin, okuwçylardan şeýle zatlary gysga wagtda sorap anyklaýyn diýip geleniňde,

synpda birnäçe okuwçy temany özleşdirip gelýär, köpüsi özleşdirip bilmändir. Näme etmeli? Mugallymyň özünden başga dogry netijä geljek adam ýok. Bir mugallym temany gaýtadan düşündirýär, okuwçylaryň düşünişini barlaýar. Ikinjisi: «Özleşdirmedik temaňyzy öýüňizde ýene bir gezek okaň», diýip, täze temany düşündirmäge geçýär. Haýsynyňky dogry? Pedagogik, psihologik duýgurlyk, öňden görüjilik, okuw terbiýeçilik işindäki her bir ýagdaýa döredijilikli çemeleşmegi, islendik sapakda türgenleşmegi özüň hiç bir görkezmä garaşmazdan synanyşyk etmegi ýola goýmagy talap edýär. Zehinli, akylly, paýhasly mugallym bolsa-da, nähili hereket etmelidigini örän çalt, dogry kesgitläp, herekete getirip bilmese, ol okuw-terbiýeçilik meselesini, ussatlyk bilen çözüp bilmeýär.

Eger mugallymda zehin, pedagogik işe bolan ukyp, duýgurlyk, aýgytly herekete girişmek deň derejede kemala gelen bolsa, türgenleşikler, öz içki gözlegleri, döredijiligi bilen baýlaşdyrylan bolsa, akyl-paýhas bilen duýgurlygyň, içki duýgynyň deň agramlylygy ýüze çykýar.

Pedagogik taýdan zehinllilik ukyby – bu bilimleri, başarnyklary, endikleri kabul etmäge degişli işjeňligi bilen birlikde, başarnyklary, endikleri başgalara öwretmekde-de, okuwçylara bilim we tebiýe bermekde-de tapawutlanýar. Pedagogik zehinli, ukyply mugallymlar «Janly pedagogik ensiklopediýa» ýaly, pedagogik işiň «gizlin syrlaryny» durmuşa geçirýärler. Şeýle derejä eýe bolan pedagoglar ussatlyga çalt ýetişýärler.

Ussat mugallymyň iş tejribesini synlap, kabul edip, ondan nusga alyp, aýry-aýry temalary, terbiýeçilik işlerini geçirmegiň ýazgysyny, synagyň geçirilişini öňden öwrenip, ussat mugallymyň derejesine ýetip bolmaz, sebäbi her bir pedagogik işiň üýtgemeýän zat hökmünde kabul edilmegi üstünlik getirmez. Şeýle bolanda mugallymyň söz baýlygy, sözleýiş äheňi, sapagy guraýşy okatmagyň ýörelgelerini, usullaryny, serişdelerini peýdalanyşy saýlap alan synpy üçin güýçýeterli bolmaz ýa-da onuň tersine-de bolup biler. Bu bolsa ylmy-usuly, nazary taýdan esaslandyrylan kabul ediş ulgamynyň kemala gelmeginiň zerurdygyna şaýatlyk edýär.

Mugallymyň synpdaky okuwçylaryň ünsüni özüne çekmegi başarmagy zerur. Ylaýta-da, ýaş mugallymyň islendik synpda okuw işine ilkinji gezek başlamagy, artistiň sahna çykysy bilen kybapdaş gelýär. Ýaş mugallyma ýetginjekler, uly ýaşly mekdep okuwçylary syn edýärler, onuň gowşaklygyny, talapkärligini barlap görýärler. Şu ýagdaýlarda özüni ýitirmän, aljyraman, tolgunsa-da, okuwçylara duýdurman, parahat äheňde ilkinji tanyşlygy geçirmelidir. Bu köplenç ähli okuwçynyň mugallymy nähili garşy alýandygy, gözleriň göreçleriniň göreçlere kaklyşmagy bilen, göwnündäki ýaly düzgün-nyzam aralaşýança okuwçylara sessiz-üýnsüz, talap ediji äheňde garap durmak bilen ýerine ýetirilýär. Sözlemän dymyp durmagy başarmak, aýry-aýry ýagdaýlarda mugallymlaryň pedagogik medeniýetiň, edebiň, adamkärçiligiň talabyndan çykyp, käýäp, sögüp, utandyryp özüňe tabyn edenden, hormatlanmagyny gazanandan örän amatly bolar. Köplenç ýetginjekler bilen şeýle aragatnaşygy ýola goýmakda az sözli, çuň manyly pikiri orta atmak maksada laýykdyr.

*Mugallymyň hünär-pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmegi böleklere bölmek we ýekebaralaşdyrmak.*

Mugallymyň hünär–pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmekde böleklere bölmegiň we ýekebaralaşdyrmagyň häzirki ýagdaýynyň öwrenilmegi derwaýys mesele hökmünde orta çykdy. Çünki, ylmy-tehniki ösüşiň, ylmy-täzelikleriň, habar beriş çeşmeleriniň baýlaşmagy, mugallymyň sapakda we sapakdan daşarda okuw-terbiýeçilik işiniň mazmunynda peýdalanmaly ylmy çeşmeleriniň, maglumatlarynyň, wakalarynyň sanynyň yzygider artyp durmagy her bir mugallym şahsyýetiniň hünär-pedagogik ösüşini differensirlemegi talap edýär.

Böleklere bölmek (differensirlemek) – bu durmuşy-psihologik, durmuşy-pedagogik nukdaýnazardan sebäp, höwes, gönükdirilenlik, şahsy tapawutlar, psihofiziologik taýdan (ýaş, akyl ýetiriş mümkinçilikleri) aýratynlyklaryň, şeýle-de hünärleri kämilleşdirmegiň derejesini hem-de mugallymlaryň hünärini ýokarlandyrmakda şahsy sypatlaryny hasaba almgyň gönükdirilen ugrudyr. Netijede, mugallymlaryň aňlaýyş ukybynyň ösüşini böleklere bölmegiň (differensirlemegiň), ýekebaralaşdyrmagyň sertleri aşakdakylaradan ybarat:

– sebäpleri, höwesleri we şahsy gönügenligi hasaba alyp, şahsy ösüşi höweslendirmek;
– bar bolan aňlaýyş ukyby, joşgunly (emosional) – erk, durmuşy;
–pedagogik, durmuşy – psihologik, psihofiziologik aýratynlyklary nazara almagy talap edýän ýekebaralaşdyrmak;
– hünäri ýokarlandyrmagyň ähli basgançaklarynda diňleýjileriň akyl ýetiriş işiniň guralyşyny, netijeliligini güýçlendirmek;
– hünärini ýokarlandyrmagyň netijesini barlamagyň ýollaryny kesgitlemek belli bir derejede mümkin bolar.

Böleklere bölmek: içki, ýagny şol okuw toparynyň içinde, daşky – ýekebaralaşdyrmagyň hakyky okuw mümkinçiliklerini hasaba alyp ýörite differensirlemek ýaly görnüşlerde guralyp bilner. Pedagoglaryň hünärini ýokarlandyrmak içki bölekler bilen baglanyşyklydyr. Şonda okaýanlaryň ýekebara tapawutlaryna we hünäriniň ugruna nähilidir bir ortaça zat hökmünde seredilýär. Şeýle böleklere bölmekde mugallymyň hünäriniň hakyky derejesini şahsy isleglerini we talaplaryny yzarlamak mümkin däl. Şol sebäpli okuw maglumatlary ortaça derejeli mugallymlara laýyk geler ýaly saýlanyp alynýar.

Ýekebaralaşdyrmak öz gezeginde böleklere bölmegiň gurluşy hasaplanyp, ony amala aşyrmagyň usuly bolup hyzmat edýär.

Hünäri ýokarlandyrmagy ýekebaralaşdyrmak – bu mugallymyň hünärini ýokarlandyrmagyň sebäpleri, maksatlary, wezipeleri we mazmuny taýdan oýarylan, öz derejesini ýokarlandyrmaga taýýarlygyna has laýyk gelýän şertlerinde pedagogik täsirden belli bir derejede garaşsyzlykda amala aşyrylýan özbaşdak işdir. Ol bolsa, özbaşdak okamaga psihologik taýýarlygynyň emele gelen derejesine baglylykda üýtgeýär.

Ýekebaralaşdyrmak mugallymyň şahsyýetiniň gönükdirilendiginiň aýratynlyklary, özbaşdak işiň endikleri we öz işine gözegçilik etmek bilen hem baglanyşyklydyr. Ol işiň gurluşlary bilen sazlaşykda ýekebara gurluşlaryny ösdürmek üçin amatly şertleri döretmegi göz öňünde tutýar. Ýekebaralaşdyrmak şahsyýetiň durmuşy-psihologik, psihofiziologik aýratynlyklaryny hasaba almagy talap edýär.

3. Sargyt № 2124

Hünäri ýekebara ýokarlandyrmagy diňe ýokary derejeli mugallymlara maslahat bermek mümkin. Mugallymy hünäri ýokarlandyrmagyň ýekebara gurluşyna geçirmek we onuň möhleti hakynda mekdebiň ýolbaşçylary hünär synagy toparynda we usuly birleşmeleri bilen bilelikde karar kabul etseler maksadalaýyk bolar.

Şeýlelikde, kursuň, diňleýjileriň ýekebara aỳratynlyklarynyň hasaba alynmagy olaryň hünärlerini ýokarlandyrmagyň esasy şerti we şunuň bilen birlikde wajyp pedagogik wezipe hasaplanýar.

Pedagogik maksat hökmünde böleklere bölmegiň wezipesi mugallymlaryň işini kämilleşdirmek boýunça okuw işiniň mümkinçiliklerini giňeltmekdir. Böleklere bölüp okatmakda mugallymlaryň hünärini ýokarlandyrmagyň maksady her bir diňleýjileriň mümkinçiliklerine laýyk gelýän mazmunynyň, ýollarynyň saýlanyp alynmagyny üpjün etmekdir.

*Mugallymyň hünär-pedagogik kämilligini öwrenmekde tejribe-synag işleriň şertleri, usullary we seljerilişi*.

Mugallymlaryň hünär-pedagogik kämilliginiň ösüşini ýüze çykarmak üçin birnäçe usullardan peýdalanylýar. Olar:

*Okuwçylaryň we mugallymlaryň işine syn – gözegçilik etmek*. Syn – gözegçilik etmegiň taýýarlygy halypaçylygyň pedagogik edebini, pedagogik talaplary, olaryň nazary we amaly-usuly taýýarlygyny kämilleşdirişiniň ýollaryny, pedagogik başarnyklaryny we endiklerini öz içine alýar;

Söhbetdeşlik usuly – ýaş we tejribeli mugallymlardan söhbetdeşlik esasynda alnan maglumatlary öwrenilýän meseläniň mugallymlaryň ýaş aýratynlygyna, durmuş tejribesine, öz üstünde işleýändigine ýa-da işlemeýänligine baha bermäge-de, okuwçylaryň mugallymyň işine talap edijiligine we şuňa meňzeş öz garaýşyny ýüze çykarmagyna şert döredýär;

*Ýazuw çeşmelerini öwrenmek*. Öwrenilýän meseläniň nazary – usulyýet esasyny, onuň derwaýyslygyny işläp düzmek maksady bilen kitaplar, gollanmalar, gazet-žurnal maglumatlary öwrenilýär. Şonuň bilen birlikde mekdebiň mugallymlarynyň, bilim işgärleriniň, bilim bölümleriniň ýazuw maglumatlaryny: iş meýilnamalaryny, hasabat-

laryny we şuňa meňzeşleri öwrenmek we ylmy nukdaýnazardan seljerme bermek, umumylaşdyrmak ýola goýulýar. Tejribe işleriniň ähli döwürlerinde anyklaýyş (diagnostika) işlerini geçirmek usuly (söhbet we sowalnama maglumatlary bilen işlemek) uly orny eýeledi.

Şonda biz öwrenilýän ýagdaý hakynda ýeterlik, doly düşünje berýän söhbet we sowalnama maglumatlary bilen işlemegiň dürli görnüşleri has pugta usullar, hususan-da, ylmy-barlagyň tejribe usuly bilen işiň netijelerini seljerme etmek we ş.m. sazlaşykly peýdalanmaga çalyşmalydyrys.

Bahalandyrmak arkaly ähli tejribe-çäreleriniň mazmunyny kesgitlemek şeýle-de gelejekki iş üçin seçilip alnan maglumatlaryň ähmiýetiniň derejesini ýüze çykarmak bolýar.

Ylmy-barlagyň wezipelerine laýyklykda mugallymlaryň hünär kämilligini ýüze çykarmakda tejribeleriň üç görnüşinden peýdalanyldy:

a) gönüleýin tejribe-synag bir wagtyň özünde birnäçe toparda geçirilýär, ugurdaş topar bolsa gözegçilik edilýän bolýar.

b) ugurdaş tejribe-synag hem bir wagtyň özünde geçirilýär.

ç) çatryklaýyn tejribe-synag geçirilýän topardan gözegçilik edilýän topara we tersine geçirilýär.

Biziň ylmy-barlagymyzda tejribäniň beýan ediji, özgerdiji (öwrediji), gözegçilik ediji ýaly üç görnüşden peýdalanylýar.

Tejribäniň beýan ediji görnüşi öwrenilýän başlangyç ýagdaýyny häsiýetlendirýän deslapky maglumaty toplamaga mümkinçilik berýär.

Özgerdiji (öwrediji) bölüm tejribäniň mazmunynyň, usulyýetiniň we guralmagynyň esasynda pedagogik ussatlygy kämilleşdirmegiň bütewi ulgamyny döretmek we tejribede barlap görmek meselesini goýýar.

Tejribäniň esasy netijelerini barlamak üçin tejribäniň gözegçilik görnüşinden peýdalanylýar. Onuň maksady – mugallymlaryň işinde hil ölçeglerini ýüze çykarmakdan ybarat. Gözegçilik görnüşinde sorag-jogap alyşmak, psihologik-pedagogik taýdan gözegçilik etmek, şertleýin synag etmek, kartalardan, çyzgylardan peýdalanmak, mugallymlaryň işini seljermek we beýleki çäreler ulanylýar. Mysal üçin,

mugallymlaryň hünär we pedagogik ussatlygynyň döredijiliginiň kämilleşmegine täsir etmegiň mekdep ýolbaşçylary tarapyndan alnyp barylýan işleriň, döredijilik başarnyklaryny kämilleşdirmäge, olaryň öz üstünde işlemekligine nähili ýollar bilen höweslendirýändigine üns berilýär.

Müdiriň okuw-terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary mugallymlary öz üstünde işlemeklige ugrukdyrýar. Olar bilen işlemekde öňünden taýýarlanan soraglary ulanmak bilen şu aşakdaky soraglary öz içine alýan barlagnamany geçirmek mümkin:

1. Şu ýylyň dowamynda siz milli medeniýet we edep barada nähili kitaplary okadyňyz?
2. Siz psihologiýadan, pedagogikadan we usulyýetden nähili maglumatlary okadyňyz?
3. Siz öz okuw-terbiyeçilik isiňizde pedagogikadan nähili täzelikleri öwrendiňiz?
4. Şu ýylda siziň sapagyňyz haýsy tema boýunça has netijeli we gyzykly geçdi?
5. Siziň döredijilik üstünligiňiziň sebäbi nämeden başlanýar?
6. Öňki okuw ýylynyň netijesi bilen deňeşdireňde, siziň haýsy synpyňyzda öňe gidişlik bar diýip belläp bilersiňiz?
7. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe öňe sürülýän dilleri öwrenmek syýasatyny ýerine ýetirmek boýunça siziň nähili meýilnamalaryňyz bar?
8. Öz mekdebiňiziň usuly täzelikleri üçin nähili maglumatlary taýýarladyňyz?

Bu işi geçirmekligiň netijesinde toparda mugallymlaryň döredijilikli işini kämilleşdirmekde, onuň öz-özüni kesgitlemeklige bolan talabyna göz ýetirilýär.

Mugallymlaryň döredijilik ukyplary, olaryň hünär, pedagogik başarnyklary boýunça olara mekdepden daşarda hem öz tejribeleri bilen çykyş etmäge mümkinçilik berilýär hem höweslendirilýär. Şonuň üçin mugallym, mekdep we etrap, şäher usuly otaglary okuw-terbiýeçilik iş meýilnamalaryny özara baglanyşykda düzýärler.

## § 4. Mugallymyň hünär-pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmegiň nazaryýet we usulyýet esaslary

Okuwçylaryň okuwa bolan höwesini artdyrmaga, bilimleri bahalandyrmaga, dogry aragatnaşygy ýola goýmaga bildirilýän talaplar okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeliligini artdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Mugallym sapagyň meýilnamasyny düzende, ýüze çykýan kemçilikler sapagyň mazmun üpjünçiligini doly amala aşyrmak nukdaýnazaryndan işlenilmelidir. Sapagyň maksady we wezipesi okuw-terbiýeçilik ýörelgesini kesgitleýjidir. Çagalaryň ýörite taýýarlanyp bilmezligi, öý işini soranda goýberilýän ýalňyşlyklar mugallymyň üns bermeli taraplarydyr. Görkezme esbaplary ulanmazlyk okatmagyň usulynda kemçilikleri emele getirer. Şu ýagdaý okuwçylara hödürlenýän barlag we ýazuw işleriniň öňünden oýlanyşykly düzülmezligi netijesinde ýüze çykýar. Okuwçylaryň bilimlerini bahalandyrmakda daşky keşbine, özüni alyp barşyna şeýle-de, bahany düzetmek ýaly abraýa çapraz gelýän ýagdaýlar aradan aýrylmaly. Okuwçy bilen ýüzbe-ýüz durup gepleşmekden gaça durmak, käbir halatlarda çendenaşa köp geplemek özüňi alyp barmak kadalary berjaý etmek bilen baglanyşyklydyr. Mugallym – mugallym, mugallym – ata-ene, mugallym – okuwçy we okuwçy – okuwçy aragatnaşygy pedagogika-psihologiýa düşünjelerine esaslanan aragatnaşygy talap edýär. Dogry aragatnaşygy ýola goýmak bolsa diňe onuň usullaryny talaba laýyk ulanmakdyr.

Belli bolşy ýaly, ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleriň iň bir möhüm ugurlarynyň biri hem ylymda we bilimde durmuşa geçirilýän özgertmelerdir.Ýurdumyzda bilimdäki amala aşyrylýan düýpli özgerişikler hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly daşary syýasat taglymaty Türkmenistanyň mugallymlarynyň işjeň we netijeli iş alyp barmaklary üçin giň mümkinçilikleri açýar. Ýurduň pedagoglary ýokary derejede sowatly, her taraplaýyn bilimli ýaşlary, ylmy-tehniki ösüşiň häzirki zaman gazananlaryna gabat geler ýaly derejedäki ýokary hünärli milli işgärleri terbiýelemek maksady bilen, tutanýerli

işlemelidir. Munuň üçin bilim berlişinde häzirki zaman usullaryny we dünýäniň bilim ulgamynda peýdalanylýan iň bir täze bilim beriş tilsimatlaryny ulanmak hökmandyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bu babatda aýratyn nygtap şeýle diýdi: «*Bilimli, sowatly hünärmenleri taýýarlamak işleri eýýäm has irki dowürde başlanmalydy. Mundan beýläk Türkmenistanda şäher bolsun ýa-da oba bolsun, tapawudy ýok, olarda gurulýan mekdepler we çagalar baglary bütindünýä habar beriş ulgamy bolan internete çatylan multimediýa tehnologiýasy bolmazdan, ulanyşa kabul edilmez*».

**Mugallymyň hünär-pedagogik taýýarlygyny ýokarlandyrmakda özbaşdak bilim almagyň orny.** Ähli zat – bilimlilik, tertip-düzgün, ylmyň belentliklerine aralaşmak, zehinleriň, ukyplaryň gülläp ösmegi we beýleki ösüşler, üstünlikler mugallymdan başlanýar. Mugallymlary taýýarlamak, olaryň hünär-pedagogik bilim derejesini yzygider ýokarlandyrmak bilen kämillige, ussatlyga, pedagogik döredijilige ýetirmek jemgyýetiň durmuşy meseleleriniň biridir. Türkmenistanyň, türkmen halkynyň geljekde nähili derejede boljakdygy,onuň ylmy-tehniki, ykdysady-syýasy, durmuşy-medeni taýdan ösüşi häzirki ösüp kemala gelýän, hem-de geljekki nesliň bilimine we terbiýesine köp derejede baglydyr.Şu nukdaýnazardan şu günlerde-de, geljekde-de mugallym kadrlaryny taýýarlamak, olaryň hünärini ýokarlandyrmak jemgyýetiň ösüşiniň islendik basgançagynda esasy orun tutýar.

Mugallymlaryň hünär-pedagogik kämilligini ýola goýmak, gönükdirmek, mugallymyň hünär taýýarlygyny kämilleşdirmek üçin öz zähmetini ylmy esada guramak, öňdebaryjy iş tejribäni öwrenmek meselesi ençeme ýyllaryň dowamynda pedagog – alymlaryň (A. S. Makarenkonyň, W. A. Suhomlinskiniň, Ýu. P. Azarowyň, N. W. Kuzminanyň, W. A. Slastýonininiň, A. A. Gurbanowyň, R. Asadowanyň) işlerinde öz beýanyny tapdy.

Mugallym ilki bilen öz wagtyny tygşytly peýdalanmagy we zähmet çekmegi öwrenmelidir. Bu mugallymçylyk zähmeti ylmy esasda guramak, okatmak we işini dolandyrmak ýaly meseleler bilen berk arabaglanyşyklydyr.

Mugallymyň özbaşdak okap, biliminiň üstüni doldurmagy döredijilikli işlemäge gönükdirilen içki güýçdür. Öz-özüňi terbiýelemegiň hereketlendiriji güýji we çeşmesi mugallymyň özüni terbiýelemäge, kämilleşdirmäge, ussat mugallymlara göreldeli, ähli adamlaryň arasynda abraýly adamlara meňzemek islegidir. Şoňa görä, «Isleg – oý-pikiriň, öňde goýlan maksada ýetmegiň ata-enesidir» diýen dana pikir orta çykýar.

Mugallymyň öz-özüni terbiýelemegine täsir edýän esasy sebäpler: mekdep ýolbaşçylarynyň, ýaş mugallymlaryň halypalarynyň, işdeş ýoldaşlarynyň, ata-eneleriniň, okuwçylaryň mugallyma goýýan talaplaryndan ybaratdyr.

**Mugallymyň özbaşdak okap bilim almagy – okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmegiň şertidir.** Mugallymyň özbaşdak bilim almagy, öz-özüni terbiýelemegi okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň şerti bolup hyzmat edýär. Mugallymyň özbaşdak bilim almagyna işjeň meýletin, hünär zerurlyk hökmünde düşünmegi, gönükdirilmegi olaryň şahsyýet hökmünde ýüze çykýan aýratynlyklaryna, ruhy we fiziki güýçleriniň tijenmegine, şol maksada ýetmek ugrunda özüňde islegiň ýüze çykmagyna baglydyr.

**Mugallymyň özbaşdak bilim almagy we onuň ähmiýeti.** Bu meseläni ylmy nukdaýnazardan öwrenmek, seljermek üçin özbaşdak bilim almagyň ösüşi hakynda gürrüň etmek maksada laýyk bolsa gerek. Jemgyýetiň ösüşi bilen baglanyşyklylykda, özbaşdak bilim almagyň dowam edendigine taryh ynandyryjy şaýatdyr.

Özbaşdak bilim almak her bir halkyň taryhynda mynasyp orun tutýar. Şu nukdaýnazardan türkmen halkynyň geçmiş taryhyny, halkyň aň-düşünjesiniň, däp-dessurlarynyň, ahlak gatnaşyklarynyň ösüş derejesini ýazyp beýan etmek, onuň biziň günlerimize çenli gelip ýetmegine mümkinçilik döretmek has paýhasly aň-bilim ýaýradyjylaryň işidir. Meselem, gadymy mirasymyz «Gorkut ata», «Kowusnama», Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eseri, nusgawylyk edebiýatyň wekilleriniň döredijiligi we olaryň döremegi, şol adamlaryň özbaşdak bilim almagynyň aýdyň nusgasydyr.

Özbaşdak okap bilim almagyň hem birnäçe ýollary bar. Olaryň her birini aýratynlykda öwrenmek, ýerine ýetirmek endiklerine eýe bolmak,ýola goýmak göz öňünde tutulmaýar.

*Biz bu mesele boýunça sorag-jogap geçiren mugallymlarymyz, talyplar bilen aşakdaky meseleleri anyklamagy göz öňünde tutduk:*

1. Öz-özüňi tanamak, temperamentiňi, ýadyňy, ünsüňi, pikirlenmek, göz öňüne getirmek ukybyňy barlamak;
2. Öz-özüňe maksat goýmak, maksada ýetmek ugrunda hereket etmek;
3. Öňde goýan maksadyňa ýetmekde duş gelýän kynçylyklary ýeňmäge erk etmek, duýgularyňa buýurmak;
4. Öz-özüňe gözegçilik etmek, barlap durmak, baha bermek;
5. Öz-özüňi ruhlandyrmak, göwnüçökgünlikden, sussupeslikden çykmaga çalyşmak;
6. Öz-özüňi tankytlamagy başarmak;
7. Öz-özüňi rahatlandyrmak, köşeşdirmek;
8. Öz-özüňe wezipe, borç goýmagy başarmak.

Bu meselelere düşünmek we ýerine ýetirmek barada pikir ýöretmekden soň, her biri hakynda aşakdaky pikirleri, ýörelgeleri maslahat bermegi makul bildik. Sebäbi, mugallymyň pedagogik kämillige ýetmegi üçin belli bir düşünjelere eýe bolmagy, maksadyny, borjuny, ýollaryny,serişdelerini anyklamagy zerur.

Gynansak-da, ýokardaky soraglara doly düşünmeýänler, kembaha garaýanlar bar. Ähli pedagoglara özüňi terbiýelemek we özbaşdak okap bilim almak üçin şu aşakdaky maslahaty hödürleýäris.

*Birinjiden,* özüniň kimdigine, haýsy temperamente, psihiki proseslere eýedigiňe akyl ýetirmegi başarmaly. Bu bolsa psihologiýany, onuň prosesleriniň özünde nähili jemlenendigini bilmegiň zerur meseleleriniň biridir. Sebäbi ýadyň ösüşini bilmeseň, öz ýadyňy terbiýelemek mümkin bolmaz.

*Ikinjiden,* öz-özüňde halkyň, jemgyýetiň, geljekki nesilleriň we öz hususy işiň, ýaşaýşyň üçin bähbitli, peýdaly maksat goýup, şoňa ýetmek üçin meýilnamaly hereket etmegi başarmagyň zerurdyr.

*Üçünjiden,* şol maksat bolanda-da, öz duýgularyňa erk edip işe başlap bilmegiň,öz-özüňe buýruk berip bilmegi başarmak hökmandyr. Öz-özüňe buýruk bermek erk güýçlerini işe ugrukdyrmakdan başlanýar.

*Dördünjiden,* öz-özüňe gözegçilik edip,öz-özüňi barlap durmagy başarmaly. Öz-özüňe gözegçilik etmek «Bu günki işiňi ertire goýma» diýen dana pikire daýanmakdyr.

*Bäşinjiden,* öz-özüňi ruhlandyrmakdan, güýji tijemekden ybaratdyr. Öz-özüňi ruhlandyrmak, öz mümkinçilikleriňe daýanmaga-da, erk etmäge-de kömek berýär. Öz-özüňi ruhlandyrmak, öz keýpsizligiňi, iş ýakmazlygyňy, ýaltalygyňy ýeňmek bilen işi başarmakdyr. Adam öz hereketlerini oýlanyp alyp barmak barada çalyşmalydyr.

*Altynjydan,* öz-özüňi tankytlamagy başarmakdan ybaratdyr. Öz-özüňi tankytlamak diýende, öz eden işiňi, aýdan sözüňi seljermäge, ýalňyşlyklaryňy ýüze çykarmaga, indiki işlerde we hereketlerde ol ýalňyşlyklary gaýtalamazlygyň ýollaryny bellemäge düşünýäris. Mugallymyň özbaşdak bilim almagynda, öz-özüni terbiýelemeginde öz-özüňi tankytlamak endiklerine we başarnyklaryna eýe bolmagy, öňe hereket etmegiň esasy güýjüne öwrülýär. Mugallym öz-özüňi terbiýelemek işinde özüňi tankytlamak üçin pedagogik,psihologik nazaryýeti hem-de gündelik durmuşyň tejribesini seljermegi, onuň gowy taraplarynyň özünde bardygyny ýa-da kemterligini ýüze çykaryp bilmegidir.

*Ýedinjiden,* öz-özüňi rahatlandyryp, öz işiňe kanagatlanyp bilmek başarnygyndan ybaratdyr. Bu ýagdaý öz öňünde haýsydyr bir çylşyrymly işi uzak maksatly öňde goýmak bilen şoňa basgançaklaýyn çykmaga hereket etmek bilen baglanyşyklydyr. Ýerine ýetirilen işleriň hili,mukdary boýunça wagt bilen baglanyşykly netije çykarmakdan, üstünligine şatlanmagy başarmakdan ybaratdyr.

*Sekizinjiden,* öz öňünde borç goýmak diýen düşünje bilen berk baglanyşyklydyr. Borçlulyk duýgusynyň terbiýelenmeginde her bir şahsyýetiň özboluşly aýratynlyklary ýüze çykýar. Borçlulyk mugallymçylyk hünärinde beýleki hünärdäkilere seredende, has ýokary

derjede durýar. Mugallym halkyň öňündäki borjuny, geljekki nesliň bilimine, terbiýesine jogapkärçilik duýanlygyny özüniň işi, hereketi bilen utgaşdyrýar.

Netijede, mugallymyň özbaşdak bilim almagynyň, öz-özüni terbiýelemeginiň talaplary, şertleri, görnüşleri, ýollary amaly işiň okuw-terbiýeçilik işinde mugallymyň nazary kämilliginiň ýokarlanmagyna aýgytly täsir edýän şertlerdir.

**Üznüksiz pedagogik bilim we mugallymlary hünär-pedagogik taýdan kämilleşdirmek.** Ussat pedagogy terbiýelemek möhüm we çylşyrymly işdir.

Pedagogikanyň nusgawylyk alymlary mugallymçylyk ussatlygy kemala getirmäge geljekki mugallymlary okatmak işinde taýýarlamaga möhüm mesele hökmünde seredip gelipdirler. Mugallymlaryň ünsüni pedagogik sungaty ele almaga, çeper sözleýiş endiklerini, özüni işjeň, ünsli we hoş meýilli işe gönükdirmek ýagdaýyna getirmek başarnyklaryny ele almagynyň zerurdygyna (K. D. Uşinskiý, S. T. Şaskiý, P. P. Blonskiý) üns beripdirler.

Üznüksiz pedagogik bilim okuwçylaryň, talyplaryň, mugallymlaryň, beýleki hünärdäki adamlaryň her biriniň öz işini, dumuşyny, kesbi-kärini döwrüň ösüş talaplaryna, jemgyýetiň hünärli adamlara bolan talabyna, islegine görä özgermegini, üýtgedilip guralmagyny göz öňünde tutýar. Bu bolsa üznüksiz bilimiň we terbiýäniň netijesi bolar.

*Mugallymlaryň hünärmen-pedagogik ussatlygyny ýokarlandyrmak üçin şu aşakdakylara üns bermeli:*

– mugallymlaryň hünär derejeleriniň durmuşy talaplara laýyk gelmegine;
– hünärleri ýokarlandyrmak meseleleriniň ylmy taýdan işleniş derejesiniň pedagogika ylmynyň gazananlaryna laýyk gelmegine;
– okatmagyň mazmunynyň, gurluşynyň we usullarynyň mugallymlaryň isleglerine we gyzyklanmalaryna laýyk gelmegine;
– ýokary mekdebiň pedagogikasynyň talaplaryna laýyklykda durmuşy-psihologik aýratynlyklarynyň nazara alynmagyna;

– mugallymlaryň hünär derejesini kesgitlemegiň ölçegleriniň işlenilmegine;
– pedagogik hünäriň şahsyýetiň özboluşlylygyna laýyk gelýändigini şeýle-de ynsanperwerleşdirmek, ýekebaralaşdyrmak we böleklere bölmek ýaly talaplaryny nazarda tutýan mugallymlaryň işiniň öwrenýän we özbaşdak kämilleşişini öwrenmäge laýyk gelýän ugrukdyryjy usulyýetiň işlenilmelidigine.

Jemgyýetiň şahsyýete, mugallymyň hünär işine goýýan talaplarynyň we hünär-pedagogik ussatlygy kämilleşdirmegiň mümkinçilikleriniň arasyndaky dialektiki gapma-garşylygy, okatmagyň mazmunyny we görnüşlerini saýlamagy nazary taýdan esaslandyrmak ýoly bilen çözmek mümkin.

Mugallymyň hünär-pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmekde mekdepde we mekdebara, etrap boýunça geçirilýän usuly birleşmelere esasy üns berilse maksada laýyk bolar.

*Mugallymlaryň hünär ussatlyga ýetmeginde pedagogik talaplaryň orny*. Jemgyýetde her bir hünärli adama goýulýan talap biri-birinden tapawutlanýar. Mugallyma bolan talap has ýokary we jogapkärlidir.

Pedagogik talap jemgyýetde şu hünärde işleýän ähli adamlara – welaýat, etrap, şäher bilim bölümleriniň işgärlerine-de, mekdep ýolbaşçylaryna-da, mugallymlara-da degişlidir. Pedagogik talabyň maksadyny, wezipesini, mazmunyny häsiýetlendirýän esasy düşünjeler talap edijilik, ýerine ýetirijilik, takyklyk, anyklyk, sadalyk, päk göwünlilik, adalatlylyk, mugallymyň guramaçylygy, hatda her bir adamyň gündelik durmuşynda orun alsa, onuň öz öňünde goýan maksadyna ýetmegi ýeňilleşýär, çaltlaşýar. Mugallymyň işindäki kemçiligi okuwça bilim we terbiýe bermekde goýberilen näsazlygy düzetmek kyn işdir. Şoňa görä, mugallym öz işine başdan talapkär bolmalydyr. Mugallymyň özüne talap ediji bolmagy terbiýeleýänlerine-de talapkär bolmagynyň şertidir.

Mekdepde her bir mugallym,terbiýeçi çagalara şahsy görelde bolmak üçin, hünär ussatlygyny kämilleşdirmek üçin birnäçe pedagogik talaplary özünde jemlemelidir. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

**Talap edijilik** – bu ikitaraplaýyn düşünilmeli düşünjedir.

*Birinjiden,* mugallymyň öz-özüne talap edijilikli bolmagyny aňladýar.

*Ikinjiden,* çagalara, ýetginjeklere talap edijlikli gatnaşmagy göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda mugallym talap ediji,okuwçy tabyn boluјy manysynda göni kabul edilmeli däldir. Mugallym talap ediji bolsa-da, onuň hem öz ugry, maksady okuwçylara diňe bir terbiýelemeklige gönükdirilmän, döwrümiziň talabyna laýyk gelýän bilimli, giň gözýetimli, watanyny, halkyny, milli däp-dessuryny, medeniýetini, tebigatyny we ş.m. söýmegi, hormatlamagy, gadyr-gymmatyny bilmegi başarýan, akyl-paýhasly şahsyýeti terbiýelemeklige hyzmat etmelidir.

Öz-özüňe talap goýmak mugallymçylyk işinde kämilleşmegiň iň möhüm şertidir. Mugallym okuw we terbiýeçilik işinde ýokary okuw mekdeplerindäki taýýarlygy bilen kanagatlanmaly däldir. Ol diňe nazary düşünjä, käbir amaly başarnyklara, endiklere eýe bolandygy üçin, goşmaça edebiýatlara, tejribeli mugallymlaryň iş tejribesine yzygider, mümkin bolan ýagdaýynda gözläp, salgylanmagy unutmaly däldir. Mugallymyň özüne talap edijilikli bolmagy daş keşbine-de, içki gözelligine-de täsir edýär. Ýaltanman, biperwaýlyk etmän, hemişe özüne seretmegi, okuwçylaryň arasynda aýdan sözüniň soňuna çenli alnyp barylmagy talap edijiligiň esasy häsiýetidir. Talap edijilik çagalary söýmek we olary sylamak bilen utgaşdyrylmalydyr.

Çaga şahsyýetini sylamak, gowy görmek, öz perzendiň ýaly gynananda gynanyp, begenende begenip, içki dünýäsine aralaşamak üçin içgin gürleşmek, talap edijiligiň gowşadylmagynyň alamaty bolman, gaýtam, oňa bolan talabyň ynamly ýerine ýetirilmegini gazanmagyň oňaýly ýoluna, serişdesine öwrülmelidir. Mugallym özüne talap edijilikli garamak bilen birlikde, okuwçylaryna-da talap ediji çemeleşmelidir.Her bir mugallymyň okuwçy şahsyýetine goýýan talaby umumy mekdep boýunça durmuşa geçirmeli ýalňyz talabyň bir bölegi bolmalydyr.

**Ýerine ýetirijilik** – terbiýeçilik ýörelgeleriniň we terbiýelemegiň terbiýeçilik täsiriniň möhüm düzgünleriniň biri bolup, söz bilen işiň, söz bilen hereketiň deň gelmegidir. Diňleýän çaga diýip ýerine

ýetirip bilmejek işiňi boýnuňa almak, «dag ýaly» belent arzuwlary wada bermek nädogrudyr. Çagalary, ýetginjekleri, hiç bir adamy aldamak bolmaz, bu öz abraýyňy gaçyrdygyňdyr. Pedagog, terbiýeçi, mugallym, ata-ene, söz berdiňmi, sözüňde tapylmaga çalyşmak borjuňdyr.Bu pedagogik takyklygyň ilkinji basgançagydyr.

Ýerine ýetirijilik talaby mugallymyň, ata-enäniň çagalaryň öňündäki borçlulyk, jogapkärçilik duýgusy bilen utgaşýar. Mugallym goşmaça tabşyryk berip çaganyň, ýetginjegiň nädogry hereketine duýduryş berip, onuň nähili ýerine ýetirilýänligini wagtal-wagtal barlap dursa, ýekelikde okuwçy bilen aç-açanlykda gürrüňleşip, ýerine ýetirilişini barlap dursa, olarda ýerine ýetirijilik endiginiň kemala gelmegine täsir edýär.

**Takyklyk-anyklyk** – bu talap hem ýerine ýetirijilik bilen baglanyşyklydyr. Bu geçirjek işiňi öňünden meýilnamalaşdyrmagy, maksatnamasyny düzmegi, gabat geljek ýagdaýlary öňünden göz öňüne getirmek mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Takyk, anyk hereket etmegiň ýollaryny bellemek, wagtyny tygşytlamagy-da, terbiýeçilik işiniň gyzykly, täsirli bolmagyny-da, terbiýeçilik işiniň mazmuny bilen görnüşiniň çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna, bilim derejesine laýyk gelmegine-de kömek edýär. Her bir işiň bellenen wagtynda geçirilmegi, boş wagtyň dogry peýdalanylmagy hem takyklygyň nyşanydyr. Gün tertibiniň diňe sagatlaýyn däl, minutlaýyn wagtynyň bellenmegi, ýerine ýetirilmegi anyk hereket etmegiň iň amatly ýoludyr.

**Sadalyk, päkgöwünlilik, ynsansöýüjilik** adamyň içki gözelligidir, ahlak taýdan belentligidir, mertebesidir. Adamyň içki gözelligi onuň ruhy baýlygynyň, hakyky adam diýen belent mertebä mynasyplygynyň alamatydyr. Käbir mugallymlar, terbiýeçiler, hatda ata-eneler hem çaga şahsyýetini özüne tabyn etmekde ulumsylyk, öwünjeňlik, göwni ýetmezçilik, çaga şahsyýetini äsgermezlik, şahsyýeti sylamazlyk häsiýetlerini ýüze çykarýarlar. Bu ýagdaýlar mugallym diýen belent mertebeli at bilen bir ýere sygyşmaýar. Çaga göwni näzik we örän duýgurdyr. Mugallymlaryň, terbiýeçileriň, ata-eneleriň hem sadalyk, asyllylyk, paýhaslylyk bilen her bir ýagdaýa garamagy, baha bermegi çagalaryň içki dünýäsine aralaşmagyň ilkinji basgançagydyr.

Ata-babalarymyzdan galan dana pikir bar: «Galsa göwün tapylmaz, çyksa jan». Bu diňe uly adamlara degişli däldir. Bu ýetginjeklere-de mahsusdyr.

**Adalatlylyk** – mugallymyň, terbiýeçiniň, ata-eneleriň çagalar, ýetginjekler bilen işleýän wagtynda olaryň hereketlerine, ýerine ýetirýän işlerine, özüni alyp barşyna, üstünliklerine we duş gelýän näsazlyklaryna paýhasly çemeleşmek bilen baha bermäge çalyşmaklygydyr.

Adalatlylyk diýen düşünjäni pedagogik talap hökmünde öňe sürmek bilen, mugallym çagalaryň sussuny basman, kemsitmän, gorkuzman, hakykatçylyk, dogruçyllyk bilen okuw we terbiýeçilik işinde hereket etmegini göz öňünde tutýar.

**Guramaçylyk ukybyny ösdürmek** – Bu mugallymdan, terbiýeçiden ýakyn hossar, paýhasly ýolbaşçy, ýürekdeş geňeşçi, syrdaş hökmünde adamlara – çagalara we ýetginjeklere kömek bermegi, olaryň işini gönükdirmegi talap edýär. Guramaçylyk ukyby diýende «Müň işçiden bir başçy» diýen nakylyň manysy bilen kybapdaş gelýär. Çaga, ýetginjek köp işlerde nämeden başlamalydygyny bilmän, kynçylyk çekýär. Öz ýoldaşlarynyň gowy we ýetmezçilik taraplaryna baha bermekde-de säwliklere ýol berýär. Şonuň üçin çaganyň öz tekliplerini, isleglerini, arzuwlaryny çekinmän ýüze çykaryp bilmegine kömek bermegi guramaçylyk ukyby bilen baglanyşyklydyr.

**Düzgün-nyzamlylyk.** Bu ähli işde bolşy ýaly, okuw-terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagynyň, mugallymyň we okuwçynyň mekdebiň içki tertip-düzgünine tabynlygyny, ony ýerine ýetirmegini göz öňünde tutýar. Belli pedagog Ýan Amos Komenskiniň belleýşi ýaly, «Tertipsiz mekdep suwsuz degirmen ýalydyr». Diýmek, tertip-düzgüniň, sapaklaryň, arakesmeleriň, öňden bellenilen terbiýeçilik işiniň wagtynda başlanmagyny, mugallymyň okuwça okuwçynyň mugallyma garaşmazlygyny, söz bilen işiň deň gelmegini gazanmagy, ýola goýmagy aňladýar. Düzgün-nyzamlylyk mugallyma mahsus talaplaryň biri bolup, ol mugallymyň terbiýelenmek derejesini häsiýetlendirýär.

**Şadyýanlyk, şähdaçyklyk.** Mugallymyň joşgunly, ruhubelent, şadyýan, güler ýüzli, mähirli ýagdaýda sapaga girmegi, okuwçylary bilen saglyk-amanlyk soraşmagy, kähalatlarda degişmegi hem

ýerlikli ulanylanda, mugallym bilen okuwçynyň arasyndaky gapma-garşylyklary, okuwçylaryň bilýän zadyny aýtmaga, bilmedigini soramaga gorkup ýörmek duýgusyny aradan aýyrýar. Köplenç mugallymlaryň «okuwçylara gülüp baksaň bolmaz, ýüzüňden gar ýagyp dursa,saňa gulak asýarlar» diýýänlerine-de gabat gelmek bolýar. Emma agraslyk, sowuk ganlylyk bilen okuwçylaryň sussuny basmak, okuw we terbiýeçilik işinde hemişe göwnejaý netije bermeýär. Aýry-aýry okuwçylar bilmedigini, düşünmedik soragyny sorap öwrenmäge maslahat soramaga-da çekinýärler. Mugallym bolsa okuwçylaryň soragy bolmasa, sapak düşnükli bolandyr diýen netijä gelýär, ol ýalňyşýar. Kem-kemden okuwçylar sorag bermäge, hatda el galdyryp jogap bermäge-de synanyşmaýarlar, olaryň işjeňligi peselýär.

**Öz mertebäňi, abraýyňy duýmak, ony goramak.** Mugallym bilen okuwçylaryň, mekdep ýolbaşçylary bilen mugallymlaryň, mugallymlar bilen ata-eneleriň, ata-eneler bilen okuwçylaryň özara gatnaşygynyň, arabaglanyşygynyň biri-birini hormatlamagynyň, sylaşygynyň gözbaşy mertebä, abraýa bagly. Mugallymyň öz işdeş ýoldaşlarynyň arasynda, ata-eneler, okuwçylar tarapyndan sylanmagy, hormatlanmagy onuň adamkärçiligi bilen baglanyşyklydyr.

Halkymyzyň: «Öz abraýyňy, mertebäňi ýaşlykdan gora» – diýen dana pikiri bar. Bu mekdep okuwçysyna-da, her bir adama-da, mugallyma-da degişlidir. «Adam hemişe özüne, edýän hereketine syn etmeli, özüniň goýberýän kemçiliklerini görmeli, illerde bar bolan oňat zatlary kabul edip, şolara eýermäge ymtylmaly». Şu şertler berjaý edilende, Farabynyň pikirine görä, adam mertebesini gazanyp biler.

Abu Nasyr Faraby mertebe gazanmagyň iki ýoly bar diýip düşündirýär. Olar okatmak hem-de terbiýelemekdir. Görnüşi ýaly, geçmişde-de danalar adamyň mertebesi, abraýy hakyndaky meselä aýratyn üns beripdirler. Mugallymyň öz mertebesini, abraýyny goramagy özüne baglydyr. Ol diňe deň-duşlaryna, işdeş ýoldaşlaryna okuwçylara talap goýman, öz-özüne olardan ençeme esse ýokary talap goýmagy ony ýerine ýetirmegi başarýan bolsa, abraýynyň beýgelmegine özi göni şärik bolýar, ony goramak üçin öz-özüňe baha bermegi başgalaryň berýän bahalarynyň dogry, nädogry taraplaryny seljermegi, tapawutlandyrmagy öwrenmelidir.

Mugallyma hormat goýmak onuň okadýan dersine gyzyklandyryp bilşi bilen baglanyşyklydyr. Dersi öwrenmäge bolsa höwes, yhlas mugallymy hormatlamaga, söýgä itergi berýär.

**Jogapkärçilik, borçlulyk.** Mugallymyň beýleki hünärdäki adamlara seredende, jemgyýetiň durmuş-ykdysady, medeni durmuşynda tutýan orny boýunça, halkyň aň-biliminiň gözbaşynda durýanlygy üçin uly jogapkärçilikli işi ýerine ýetirýär. Ol Watanyň, halkyň bähbidi üçin, geljekki nesle bilim we terbiýe bermäge borçludyr. Şoňa görä, mugallymçylyk hünärine ähli hünärleriň enesi diýip ýöne ýerden aýtmaýarlar. Mekdep partasyndan başlap, ýaşaýyş üçin önümçiligiň dürli pudaklary, uçarlar, kosmos gämileri, çylşyrymly kompýuterler we ş.m. abzallary dolandyrmak, täzesini döretmek üçin zerur bolan bilmleri öwrenmek ukyplary, zehinleri, başarnyklary, endikleri ýüze çykarmak we terbiýelemek wezipesi mugallymyň paýyna düşýär. Mugallymyň öz kärine jogapkärçilikli gatnaşmagy okuwçylaryň hem okuw işine jogapkärçilikli gatnaşmagyna täsir edýär.

**Mugallymda içki we daşky gözelligiň sazlaşygy.** «Adam bardyr adamzadyň nagşydyr, adam bardyr haýwan ondan ýagşydyr» diýlip aýdylşy ýaly, biziň pikirimizçe, mugallym adamzadyň nagyşlaryna girýän şahsyýetlerden bolmaly. Bu mugallym bolup dogulmasa-da, mugallym bolup terbiýelenmegini, öz-özüni terbiýelemegini, öz kärine, mugallym adyna mynasyp gelýän çuň durnukly bilim, başarjaňlyga,çeper söz ussatlygyna, kesgir gylyç ýaly ýiti oý pikire, ýokary adamkärçilik hil sypatyna eýe bolmalydyr.

Mugallymyň içki gözelligi, ruhy baýlygy, edep-ekramlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Ol sözleýiş medeniýeti, uly bilen uly, kiçi bilen kiçi ýaly ugurtapyjy bolmagy bilen beýleki hünärdäki adamlardan tapawutlanýar. Mugallymyň tebigy gözelligi, geýniş medeniýeti daşky gözellikdir.

**Öz-özüňi dolandyrmagy başarmak.** Bu talap mugallymyň okuw-terbiýeçilik işini guramagy,onda özüniň sözleýşine, äheňine, ýüz keşbiniň, elleriniň hereketine ygtyýar edip, dolandyryp bilmegini, aňyň we özüňi alyp barmagyň birligini özünde jemleýär. Sözleýşiňi, pikirlenişiňi, islendik bir ýagdaýdan öňden görüjilik bilen

netije çykarmagy başarmagyň aňly, akylly, paýhasly dolandyrmak – mugallymyň içki gözelliginiň alamatydyr.

Mugallymyň öz-özüni dolandyrmagy okuwçylar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini guramagyň islendik ýagdaýynda ýüze çykar.

Mugallym terbiýeçilik işi bilen dahylly bolan ähli adamlara pedagogik talaplaryň zerurlygy gümansyzdyr.

Mugallymyň işiniň üstünlikli bolmagy onuň öz-özüne talap goýmagy öwrenmek, başarmak, ýerine ýetirmek diýen düşünjeler bilen arabaglanyşyklydyr. Her bir pedagogik talap öz-özünden mugallymyň işine aralaşmaýar. Ol pedagogik gözlegleriň, yzygider türgenleşikleriň netijesinde kemala gelýär. Olaryň hemmesi jemlenip, pedagogik ukybyň, pedagogik döredijiligiň, ussatlygyň gündelik işinde adaty endiklere öwrülmegini üpjün edýär.

Mugallymyň hünär-mugallymçylyk ussatlygyny kämilleşdirmegiň nazary usulyýet toplumynyň esaslary onuň taýýarlygynyň gönükdirilen ugruny kesgitlemekde görnüki orny tutýar. Şeýle bolsa-da, mugallymyň pedagogik kämilligini, ussatlygyny kemala getirmekde olary usulyýet toplumy – nazaryýet ylmy düşünjeler bilen tanyşdyrýan nutuklar, umumy okuwlaryň ýazgylary bilen bir hatarda mugallymyň ukyby, yhlasy, öz işine söýgüsi, çylşyrymly, kyn işe bolan başarjaňlygy has möhümdir.

Mugallymyň hünär-mugallymçylyk kämilligi öz-özüne talap goýmagy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Pedagogik talabyň iki taraplaýynlygy mugallymyň özüne we terbiýelenýänlerine degişlidir. Ýaş nesle talap goýmak, ýaş nesliň bilim almaga bolan höwesini, islegini, ukybyny jemgyýete, tebigata, Watanyna, halkyna, syýasata, ykdysadyýete, adamlara, zähmete we özüne dogry garaýyşly gatnaşygy kemala getirmegi özünde jemleýär.

Hünär taýdan kämilleşmek döredijilikli işlemegiň, öňdebaryjy tejribäni öwrenmegiň, ony döredijilikli ösdürmegiň yzygiderliligini, üznüksizligini talap edýär. Hünär-mugallymçylyk kämillik ilki bilen şu käre yhlasy, ukyby bolanlaryň saýlanyp alynmagyndan, nazary, usuly taýdan taýýarlanylmagyndan gözbaşyny alýar.

4. Sargyt № 2124

# II bölüm

# Mugallymçylyk ussatlygy we onuň düzüm bölümleri

## §5. Mekdep bilen teatr sungatynyň pedagogik ussatlyk meseleleri boýunça arabaglanyşygy

Mugallymçylyk hünäri aktýorlyk hünäri bilen sungat hökmünde arabaglanyşygy emele getirýär. Mugallym we aktýor adamlara aýratyn täsir edip bilýän hünärmenler hökmünde tapawutlanýarlar.

Mugallym we aktýoryň işiniň birmeňzeşligi we aýratynlygy belli bir ýagdaýlara laýyklykda ýüze çykýar. Pedagogik we aktýorlyk hünärleriniň esaslary barada görnükli pedagoglar öz garaýyşlaryny teklip etdiler. Mugallymlary taýýarlamakda görnükli pedagoglaryň teatral ýörelgeleri ulanyşa hödürlenýär. Şol baglanyşykda hem (K. S. Stanislawskiý, B.Brent) pedagogyň daşky keşbine, ýagny ýöreýşi, oturşy, egin-eşigine aýratyn seredilýär.

Okuw terbiýeçilik işi mekdepde çylşyrymly, köp taraply işleriň biridir. Ony: «Pedagogika bu üýtgäp durýan iň bir çylşyrymly dürli hilli ylymdyr» – diýip (A.S.Makarenko), görnüşiniň we usulynyň köp taraplydygyny görkezýär. Öňden bize belli bolşy ýaly, pedagogika sungat bilen hem ýakyn hereketdedir. Belli bolşy ýaly, sungat zehin bilen ussatlygyň birleşmeginden emele gelendir, ussatlygyň düýbi mekdep ýyllarynda tutulýar hem-de onuň öňden gelýän däp-dessurlary nesilden-nesle geçip ýygnalyp gelinýändir. Mekdep okuwçynyň tebigata bolan söýgüsini artdyrýar, oňa gerek bolan ylmy we bilimi berýär, ukyply edýär. Her bir işde tutanýerli we berk bedenli edip ýetişdirýär. Mekdep mugallymlarynyň şu ussatlyklary dürli-dürli ýollar arkaly yzygiderli kämilleşdirilýär. Mekdeplerde esasan hem

okuwçylary okatmak, olara zähmet we ahlak terbiýesiniň berlişiniň hilini ýokarlandyrmak, mugallymlaryň we okuwçylaryň zähmetiniň netijelerine görä baha bermek, okuwyň durmuş bilen baglanyşygyny iş ýüzünde pugtalandyrmak, mekdep okuwçylarynyň jemgyýetçilik peýdaly zähmete taýýarlanyşyny gowulandyrmak we ş.m. wezipeler goýlandyr. Bu ýerde, elbetde, mugallym aýgytly rol oýnamalydyr. Onuň zähmetine, durmuşyna hünärini ýokarlandyrmagyna köp üns bermek gerek. Mugallymyň öňünde-de uly jogapkärli wezipe goýulýar. Mugallym synpa girende, edil aktýor ýaly bolmalydyr. Ýagny aktýoryň sahna çykanda, onuň täsir ediş hereketleri, mimikalary, gürleýişleri, oturanlaryň ünsüni özüne çekişleriniň we ş.m. hemmesi mugallymlarda-da bolmalydyr. Pedagog synp otagyna girende, aktýoryň ýerinde özüni goýup, sapagy gyzykly, täsirli edip geçmegi başarmalydyr. Pedagogik sungat köp umumy zatlar esasynda teatr bilen ysnyşyky baglanyşykdadyr. Oňa käwagt bir aktýoryň teatry hem diýilýär. Pedagog esasan hem teatryň işiniň ýörelgelerini we kanunlaryny bilmelidir. Bu barada, pedagoga (K.S. Stanislawskiniň) iş ulgamy kömek edýär. Näçe seretseň-de, janly tebigaty adam özüniň döredijilik ukybynyň, zähmetiniň üsti bilen döredýär. Onda ilkinji gezek, adamyň aň ýetirijiliginiň adatdan daşary zehininiň döreýiş meselesini çözýär.

Ol ulgam, ýöne bir aktýorlyk üçin ylym bolman, ol ylym adamyň ösüşiniň esasy kanunlaryny ýaýbaňlandyrmakda hem uly orun tutýar. Mugallym hökmünde aktýor hem meýilnama hakyndaky K.S. Stanislawskiniň sözlerine ýüzlenip bolar. Ol: «Aktýoryň işi ýanynda bolmalydyr» – diýip belleýär. Bu meýilnama onuň ukyplyklaryny ösdürmäge, kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Mugallymyň meýilnamasynda: tejribesi az çagalar bilen birinji, ikinji, üçünji sapaklarda näme etmeli? Okuwçylaryň eşidiş ukybyny ösdürmekde meňzeş bolmadyk, nähili gönükmeleri saýlap almaly we ş.m. zatlar ýadyňda bolmaly. Pedagogda çaga üçin takmyny zat bolmaly däl. Hemmesi takyk dogry, düşnükli dilde berilmelidir. Çaganyň akyl zähmeti, onuň okuwdaky üstünlikleri we şowsuzlyklary – munuň özi onuň ruhy durmuşydyr, içki dünýäsidir, ony äsgermezlik etmek erbetligiň üstün-

den eltip biler. Çaga diňe bir akyl ýetirmek, bilmek, özleşdirmek däl, eýsem, özüniň akyl zähmetinde azabyny çekýär. Sapakda aýdylýan zada düşünmän, ikilik alýan mekdep okuwçysyny göreniňde, ýüregiň awaýar. Yzly-yzyna ikilik alýan çaga özüne edilen tankyt bilen ylalaşýar, özüm hiç zada ukyply däl diýen pikir bilen öwrenişýär. Hatda tutuş bir sagat mugallymyň gürrüňini takat edip diňlemäge taýýar, ýoldaşlarynyň «sen yzagalak, sen ikinji ýyl synpyňda galarsyň» diýen sözler çagany topardan aýyrýar. Okuwçynyň ahlak keşbi köp derejede onuň özüne garaýşyna, zähmet dünýäsinde özüni göz öňüne getirişine we baha berşine baglydyr.

Pedagogik döredijilige girişende, ozaly bilen çaga akyl taýdan zähmet çekmegi öwretmelidigi, pikirlenmegi, syn etmegi, düşünmegi öwretmegi unutmaly däldir. Çaga zähmetiň şatlygyny, bilim almakda üstünligiň şatlygyny, tekepbirligi, öz gadyr-gymmatyny bilmegi öwretmek, terbiýeçiniň birinji wesýetidir. Terbiýeçi okamak islegini terbiýelemegi başarmalydyr. Pedagog synpa girende, ol hemme çaganyň birmeňzeş pikir etmeýändigini, birmeňzeş düşünmeýändigini, birmeňzeş ýatda saklamaýandygyny unutmaly däldir. Käbir çaga biziň öwretjek bolýan zadymyzdan hem eýýäm baş çykarýar, emma hemmesi däl. Beýleki biri bolsa entek baş çykaryp bilenok,emma beýle diýildigi, ol okamak islänok diýildigi däldir. Oňa oýlanmaga mümkinçilik bermeli, urman-sögmän onuň bilime teşneliginiň uçgunyny pes baha goýmak bilen söndürmeli däl.

Okamakdaky üstünlik çaganyň okuwa bolan höwesini döredýän içki ruhy güýçleriniň ýeke-täk çeşmesidir. Her bir pedagog pedagogik ussatlygy kämilleşdirip ele almagy hökmanydyr. Pedagog öz ylmyny auditoriýa ýetirmek üçin, ol özünde aktýoryň ussatlyklaryny, hereketlerini ele almagy başarmalydyr. Ol zatlar käbir pedagogda tebigy hem bolmagy mümkindir. Çagalaryň ukyplaryna görä, okatmak we terbiýelemek ýagdaýyny, amaly işlerinde gazanmak mümkindir. Işe ukyplylyk zehiniň aýrylmaz bölegidir.

Eýsem pedagogik zehin diýip nämä aýdylýar? Zehin taryhy we pelsepe, pedagogik, ahlak-gözellik barlaglary özünde jemleýär.

Aktýoryň ukybyna bize, iň bir ýakyn baha bermekde, pedagogik nukdaýnazarda Dançenkonyň we Stanislawskiniň pikirleri kömek edýär.

«Aktýoryň sungaty örän çylşyrymly» – diýip, Nemirowiç-Dançenko aýdýar. Ol öz işlerinde, nähili edip aktýoryň tomaşaçylara dürli-dürli ugurlar boýunça täsir etmelidiklerini, ünsüni özüne çekip biliş ukyplyklaryny görkezýär. K.S. Stanislawskiniň öz-özüne beren «zehin» näme? diýen soragyna şeýle jogap berýär: «Zehin bu bagtly utgaşma bolup, bir topar döredijilik ukyplyklaryny, erk başarjaňlygy özüne birleşdirýär. Aktýoryň döredijilik başarnyklary şulardan ybarat: gözýetimi, garaýşy ýatda saklap bilijiligi, temperamenti, pikirlenişi, *içki* we *daşky täsirliligi*, özüne erk etmekligi, saza ukyplylygy, sahna laýyklylygy we ş.m. degişlidir. Ondan başga-da goşmaça labyzly okap bilijiligi, oňat sesi mähirli gözleri, ýüzi, mimikasy bolmaly».

Stanislawskiý haýran galýar: käbir aktýorlar sahna çykan wagtlary, şol bada tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýärler, olarda özlerine söýgi döredýärler. Näme üçin tomaşaçylar şol aktýory haladylar? – diýen soragy öňünde goýýar. Gözelligi üçinmi, ýa-da sesi üçinmi? Ol hemme wagt beýle üstünlik gazanyp bilmeýär. Näme üçin beýle?

Pedagogik işde aň ýetirip bilijilik – gowy gözellik duýgulary terbiýelemekdir.

Görnükli pedagoglar özünde deňagramlylygy, durnuklylygy, aňy we duýgyny jemleýärler. Olaryň içki duýgusy açyk, inçe we ýokary derejeli bolýar. Olar özlerinde adaty bolmadyk güýçleri sazlaşdyrýarlar, sözi we hereketi, habary we duýgusyny, janly tebigaty, ýekelikde aýdyňlaşdyryp, çylşyrymly pikirlerden başlanýar. Aň düşünjesi duýgurlyk bilen baglanyşyp bu bolsa, uly bir zat bolup, pedagogik we döredijilik gözleglerine kömek edýär. Ýagny ol özünde şeýle zatlary – akyl we gözellik başarnyklaryny jemleýär. Ýaş nesli terbiýelemek işi bilen meşgullanýan adamlaryň edep-ekramynyň oňat bolmalydygy barada hem aç-açan gürrüňler geçirilýär. Bu wezipeleri çözmekde mekdep mugallymlarynyň tutýan orny uludyr. Ol biziň çagalarymyzy terbiýelemekde, jemgyýetiň ynanylan adamydyr, ähli işde öňdebaryjy bolmalydyr. Ýurdumyzda bu öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmäge ähli şertler bar. Her bir mugallym, ilkinji nobatda,

şol şertlerden ýerlikli peýdalanmak bilen özüne ynanylan jogapkärli wezipä ak ýürekden çemeleşmelidir. Mugallym öz asylly işini ýerine ýetirýän halatynda öz şahsy we toparynyň abraýy hakynda hem çynlakaý alada etmelidir. Öz abraýyny, mertebesini saklamagy başarmaýan mugallymdan oňat zada-da garaşmak bolmaz.

Abraý, mertebe her bir günde, iki günde gazanylýan zat däldir. Ol adamyň bütin ömründe gazanylýan baýlygydyr. Ol baýlygy bolsa hemişe gözümiziň göreji ýaly saklamalydyrys. Biz nirede bolsak-da, mugallym diýlende, ol nähili kärdäki adam diýen soragy hiç haçan orta atan tapylmasa gerek. Ony uludan-kiçä hemmeler tanaýar. Olar hemişe hemmelerde oňat görelde galdyrmalydyr. Mugallymyň islendik wagtda pedagogik göreldeli bolmagy öz-özünden düşnüklidir. Ol nähili gahary gelse-de, durmuşda näsazlyga gabat gelse-de, şol ýagdaýy öz okuwçysyna duýdurmazlyga çalyşmalydyr. Elbetde, mugallymyň hem gaharynyň gelýän wagtynyň bolmagy mümkin. Ýöne ol her bir babatda-da syr bildirmezlige çalyşmalydyr. Bütin synpyň okuwçylarynyň arasynda mugallymyň okuwçyny kemsidip durmagyna käte gabat gelinýär. Çaga çaga bolýar. Onuň sapaga taýýarlanman, biedeplik eden halaty-da bolman durmaýar. Şeýle ýagdaýda tejribeli mugallymlar okuwçynyň üstüne gygyrmaýarlar,onuň şahsyýetine dil ýetirmeýärler, oňa adamkärçilikli çemeleşip, dogry ýola salýarlar. Emma mugallymlaryň käbiri şu talaby ödäp bilmeýär. Haýsy hem bolsa okuwçylaryň biri sapagyna gowşak taýýarlanyp gelen bolsa, onuň näme sebäpden şeýle zada ýol berenligini anyklamazdan, okuwça gygyrýar. Bu okuwçyda ýaňky mugallyma bolan ýigrenç döredýär. Şeýle hem mugallymyň mertebesi okuwçynyň öňünde peselýär. Ondan soň ol mümkin bolsa, şol mugallymdan daşrakda durmaga çalyşýar. Çaganyň mugallymdan daşlaşmagy pedagogikada iň bir çydamsyz ýagdaý hasaplanýar. Çaganyň haýsy hem bolsa bir mugallymdan göwni galsa,ol uly adam bolup ýetişeninden soň hem ony ýadyndan çykarmaýar. Şeýle ýagdaýlaryň bolmazlygy üçin her bir mugallym aýtjak sözüni,edýän hereketini oýlanyşykly etmelidir.

**Pedagogik kabul ediş.** Mugallym her dürli ýollar bilen taýýarlanylýar. Onuň alan bilimi gowy neijeleri bermeli. Geljekki mu-

gallymlaryň döredijilikli hereket etmelidigini ýokary okuw jaýynyň pedagoglarynyň özleri çözmeli. Bu bolsa onuň döredijiliginiň we hünär taýdan kämilleşmegine ýardam berýär. Mugallym döredijilikli işlemek üçin, her dürli usullary ulanyp biler. Mugallymy, dogry aýdyp berse, ýa-da dogry görkezse, onda talyplary özbaşdak gözleglere eltip biler. Haçan-da, döredijilik barada aýdylanda, hökman içinde atalar sözlerini, nakyllary ulanmagyň ähmiýeti uludyr.

Mugallyma terbiýe taýdan gowşak diýmek ýalňyşdyr. Pedagogik sungatda pedagog özüniň zähmetiniň netijesini üýtgedip bilmeýändigine haýpy gelýär. Onuň pedagogik işine okuwçylar hususy taýdan (subýektiw) baha berýärler. Soňra mugallym özüniň gowy häsiýetlerini tejribesiniň üsti bilen oýandyrýar. Pedagogyň sungat gerimi näçe giň bolsa, oňa şonça-da iş ýeňildir. Diňe pedagogik işini bilýän hünärmene «ele almagyň» ýönekeý iş däldigi düşnüklidir. Uşinskiý şeýle diýýär: «Sungat terbiýesi ählimize tanyş we düşnükli bolup görünýär, galyberse-de ýeňil ýaly duýulýar, käbir adamlar bu işleri nazaryýetde we tejribede hem ulanyp ýörler». Pedagogik döredijiligiň netijesi çeken zähmetinden soň ýüze çykýar. Sungaty öwrenen adam üçin, adam pikiriniň we duýgusynyň uly çylşyrymly dünýäsi hakyky sungat eserlerinde öňde goýulýan we çözülýän dünýägaraýyş, syýasy ahlak meseleleri elýeterli bolýar.

Sungatyň ýaşamagynyň hakyky manysy – hut ýaşlygy gözellik hökmünde ykrar etmekdedir, adam durmuşynyň ýokary maksatlaryny açyp görkezmekdedir. Onuň şahsyýeti terbiýelemekdäki orny-da şundan ybaratdyr. Kämähal sungat duýgudyr diýip aýdýarlar. Bu ol diýen dogry däldir. Her bir hakyky sungatda mydama çuňňur many bardyr. Sungatyň güýji onuň durmuş ähmiýetiniň, manynyň we duýgynyň birligidir. Terbiýeçilikde ony peýdalanmagyň aýratyn kynçylygy-da şundan ybaratdyr. Bir tarapdan, sungat şahsyýetiň iň esasy sypatlaryny, töwerekdäki durmuşa garaýşyny kemala getirýär, ikinji tarapdan, sungata hakyky akyl ýetirmek üçin şahsyýetde pikirlenmäniň aýratyn gurluşyny – joşgunly pikirlenmäni ösdürmek zerurdyr.

Pedagog we aktýor auditoriýanyň öňde baryjylaryny, yza galýan bölegini duýmalydyr, kime kömek bermelidigini bilmelidir. Adam-

çylyk täsir (reaksiýa) häsiýetlerini ýaş aýratynlyklaryna, jynsyna, hünäre gönükdirilişine seredip bilmeli. Synpyň mugallyma boýun bolmagyna nähili düşünmeli? Bu pedagogik pursat nähili döreýär? Özüni şoňa taýýarlap bolarmy? Janly ýagdaýyň aragatnaşyk döwri barada K. D. Stanislawskide gyzykly pikirler bar. Olary bütinligine pedagogik işde ulanýarlar. 1-nji döwür artistiň sahna çykyşy we oturan adamlary gözden geçirişi. 2-nji döwür seredilýäne ýakynlaşmak we ünsüni özüne çekmek. 3-nji döwür seredilýäni gözi bile görüp özüne çekmek. 4-nji döwür gözi bilen görenini aýdyp bermek. 5-nji döwür seredilýäne gün şöhlesini goýberýär we kabul edýär.

Şu gysga we dogry maksatnamanyň içinde pedagogikanyň esasy syrlary auditoriýa täsir edýär.

Pedagog daş-töweregindäki mümkinçiligi bilen, öz tejribesini auditoriýa ýetirýär. Pedagogda oňat sesi, sözi, sözleýşi(intonasiýasy) bolmaly, ýene-de hereketi, sazlaşygy bolmaly. Bularyň hemmesi pedagoga auditoriýanyň ünsüni çekmeklige kömek edýär. Birnäçe usullaryň içinde auditoriaýnyň ünsüni özüne çekmeklige degişli işjeň däl usullar hem bar.

Mugallym abraýly, zähmetsöýer, adamkärçilikli bolsa, onuň ýaşlara edýän täsiri şonça ýokary bolýar. Mekdep okuwçylary erjellige we guramaçylyga ozaly bilen sapaklarda uýgunlaşýarlar. Sapak mahalynda köp zatlar mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Sapagy üstünlikli we gyzykly alyp barýan çagadan talap ediji mugallymyň sapagyny okuwçylar pugta üns berip, bütin pikirini jemläp diňleýärler. Sowuk-salalyga ýol berýän mugallymyň sapagy bolsa harsal geçýär. Onda okuw maglumatlarynyň özleşdirilişi hem ýaramaz bolýar. Şeýle mugallymyň sapagynda galmagal, tertipsizlik, okuwçylaryň kejeleşmegi, tabşyrygy wagtynda ýerine ýetirip bilmezligi ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Adatça beýle mugallym öz günäsini okuwçylaryň üstüne atmak bilen özüniň olardan barha üzňeleşip galýandygyny duýmaýar. Mugallymdan öz okadýan dersini oňat bilmek talap edijiligi başarmak, adamkärçilik, watançylyk talap edilýär. Biziň kärimiz has köp zähmeti we paýhasy talap edýän kärleriň biridir. Işdäki üstünlik, esasan, öz başarjaňlygymyza,düşünjämiziň giňligine her bir

täzelikden, kynçylyklardan baş çykaryp bilşimize baglydyr. Şonuň üçin-de okuwçynyň ýekebara häsiýetine düşünmän,ony duýman,onuň içki dünýäsine aralaşman, gowy taraplaryna göz ýetirmän,çagalar toparyna dogry ýolbaşçylyk edip bolmaz. Terbiýeçi mugallym özüni her bir okuwçynyň durmuşyny, gylyk-häsiýetlerini, aýratynlyklaryny, arzuwlaryny, şübhelerini,gowşak we gowy taraplaryny bilmek ugrunda çalyşmalydyr.

Terbiýe bu çaganyň şahsyýetine hemişe we ähli babatda dogry hem-de eserdeň çemeleşmegi talap edýär. Terbiýeläp bolmaýan çaga ýokdur. Gylyk-häsiýetler hemişelik däldir. Olar üýtgäp durýar, olary üýtgedip hem bolýar. Ýöne esasy mesele ýaramaz endikleriň çaga nähili aralaşýandygynyň gözbaşyny tapmakdyr. Çaganyň durmuşy bilen hemişe we hemmetaraplaýyn gyzyklanmak iňňän uly möhüm meseleleriň biridir. Çaganyň özüni köpçüligiň arasynda, ýoldaşlarynyň, deň-duşlarynyň arasynda nähili alyp barýandygy, onuň nämelere gyzyklanýandygy, nähili işler we oýunlar bilen meşgul bolýandygy bilen gyzyklanyp durmaly. Çaga adamda bolan haýsy häsiýetleri halaýar we nähili häsiýetlere öýkünjek bolýar? Ol nämäni ýigrenýär, haýsy zatdan asgyn bolýar. Çaganyň şahsyýeti bilen baglanyşykly ähli zat mugallyma tanyş bolmaly. Käte tertibi-de, okaýşy-da ýaramaz diýlip ýören okuwçy başga mugallymyň eline düşýär-de, göreldeli okuwça öwrülýär duruberýär. Diýmek, mugallymyň ukyby, başarjaňlygy we endikleri näçe ýiti bolsa, ol çagalaryň aňyna hem şonça gowy täsir edip bilýär. Mugallym bilen okuwçyny ruhy taýdan sepleşdirýän onlarça, ýüzlerçe sapajyklar bar (W. A. Suhomlinskiniň). Şol sapajyklaryň mukdary näçe köp we mäkäm bolsa, mugallymyň çeken zähmetiniň şonça-da göwnejaý bolýandygy öz-özünden düşnüklidir.

## § 6. Mugallymçylyk täri

Mugallymyň sapakda özüni alyp barşy belli bir kadalara tabyndyr. Oňa laýyklykda mugallymyň işinde pedagogik täriň (tehnikanyň) orny ähmiýetlidir. Ýaş mugallymyň pedagogik täri aýratyn ünsi talap edýär. Onuň ýerine ýetirlişine bolsa ýörite talaplar bildirilýär. Peda-

gogik tär, tilsimat (tehnologiýa) we pedagogikada şahsyýet meselesi özara baglanyşykly meselelerdir. Sözleýiş – ses täri maglumatlaryň özleşdirilmeginde tapawutlary berýär.

Mugallymyň ussatlygy pedagogik işiň ähli çylşyrymly meselelerini öňden görüjiligi, okuw dersini ýokary derejede bilmekligi, şeýle hem oňat psihologik we pedagogik bilimleri özünde jemlemekligi bilen kesgitlenýär. Şonuň bilen bir hatarda mugallymyň dürli terbiýeçilik başarnyklaryny we endiklerini, onuň synp toparyň ösüş döwürlerini kesgitläp bilmek, öz duýgylaryna, sesine, mimikasyna we pantomimikasyna erk edip bilmek başarnyklaryny ele almagy hem möhüm bolup durýar. Şu ýerde belli pedagoglaryň sözlerini mysal getirmek ýerlikli bolardy. Olar şeýle ýazypdyr: «Ses diňe bir oňat aýtmak ýa-da gepleşik üçin ähmiýetli bolman, eýsem öz pikirleriňi we duýgylaryňy takyk, täsir edijilikli beýan etmegi başarmak üçin hem ähmiýetlidir. Bularyň hemmesi terbiýeçilik tehnikasyna degişli meselelerdir».

Pedagoglaryň aýdan zatlarynyň hemmesi bizi «pedagogik tär» diýen düşünjäniň mazmunyny kesgitlemeklige getirýär. Olaryň getiren mysallary pedagogik täriň elementlerine degişlidir. «Pedagogik tär» diýen düşünjäniň hemmeler tarapyndan kabul edilen ýeke-täk takyk kesgitlemesi ýokdur.Ýöne biz bu adalganyň mazmunyny doly we giňişleýin beýan edýän alymlaryň pikirleriniň üstünde durup geçmekçi (şolaryň biri professor G. I. Şýukina bolup durýar). Ol öz ýazan okuw kitaplarynyň birinde «pedagogik tehnika» diýen adalga şeýle kesgitleme berýär:

«*Pedagogik tär* – diýip, mugallymyň okuwçylara çemeleşmekdäki ulanýan şahsy usullaryna aýdylýar». Ýöne pedagogik nazaryýetde bu adalga beýle dar manyda düşündirilmeýär. Oňa giňişleýin we has doly mazmunly kesgitleme berilýär. Başgaça aýdanymyzda, «pedagogik tehnika» diýen düşünjä sosiopedagogik hadysa hökmünde seredilýär we onuň 2 sany düzüm bölegi öz içine alýandygy barada aýdylýar.Olar şulardan ybaratdyr:

1. Öz hereketleriňi dolandyrmak boýunça başarnyklaryň we endikleriň jemi, ýagny muňa ýüzüň yşaratlary (mimika), here-

ket yşaratlary(pantomimika), sözleriň aýdylyşy (diksiýa), ses, dem alyş girýär.

2. Okuwçylara we synp toparyna täsir etmek boýunça başarnyklaryň we endikleriň jemi, ýagny muňa pedagogik aragatnaşygy guramaklyk, gün tertibini dogry ýerine ýetirmekligi guramak, tertip-düzgüni ýola goýmaklyk girýär.

Indi biz pedagogik tehnikasynyň käbir bölekleriniň üstünde durup geçmekçi. Pedagogik tehnikanyň möhüm bölekleriniň biri sesdir. Her bir adamyň özüne mahsus bolan sesi bolýar. Ol owazly, güýçli, pes bolmagy mümkin. Mugallymyň işinde sesiň ähmiýeti örän uludyr. Okuw terbiýeçilik işinde mugallymyň sesiniň birnäçe häsiýetleri bardyr:

1. Ses dürli aralyklara görä eşidilmeli;
2. Ses hemişe dürli okuw we terbiýeçilik ýagdaýlaryna, okuw maglumatlarynyň mazmununa görä üýtgäp durmaly;
3. Ses belli bir derejede ýokary bolmaly;
4. Sesde ýokary we aşak aralyklary (diapazon) bolmaly;
5. Ses ýakymly, açyk bolmaly. Mugallymyň işinde pedagogik tehnikanyň ses bilen aýrylmaz baglanyşykly ýene-de bir bökleriniň biri sözleriň aýdylyşydyr (diksiýadyr).

*Sözleriň aýdylyşy* (diksiýa) diýip sözleriň, bogunlaryň, sesleriň takyk, açyk, aýdylmagyna düşünilýär. Aýdylyşy oňat ýola goýmak sözleýiş apparatynyň işini dogry amala aşyrmak bilen baglanyşyklydyr (diş, dil, eňek, kiçi dil, ses tarlary, dodak). Sözleýşiň, sözleriň aýdylyşynyň bozulmasy, köplenç, käbir sesleriň (çekimlileriň we çekimsizleriň) nädogry aýdylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Mugallymyň pedagogik taýdan ussat bolmagyny üpjün edýän bölekleriň biri, onuň ýüzüniň yşaratlarydyr (mimikasydyr). *Ýüzüň yşaratlary* (mimika) diýip mugallymyň öz pikirlerini, duýgylaryny, garaýyşlaryny ýüzüniň myşsalaryny: hereketlendirmek arkaly düşündirmek sungatyna aýdylýar. Mugallymyň ýüzünde dürli okuw-terbiýeçilik ýagdaýlaryna laýyklykda makullamak, şatlyk, gahar, ýigrenç, parhsyzlyk we ş.m. döreýär. Aýratynam mimikada esasy orun göze degişlidir. Gözüň üsti bilen mugallym birnäçe duýgularyny, garaýyşlaryny okuwçylara mälim edýär.

Ýüzüň yşaratlary (mimika) bilen ýakyn baglanyşykly pedagogik täriniň bölekleriniň ýene-de biri hereket yşaratlarydyr (pantomimikadyr).

*Hereket yşaratlary* (pantomimika) diýip mugallymyň eliniň, aýagynyň, bütin bedeniniň hereketlendirmesi arkaly okuwçylarda dürli düşünjeleri, başarnyklary we endikleri terbiýelemegine aýdylýar. Sapakda hereket yşaratlary mugallyma täze temany düşündirmekde uly kömek edýär. Hereket yşaratlary okuw materialyny gyzykly beýan etmeklige ýardam edýär. Mugallym hereket yşaratlarynyň üsti bilen temanyň esasy mazmunyny, onda öňe sürülýän meseleleri tapawutlandyrýar, olarda okuwçylaryň ünsüni jemleýär.

Ýokarda sanalyp geçilen böleklerden başga-da, pedagogik täriň ýene-de birnäçe bölekleri bardyr. Olara mugallymyň dem alşy, eşigi, özüne erk edip bilşi degişli bolup durýar.

## § 7. Mugallymyň işinde sözleýiş ussatlygy

Sözüň, sözlemegiň aragatnaşyk serişdesi hökmünde adamzat jemgyýetinde tutýan orny uludyr. Sözüň özi habar beriş, terbiýeleýji serişde hökmünde hem bolup biler. Dil üsti bilen sözleýşiň aýratynlyklary (ýüze çykýan ýagdaýa görä arabaglanyşyk, aýdylan sözleriň mazmuny, joşgunlyk) söz bilen täsiriň psihologik gurluşy: maksat (näme üçin gepleýän) mazmun: (näme diýjek bolýaň) görnüşi: (nähili gepleýärin).

Sözleýiş – mugallym bilen okuwçynyň söhbetdeşliginiň esasy serişdesidir. Pedagogika ylmynyň ösmegine goşant goşan alymlar mugallymyň sözleýşine edilýän talaplary toparlara böldüler.

*Mugallymyň sözleýiş medeniýeti*. Ol bellibir düzümi we düşünjeleri emele getirýär. Sözleýşiň täri, tehnikasy (gurluşy, ýola goýluşy) dem alyş, ses tizligi.

Mugallymyň sözleýiş ussatlygy – oňat taýýarlanan sapagyň okuwçylara täsir edip biläýjek sözleýşi bilen berkidilen bolmasa, onuň okuw we terbiýeçilik maksatlaryna doly ýetip bilmeýändigini

görkezýär. Sapak wagtynda we ondan daşarda mugallym we okuwçylar biri-birlerine dürli mazmunly maglumatlary geçirýärler. Şeýle maglumatlar öwrenilýän dersiň dürli bölümlerine degişli (temalar boýunça) we terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly bilimler, başarnyklar we endikler bolup biler. Eger-de sapagyň gurluşy boýunça aýtsak, mugallym onuň ähli böleklerinde sözleýşiň üsti bilen okuwçylara birnäçe maglumatlary berýär we öz gezeginde olardan hem kabul edip alýar. Ýöne maglumatlar sapagyň görnüşine laýyklykda dürli usullarda berilmegi mümkin. Meselem, sorag-jogap, gürrüň, umumy okuwyň ýazgylary we ş.m. Ýokarda aýdylanlary tejribede amala aşyrmak üçin mugallyma sözleýiş ukyplylygy gerek bolýar.

Belli psiholog B. A. Ilýuk bu mesele boýunça ylmy-barlag işlerini geçirdi we ol mugallymyň sözleýşiniň şu aşakdaky düzüm böleklerden (komponentlerden) durýandygyny görkezdi:

1. Oňat (söz) ýatkeşlilik.
2. Dil serişdelerini dogry saýlap almak.
3. Sözleýşi (sözlemleri) logiki tarapdan dogry guramak we beýan etmek.
4. Sözleýşiňi öz gürrüňdeşlik edýän subýektiňe görä guramak ýa-da onuň isleglerini göz öňünde tutmak. Sözleýşi oňa gönükdirmek.

Sözleýiş diňe bir habar beriş serişde bolup çykyş etmän, eýsem ol terbiýeçilik wezipesini hem ýerine ýetirýär.

Sözleýşiň üsti bilen mugallym okuwçylaryň ünsüni sapakda jemleýär, olarda işiň dürli görnüşlerine höwesini döredýär, oňat ahlak gymmatlyklary ruhunda terbiýeleýär. Iň uly sözleýiş mümkinçilikleri bolan mugallym dil we edebiýat dersini öwredýän pedagoglardyr.

Her bir mugallym – isle fizik, himik, biolog, matematik bolsun, olaryň hemmesinde sözleýşiň uly mümkinçilikleri bolmaly ýa-da oňat sözleýişli mugallymlar bolmalydyrlar. Şeýle bolmasa mugallym okuwçylara oňat we netijeli terbiýeçilik täsirlerini ýetirip bilmeýär. Sözleýiş arkaly mugallym synpda we ondan daşarda dürli okuw-terbiýeçilik ýagdaýlary ýüze çykanda birnäçe terbiýeçilik usullaryny peýdalanýar. Olardan meselem, gürrüň, duýduryş bermek, maslahat

bermek, höweslendirmek, görelde görkezmek, temmi bermek we ş.m. şeýle hem mugallym okuwçylary birnäçe okuw terbiýeçilik işiniň görnüşlerine çekyär. Meselem, synp sagady, ýekebara gürrüň, mekdep meýdançasynda işlemek we ş.m.

Mugallymyň sözleýşi näçe gyzykly we söze baý bolsa, şonça-da onuň okuwçylara terbiyeçilik taýdan täsiri güýçli we netijeli bolýar.

Pedagogik nazaryýetde we tejribede, köplenç halatlarda, «dil» we «sözleýiş» diýen düşünjeleri çalşyrýarlar ýa-da olaryň ikisi bir zat hasap edilýär. Şonuň üçin ýokarda aýdylanlara goşmaça hökmünde biz şu meseläniň, ýagny dil we sözleýşi tapawutlandyrmak meselesiniň üstünde durup geçmeli bolýarys.

**Dil** diýip (mazmuny) hemmeler tarapyndan kabul edilen we sözleýiş tejribesinde barlanylyp görlen dil belgileriniň birlikleriniň (söz, sözlem we ş.m.) ulgamyna (özara arabaglanyşyklylygyna) aýdylýar.

**Sözleýiş** diýip, toparyň dilini ornaşdyrmak bilen baglanyşykly adamlaryň takyk işine aýdylýar.

Eger-de dil howaýy (abstrakt) düşünje we köptaraply (uniwersal) aragatnaşyk serişdesi bolsa, onda sözleýşi takyk mazmunly bolup, ol bellibir ýagdaýlary öz içine alýar.

Sözleýiş pedagogikada aragatnaşyk serişdesi bolup hem çykyş edýär. Şonuň üçin sözleýşiň aragatnaşyk serişdesi hökmünde sapakda we ondan daşarda ähmiýeti uludyr. Meselem, aragatnaşyk özüniň wezipelerini ýerine ýetirende, sözleýiş zerur bolýar.

Beýle diýildigi mysal üçin, pedagog aragatnaşygyň habar beriş wezipesinde mugallym sözleýiş arkaly okuwçylara dürli bilimleri, düşünjeleri, başarnyklary we endikleri berýär. Okuwçylar hem öz gezeginde şol maglumatlary kabul edişini sözleýiş arkaly (çykyş etmek, jogap bermek we ş.m) yüze çykarýar. Ýene-de sözleýiş pedagogik aragatnaşygyň gurluşynda hem uly orun tutýar. Meselem, mugallym, synp topary bilen aragatnaşygy sözleýiş arkaly guryar, ony dolandyrýar, aragatnaşygyň jemini jemleýär. Biz ýokarda sözleýşiň nähili ähmiýetli meseleleri çözýändigini belläp geçdik.

Ýöne mugallym üçin diňe bir sözleýşiň habar beriş, terbiýeçilik, aragatnaşyk serişdeleri hökmünde çykyş edýändigini we onuň dilden

tapawudyny bilmek ýeterlikli däldir. Sebäbi şeýle, ýagny ýokarda belläp geçişimiz ýaly oňat, gyzykly we netijeli sözleýşi guramakda mugallym haýsy zatlary göz öňünde tutmaly hem-de ähli zatlara üns bermeli diýen soraglar, meseleler ýüze çykýar. Şeýle meseleleri çözmekde, mugallymyň sözleýiş medeniyetiniň ähmiýeti uludyr.

Eýsem, sözleýiş medeniýeti näme? Sözleýiş medeniýeti diýip sözleriň edebi diliň kadalaryna laýyklykda ulanylmagyna, olaryň aýdylmagyna, üýtgedilmegine beýleki sözler bilen goşulmagyna hem-de sözlemleriň düzülmegine aýdylýar.

Sözleýiş medeniýeti adamyň umumy medeniýetiniň möhüm bölegi bolup durýar. *Mugallymyň sözleýiş medeniýeti* birnäçe bölekleri öz içine alýar.

1) *sözleýşiň leksiki medeniýeti*. Bu mugallymda sözlük ätiýaçlygy baý bolmaly, onuň sözleýşi takyk, dogry bolmaly diýildigidir. Sözleýşi takyk, ýönekeý, gysga görnüşlerde bolmaly. Mugallymyň sözleýşine zyýan ýetirýän zatlaryň tejribede has giňden ýaýranlarynyň biri – tawtalogiýadyr. Bu şol bir sözleriň birnäçe gezek (gereginden artyk) gaýtalanmagydyr. Meselem, elbetde, hawa, ýöne, şu we ş.m.

2) *sözleýiş kadalarynyň* (*gramatiki*) *medeniýeti*. Beýle diýip, sözleri, söz düzümlerini, sözlemleri takyk dil kadalaryna, düzgünlerine laýyklykda ulanylmagyna aýdylýar.

3) *sözleýşiň ses kadalary* (*orfoepik*) *medeniýeti*. Beýle diýip, sözleýiş wagtynda diliň ses kadalarynyň düzgünleriniň dogry ýerine ýetirilmegine aýdylýar. Meselem, bir sesiň beýleki bir ses bilen çalşyrylmagy we ş.m.

Mugallymyň sözleýşi onyň ussatlygynyň şerti:
- sözleýiş we mugallymyň özüni (aragatnaşykda) alyp barşy (mugallymyň giriş sözi);
- mugallymyň sözleýşiniň görnüşi we aragatnaşyk taýdan hili;
- mugallymyň sözleýşiniň baglanyşygy (funksiýasy);
- mugallymyň sözleýşiniň aýratynlyklary;
- geljekki mugallymlaryň sözleýşini kämilleşdirmegiň ýollary (özbaşdak barlag, sözleýşiň aňladyjylygy we ş.m.) aýratynlyklar.

# III bölüm

# Mugallymyň özara täsir ussatlygy

## § 8. Mugallym bilen okuwçynyň aragatnaşygynyň medeniýeti

Okuw-terbiýeçilik işiniň guralyşynda aragatnaşyk görnüşi söhbetdeşlik, umumy düşünje görnüşi, baglanyşygy (funksiýalary) bilen birlikde ulanylýar. Pedagogik söhbetdeşlige, mugallymyň okuwçy bilen söhbetdeşligine, okuw-terbiýeçilik işini guramagyň esasy serişdesi hökmünde orun berilýär. Mugallymyň okuwçylara täsiri we onuň çagalar toparyny berkitmekdäki orny aýratyndyr. Pedagogik söhbetdeşligiň gurluşy, mugallymyň şahsyýeti we söhbetdeşligiň geçirilişi özara göni baglanyşyklydyr.

Pedagogik medeniýet (etika) mugallymyň tejribeli bolmagy, ussatlygy bilen baglylykda bu derejäni ýokarlandyrýar. Dünýägaraýyş medenýeti öz nobatynda söhbetdeşligiň esasyny düzýär.

Aragatnaşygyň amala aşyrylyşynda onuň görnüşlerinden peýdalanylýar. Mugallym ilkinji nobatda söhbetdeşligiň ýekebara görnüşini düzýär. Onuň amala aşyrylyşynda demokratik, awtoritar, liberal we gatnaşyk görnüşler hem duş gelýär.

Sapaklarda okuwçylar bilen özara düşünişip işlemekde degerli netije gazanmak üçin mugallym dürli görkezme esbaplaryny (şekili geçiriji gurluşlar (proýektor), slaýdlar, ündew suratlar) ulanyp, öz çykyşynda sözleýiş äheňini (depginini, labzyny) üýtgedip, synpyň içinde hereketde bolup biler. Eger okuwçylarda kömek ýa-da maslahat üçin mugallyma ýüzlenmäge mümkinçilik bolsa, sapaklaryň metodiki netijeleri has ýokary bolar. Eger okuw işinde okuwçylaryň durmuşyndan mysallar alynsa, onda olaryň bilim almaga bolan höwesi artýar. Mugallym okuw maglumatlarynyň hödürlenişiniň kynlygynyň

we depgininiň derejesini hemişe bellibir ölçeglere bölüp durmalydyr, sebäbi täze materiallar bilen okuwçylara aşa agram salynmagynyň, olarda temany özleşdirmäge ukypsyzlyk duýgusyny döretmegi mümkindir. Özüniň ussatlygyny ulanmak arkaly, mugallym okuwçylara bilimlere bolan talaplary düşündirmäge, olaryň bilimlerine we ukyplaryna obýektiw nukdaýnazardan gözegçilik etmäge, okuw-terbiýeçilik işinde olaryň üstünlikleriniň şertlerini ýa-da şowsuzlyklarynyň sebäplerini ýüze çykarmaga borçludyr. Özüniň döredijiligini we sungatyny görkezmek arkaly mugallym öz işini höwes bilen edýän adam bolmalydyr. Sapaklara gowy taýýarlyk mugallymda ynamlylyk duýgusyny döredýär, onsoň ol okuwçylarada täze materialy kabul etmekde özüni ynamly duýmaga kömek edýär. Şonuň üçinem hakyky pedagog okuwçylar bilen hemişe özara işjeň gatnaşykda bolmalydyr, şeýle-de mydama olary özüniň üns merkezinde saklamalydyr.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurtda iňňän uly özgertmeleriň amala aşyrylýan wagtynda her bir pedagog ösen häzirki zaman türkmen jemgyýeti üçin ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamakda özüniň hem şahsy jogapkärdigini ýatda saklamalydyr.

Aragatnaşygyň we işiň arabaglanyşygy meselesi diňe bir durmuşy psihologiýanyň (metodologik) meselesi däl-de, eýsem umumy psihologiýanyň hem meselesi bolup durýar.

Iş bilen aragatnaşygyň birligini ykrar etmeklik olaryň arabaglanyşygynyň häsiýetleri baradaky meseläni aradan aýyrmaýar. Şu mesele birnäçe wajyp soraglary öňde goýýar: Olar şu soraglardan ybarat:

1. Aragatnaşyk işden gelip çykýarmy ýa-da...?
2. Olar adamyň deň hukukly ýekebara ýaşaýşynyň görnüşlerimi ýa-da...?
3. Aragatnaşygyň özi iş bolup çykyş edýärmi?

Aragatnaşyk intersubýekt, monosubýekt, durmuşy ugurly, hemde toparlaýyn (kollektiwleýin) görnüşde bolýar. Aragatnaşyk şu aşakdaky böleklere bolünýär.

1. Şahsyýetara (intersubýekt) aragatnaşygy;
2. Şahsyýetiň öz-özi bilen (monosubýekt) aragatnaşygy.

Şahsyýetara (intersubýekt) aragatnaşygy baradaky meseläni çözmekde psihologlar köp işleri ýerine ýetirdiler. Olar şahsyýetara (intersubýekt) aragatnaşygynyň mazmunyny şeýle belleýärler: «şahsyýet (subýekt) – şahsyýet».

Şahsyýetiň öz-özi bilen (monosubýekt) aragatnaşygy diýip şahsyýetiň (subýektiň) öz-özi bilen geçýän aragatnaşygyna (içki aragatnaşygyna), şonuň bilen baglanyşykly hereketlerine aýdylýar. Şeýlelelikde, aragatnaşyk iki topara bölünýär, içki we daşky aragatnaşyk «kommunikatiw we kommunikatiw däl aragatnaşyk».

Şahsyýetara (intersubýekt) aragatnaşygynda bir adamyň beýleki adama düşünmegi, oňa baha bermegi bolup geçýär.

A. A. Bodalew, Ýa. L. Kolominskiý, S. W. Kondratýew, T. H. Malkowskaýa başga-da beýleki alymlaryň geçiren ylmy barlaglaryna görä, mugallymyň okuwçylar hakynda pikiri we okuwçylaryň mugallymlar baradaky düşünjesi aragatnaşykda kemla gelýär. Şeýlelik bilen, ýokarda görkezilen alymlaryň pikirlerine görä aragatnaşyk diýlip adamlaryň iş ýagdaýyndaky özara gatnasygyna, baglanyşygyna, hereketine aýdylýar. Aragatnaşyk prosesi iki bölekden durýar:

1) garaýyş;

2) özara hereket baglanyşygy.

Belläp geçişimiz ýaly, aragatnaşyk 2 görnüşde bolýar.

1. Şahsyýetara (intersubýekt); 2. Şahsyýetiň öz-özi bilen (monosubýekt). Şahsyýetara (intersubýekt) aragatnaşyk öz gezeginde birnäçe görnüşlerde ýüze çykýar. Sebäbi bir şahsyýet (subýekt) bir we birnäçe beýleki şahsyýetler bilen ýa-da şahsyýetler özara aragatnaşyk etmekleri mümkin.

Nähilidir bir maksada ýetmek ýa-da bir işi bilelikde ýerine ýetirmek üçin täsirleri ylalaşdyrmak maksady bilen, şahsyýetiň arasynda özara maglumatlaryň, garaýyşlaryň, bahalaryň, duýgularyň çalyşmagyna aragatnaşyk diýilýär. Şonuň üçin intersubýekt aragatnaşygy şu görnüşlere bölünýär:

1. *Durmuşy ugurly aragatnaşyk* (umumy okuw, nutuk, çykyşlar). Bu görnüş ulanylanda, mugallym okuwçylarda dürli jemgyýetçilik gymmatlyklaryna ynançlary terbiýeleýär;

2. *Toparlaýyn aragatnaşyk*. Bu görnüşde aragatnaşyk belli bir iş bilen meşgullanýan birnäçe adamlaryň arasynda bolup geçýär (meselem: lukmanlar, mugallymlar we ş.m.);

3. *Iki şahsyýetiň arasyndaky aragatnaşyk* (iki adamyň arasynda). Meselem, mugallym bilen okuwçynyň arasynda ýüze çykýan aragatnaşyk.

Aragatnaşygyň diňe bir mazmunyny bilmek ýeterlik däldir. Sebäbi ol pedagogik işde nähili wezipeleri çözýär, haýsy hyzmatlary, işleri ýerine ýetirýär diýen soraglar ýüze çykýar.

Aragatnaşyk pedagogik ýagdaýda şu (funksiýalary) işleri, hyzmatlary ýerine ýetirýär.

1. *Aragatnaşygyň maglumat beriş hyzmaty*. Bu ýerde aragatnaşyk belli bir maglumatlary (düşünjeleri) habar berýän hökmünde çykyş edýär. Meselem, mugallym okuwçylara sapak wagtynda dürli-dürli maglumatlary (sapaga degişli, ahlak gymmatlyklary barada we ş.m.) ýetirýär;

2. *Aragatnaşygyň öňden görüjilik hyzmaty*. Beýle diýildigi mugallym okuwçylar bilen aragatnaşygy guramazdan öňürti, ol onuň geljekki nusgasyny düzýär, onda ýüze çykjak gowy we erbet tarapyny öňünden görýär (ýa-da görmeklige synanyşýar). Aragatnaşyk geçenden soňra, mugallym okuwçylarda uly gyzyklanma döredýän esasy bilimleri, başarnyklary we endikleri hem-de okuwçylaryň ýüze çykaran gylyk-häsiýetlerini belläp alýar. Mugallym olary aragatnaşygyň geljekki nusgasyny düzmek üçin peýdalanýar;

3. *Aragatnaşygyň psihologik hyzmaty*. Bu funksiýanyň mazmuny, aragatnaşyk wagtynda mugallym bilen okuwçy biri-birinde birnäçe duýgulary ýüze çykarýar (biri-birlerine). Aragatnaşygyň bu wezipesi mugallym bilen okuwçynyň biri-birine düşünmekligini gazanmaklyga kömek edýär.

Aragatnaşygyň mazmuny we onuň wezipeleri barada ýokarda belläp geçen zatlarymyz bizi pedagogik aragatnaşyk nähili bolmaly, onuň aragatnaşygyň beýleki görnüşlerinden nähili tapawutlary bar? – diýen ýaly soraglara getirýär. Aragatnaşyk dürli-dürli görnüşlerde bolup bilýär: meselem, döwtetara, milletara, lukmanlaryň arasynda,

işçileriň arasynda we ş.m. ýöne pedagogik aragatnaşyk bellibir derejede olardan tapawutlanýar.

*Pedagogik aragatnaşyk* diýip biri-birlerinden maglumatlary almaklyga, terbiýeçilik täsirlerini ýetirmeklige, özara gatnaşyklary ýola goýmaklyga gönükdirilen mugallym bilen okuwçynyň ulgamlaýyn işine aýdylýar. Ýöne pedagogik nazaryýetde «amatly pedagogik aragatnaşyk» diýen ýene-de bir adalga bar. Ony ylma girizen belli psiholog A. A. Matweýew. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, pedagogik aragatnaşygyň birnäçe aýratynlyklary bardyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Pedagogik aragatnaşyk okatmak wezipesini ýerine ýetirýär. Mugallym çagalara belli bir bilimleri, başarnyklary we endikleri berýär.

2. Pedagogik aragatnaşyk wagtynda mugallym okuwçylara bellibir derejede terbiýeçilik täsirini ýetirýär.

3. Aragatnaşyk ýagdaýynda okuwçynyň şahsyýeti ösdürilýär. Meselem, dürli synplardaky okuwçylar özleriniň ösüş derejeleri bilen biri-birlerinden tapawutlanýar. Pedagogik aragatnaşygy dogry we oňat ýola goýmak meselesi jemgyýetiň ähli döwürlerinde möhüm bolupdyr. Bu barada görnükli pedagoglar hem belläp geçipdirler (A. S. Makarenko): «Men çagalara aýdylýan gowy, olary gyzyklandyrýan sözleriň ähmiýetiniň örän uludygyny belläp geçesim gelýär. Şeýle zatlary başaryp bilmänligimiz üçin häzir okuw-terbiýeçilik işinde köp säwliklere ýol berilýär. Sebäbi biz çagalar bilen aragatnaşygy oňat ýola goýmak üçin, mugallymlar, çagalara oňat sözleri aýtmagy, olardan berk talap etmegi, özara baglanyşykly işi netijeli guramagy başarmaly».

Pedagogik aragatnaşyk barada görnükli pedagog W. A. Suhomlinskiý şeýle diýýär: «Mugallymyň sözi çagalara täsir etmegiň iň esasy serişdesidir. Pedagogyň sungatyna,onuň gepleýşi we adamlaryň dilini tapmak ýaly başarnyklary girýär». Mundan başga-da: «Eger-de sapakda mugallym bilen okuwçynyň arasynda arabaglanyşyk bolmasa, siz özüňizi nähili duýardyňyz? Şeýle ýagdaý mugallymy (we bütin pedagogikany) okuwçylaryň öňünde utandyrýar».

Belli pedagoglaryň (alym T. N. Malkowskaýa) geçiren ylmy-barlaglarynyň netijesinde mugallymlaryň 25%-i okuwçylar bilen dogry aragatnaşygy ýola goýup bilmeýändiklerini bellediler.

Pedagogik aragatnaşygyň geçişinde birnäçe döwürler bardyr. Beýle diýildigi bizi «pedagogik aragatnaşygyň gurluşy» diýen düşünjä getirýär. Eger-de pedagogik proses gerek bolsa amala aşyrylyşy we oňa seljerme we baha bermek ýaly derejelerde durýar – diýip, hasap etsek,onda pedagogik aragatnaşyk şu aşakdaky döwürlerden durýar.

*Geljekki pedagogik aragatnaşygyň nusgasyny düzmek*:

1. Mugallym synp bilen geljekki aragatnaşygyň meýilnamasyny taýýarlaýar;
2. Aragatnaşygyň guralmagy (başlangyç döwür);
3. Pedagogik ýagdaýda aragatnaşygy dolandyrmak;
4. Geçirilen pedagogik aragatnaşygyň jemlerini jemlemek we täze geçiriljek pedagogik aragatnaşygyň nusgasyny düzmek.

Mugallym bilen okuwçynyň özara psihologik hereketiniň ýekebara-esaslyk aýratynlyklaryna aragatnaşygyň görnüşi diýip aýdylýar. Pedagogik aragatnaşygyň diňe bir gurluşyny bilmek ýeterlikli däldir. Eýsem ony nähili psihologik ýagdaýda,görnüşde alyp barmaly diýen sorag ýüze çykýar. Şeýle soraga jogap bolup mugallym bilen okuwçynyň özara hereketiniň, arabaglanyşygynyň aýratynlyklary çykyş edýär.

Arabaglanyşygyň görnüşleri (stilleri) 2 sany topara bölünýär.
I. Mugallymyň synp toparyna garaýşynyň görnüşleri:

1. *Durnukly gowy görnüş*. Bu stilde mugallym okuwçylara gowy garaýşy bildirýär. Ol özüni ynamly, düşnükli, deňagramly alyp barýar. Meselem, «Çagalary we mekdebi söýýär. Islendik okuwça öwretmegi başarýar. Adalatly we talapkär.»

2. *Gowşak* (*passiw*)*-gowy görnüş*. Bu stilde mugallymyň okuwçylara gowy garaýşy durnukly däl. Meselem, «Mugallym öz kärine mynasyp. Ýöne onda (sözünde hereketinde) käbir parhsyzlyk, biperwaýlyk bar».

3. *Durnuksyz görnüşi*. Bu görnüşde mugallymyň okuwçylara gowy garaýşy käwagt ýüze çykýar. Meselem, «Mugallym zähmetsöýer, sowatly. Ýöne ol gaharjaň, durnuksyz».

*Mugallymyň işiniň görnüşleri şu aşakdakylardan ybarat:*

1. *Abraýparaz* (*awtoritar*) *iş görnüşi*. Bu görnüşde mugallym diňe öz pikirini dogry hasaplaýar, synpyň pikirini göz öňüne tutmaýar. Synp bilen esasy iş serişdeleri – buýruk, görkezme, temmi bermek, käýinç bermek we ş.m. mugallym özüni hojaýyn hasaplaýar;

2. *Demokratik iş görnüşi*. Bu iş görnüşde mugallym öz işinde synpyň pikirini oňat peýdalanýar. Ol okuwçylaryň başlangyjyny, işjeňligini hemişe goldaýar. Onuň esasy iş serişdeleri – maslahat, maglumat, haýyş etmek;

3. *Parhsyz* (*liberal*) *iş görnüşi*. Bu görnüşde mugallym synpa biperwaý, parhsyz garaýar, ol öz işi bilen bolup gezýär. Mugallym okuwçylaryň işine goşulmazlyga çalyşýar we özüni passiw, çendenaşa seresaply, durnuksyz alyp barýar;

4. Mugallymyň okuwçy bilen aragatnaşygynda zerur zatlaryň biri, *pedagogik täsir* (*taktdyr*). Sebäbi pedagogik takt bolmasa, aragatnaşyk şowsuz, üstünliksiz boş bolmagy mümkin. Şonuň üçin pedagogik aragatnaşyk pedagogik ýakyn täsir(takt) bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Beýle diýildigi, bizi pedagogik taktyň kesgitlemesini bilmeklige getirýär. Okuwça berilýän bahalaryň, bildirilýän talaplaryň, garaýyşlaryň ornuny we wagtyny saýlap almaga, çaga şahsyýetiniň mertebesini kemsitmezlige pedagogik ýakyn täsir (takt) diýilýär. Pedagogik ýakyn täsir (takt) diýip mugallymyň okuwçylar bilen aragatnaşygynda pedagogik taýdan maksadalaýyk sazlaşygy, görnüşi-stili saýlap almak başarnygyna aýdylýar.

Ýakyn täsir (takt) diýip, adamlara täsir etmeklige we aragatnaşygy sazlamaga kömek edýän ahlak derejesine aýdylýar.

Takt sözi terjime edilende – täsir, ýakynlaşma diýip terjime edilýär. Sapakda pedagogik ýakyn täsir okuwçylar bilen sorag-jogap alşylanda, olara täze maglumaty düşündirende, okuwçylaryň bilimlerine baha berlende ýüze çykýar. Täsirleriň toplumy (taktika) diýip dürli okuw we terbiýeçilik ýagdaýlarynda mugallymyň ulanýan sazlaşykly, maksadalaýyk täsirleriniň toplumyna,ulgamyna aýdylýar.

*Pedagogik takty ele almagyň birnäçe şertleri bardyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:*

1. Çagalar bilen aragatnaşyk etmek boýunça pedagogik bilimler;

2. Çagalaryň ýaş aýratynlygy, fiziologik, ýekebara aýratynlyklary baradaky psihologik bilimler;
3. Ahlaklylygyň esaslaryny bilmek we olary tejribede ulanmagy başarmak.

Mugallymyň pedagogik täsirliligi bilen baglanyşykly ýene bir düşünje aragatnaşyk etmek başarnyklary bolup durýar. Mugallym aragatnaşyk etmegi başarmasa, onda ol pedagogik takty ele alyp bilmeýär. Mugallymyň aragatnaşyk (kommunikatiw) başarnyklaryny ele almagyň şertleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Adamlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak;
2. Aragatnaşygyň dogry ulgamyny özünde jemleýän meýilnama düzmek;
3. Aragatnaşygy guramak we ony dolandyrmak.

## § 9. Mugallymyň okuwçylara söz üsti bilen täsir etme usullary

Söz üsti bilen täsir etme amala aşyrlanda ynandyrmaklygyň esas bolmagy hem mümkin. Mugallymyň okuwçylara söz üsti bilen täsiri ähli okuw terbiýeçilik işiniň ýerine ýetirilişidir. Ynandyrmagyň söz üsti bilen täsiri şu görnüşlerde bolup biler: habar, hekaýa, düşündirme, subut etme. Söz üsti ynandyrmagyň çagalaryň ýaş aýratynlyklary bilen baglanyşykly ýagdaýy dürli hilidir. Söz üsti bilen täsir edilende okuwçylaryň ýekebara aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

Çagalara söz üsti bilen aragatnaşykda edilýän täsir joşgunly (emosional) hem bolup biler. Çagalara joşgunly täsir etmegiň şeýle görnüşleri bardyr: buýruk, goldaw, yşarat, ara alyp maslahatlaşmak.

Umumy bilim berýän mekdepde okuw terbiýeçilik işiniň möhüm serişdesi *mugallymyň okuwçylara pedagogik täsiri* bolup durýar. Sosiologik we psihologik nazaryýetler, şeýle hem köpçülikleýin we öňde baryjy pedagogik tejribäniň seljermesi – kommunikatiw täsir etmäniň şu aşakdaky usulynyň bardygyny görkezýär:

1. Ynandyrma. 2. Pikir (duýgy) döretme.

Ýokarda görkezilen mugallymyň pedagogik täsiri okuwçylarda pikirleri, duýgylary kemala getirmeklige gönükdirilendir. Şeýle pedagogik täsiri ynandyrma diýip atlandyryp bolýar.

***Ynandyrma*** diýlip, mugallymyň okuwçylarda daşky gurşawa we adamlara düşünjeli garaýşy terbiýelemek maksady bilen, olaryň aňyna, duýgylaryna we tejribesine edýän pedagogik täsirine aýdylýar.

Pedagogik nazaryýetde ynandyrmanyň dürli-dürli kesgitlemeleri berilýär. Olardan has mazmunlysy (psiholog A. G. Kowolýow) «Ynandyrma» diýen düşünjäniň mazmuny şeýle kesgitlenýär: «ynandyrma diýip garaýşlary, düşunjeleri, jemgyýete ähmiýetli ahlak gylyk-häsiýetleri terbiýelemeklik üçin bir adamyň beýleki adama ýa-da topara edýän täsirine aýdylýar». Ynandyrma täsiri adamda jemgyýet üçin zyýanly garaýyşlary hem terbiýeläp biler diýip A. G. Kowolýow hem belleýär. Umuman alanymyzda, «Ynandyrma» diýen düşünje iki sany mazmunda bolup biler:

1. Täsiriň usuly hökmünde;
2. Täsiriň netijesi hökmünde.

Şol sanda ynandyrma özüniň mazmuny boýunça dogry (çyn) we nädogry (ýalan) görnüşinde bolup biler.

Ynandyrmanyň giňden ýaýran serişdesi söz üsti bilen ynandyrmadyr.

Pedagogik işiň tejribesinde *söz üsti bilen ynandyrma täsiriniň* birnäçe görnüşleri ulanylýar. Olardan meselem, gürrüň bermek, düşündirmek, nutuk bilen çykyş etmek, subut etmek we ş.m.

Ynandyrma pedagogik täsiri usuly hökmünde bellibir derejede subutly bolmalydyr we birnäçe talaplary ödemelidir. Şonuň üçin mugallymyň ynandyrmasyna şu nukdaýnazardan aşakdaky talaplar bildirilýär:

1. Mugallymyň ynandyrmasynyň mazmuny we görnüşi okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda guralmalydyr;
2. Ynandyrma pedagogik täsir hökmünde okuwçylaryň ýekebara aýratynlyklaryna laýyk gelmelidir;
3. Ynandyrma subutly, birnäçe subutnamalar esasynda delillendirilýän, yzygiderli bolmalydyr;

4. Ynandyrma diňe bir nazary kadalary, düzgünleri we ýörelgeleri düşündirmek esasynda däl-de eýsem, ol durmuş tejribesinde takyk mysallar getirmek esasynda hem geçmelidir;
5. Mugallym okuwçylara ynandyrýan zatlaryna, düşünjelerine ilki bilen özi ynanmalydyr. Onsoň olary mugallym okuwçylaryň aňyna durnukly görnüşde, netijeli ornaşdyryp biler.

Ynandyrma ýagdaýynda diňe bir bildirilýän talaplary bilmek ýeterlikli däldir. Eger-de mugallym ynandyrmasyny dogry we subutly gurmak islese, onda oňa bildirilýän talaplardan başga-da, subutnama etmäniň logikasyny ýa-da logikanyň kanunlaryny we düzgünlerini bilmelidir. Olar mugallymyň ynandyrmasyny dogry we subutly we degişli subutnamalar arkaly delillendirýän hökmünde görkezilýär.

Alymlaryň (akademik N.I Kondakowyň) pikirlerine görä, pikir (logiki) hereketinde (subut etmede) bir pikiriň dogrulygy beýleki pikirleri mysal getirmek arkaly subut edilýär.

Meselem, türkmen dilinde söz böleklerini kesgitlemeler arkaly biri-birleri bilen deňeşdirmek bilen, gönükmeleri işlemek bilen, olaryň jogap bolýan soraglary arkaly subut edilýär.

Eýsem subut etme näme? Subut etme üç sany özara arabaglanyşykly bölekden durýar,olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ýazgy-tezis (nämäni subut etmeli?). Subut edilýän zat, maglumat (material);
2. Deliller-argumentler (subutnamalar, mysallar, nämäniň kömegi bilen subut etmeli, deliller, esasy pikiri subut etmäge gatnaşýan pikirler);
3. Görkezmek-demonstrasiýa (subut etmäniň netijeleri). Ýazgy-tezis grek dilinde tassyklama, pikir, sözlem diýip terjime edilýär. Munuň dogrulygyny ýa-da nädogrulygyny subut etmeli pikirdir (düşünjedir).

Delil (esasy subutnama ) bu pikiriň kömegi bilen beýleki pikiriň dogrulygy ýa-da nädogrulygy barlanýar.

Görkezme-demonstrasiya (latyn dilinde görkezmek «aýan etmek» diýip terjime edilýär). Munuň dogrulygy ýa-da nädogrulygy barlanylyp görlen delilleriň subutnamalaryň netijesini aňladýan pi-

kir bolup durýar. Ynandyrmany, logikany talaplaryna laýyk guramak üçin onuň 4 sany kanunyny bilmeli. Sebäbi olar subut etmäniň esasy düzgünlerini kesgitleýärler. Ol kanunlar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. *Deňlik* (*ýa-da meňzeşlik*) *kanuny*, beýle diýmek, iki sany dogry pikirden dogry netije alynýar diýildigidir.
2. *Gapma-garşylyk kanuny*. Bu iki sany gapma-garşylykly pikir ikisem bilelikde dogry (çyn) bolup bilmez diýen netijäni berýär.
3. *Aýyrma* (*çykarma*) *kanuny*. Bu iki sany pikirden üçünji bir dogry netije berýän pikir bolmaýar, sebäbi olaryň biri dogry, beýlekisi nädogry, şeýle bolansoň olar üçünjini, jemleýjini aradan çykarýarlar, aýyrýarlar diýen düşünjäni berýär.
4. *Ýeterlik subutnamalary talap edýän kanun*. Bu kanun islendik pikir beýleki pikirler arkaly subut edilmelidir, delillendirilmelidir. Logikanyň kanunlaryny bilmek mugallyma dogry netijeleri çykarmaklyga, pikirlenme, ynandyrma ýagdaýlarynda ýalňyşlyklaryň öňüni almaklyga kömek edýär.

Psihologlaryň (B. D. Parigin. A. G. Kowolew, A. W. Petrowskiý, K. K. Platonow, I. Ýe. Şwars) ylmy-barlag işleriniň görkezmegine görä, pikir ýöretme adamlaryň psihikasynda we hereketlerinde käbir üýtgeşmeleri döretmäge ukyplydyr. Bu psihologlaryň aýtmagyna görä, pikir (duýgy) döretme durmuşy-psihologik hadysa bolup durýar. Beýle bolmagynyň iki sany sebäbi bar, olar şulardan ybaratdyr:

1. Pikir döretme durmuşy hadysa bolup, ol jemgyýetiň syýasaty bilen kesgitlenýär;
2. Pikir döretme işi (duýgy ) «Subýekt-obýekt» ýörelgesi boýunça däl-de, «Subýekt-subýekt» ýörelgesi esasynda bolup geçýär (B. F. Lomow). Pikir (duýgy) döretme ulgamy (suggestor-suggerend pikir (duýgy) dörediýän ony kabul edýän) 3 sany bölekden ybaratdyr:

1. *Amallar* (*operasion*) *bölegi*. Bu ýerde mugallym-suggestor okuwça-suggerende pikir döretme täsirini edýär.
2. *Geçiş* (*prosesual*) *bölegi*. Bu ýerde pikir döretme täsirini suggerent kabul edip alýar.
3. *Netije*. Pikir döretmäni kabul edip alýanyň jogap reaksiýasy.

Pikir (duýgy) döretme täsiriniň esasy serişdesi söz bolup durýar. Şonuň üçin halkyň arasynda şeýle sözler bar: Bir söz adamy galdyrybam we öldüribem biler. Häzir psihologik we pedagogik nazaryýetde suggerendiň pikir (duýgy) döretmäni kabul etme ýagdaýynyň düşünjelilik ýa-da düşünmezlik ýagdaýda geçirýärmi? diýen soraga jogaplar boýunça alymlar dürli-dürli toparlara bölünýärler. Meselem, käbir awtorlar bu proses doly düşünjesizlik ýagdaýda geçýär diýip belleýär (Z. Freýd we başgalar). Ýöne belli psiholog S. L. Rubinşteýniň pikirine görä psihiki işiň iki derejesi hem bolýar:

1. Düşünjelilik. 2. Düşünjesizlik pikirlerimizi jemläp aýtsak, pikir döretme prosesi alym S. L. Rubinşteýniň aýdyşy ýaly, düşünjelilik we düşünjesizlik ýagdaýda hem bolup geçýär. Şeýlelik bilen,pikir (duýgy) döretme diýip, söz üsti bilen we sözsüz serişdeleriň kömegi arkaly amala aşyrylýan psihologik täsire aýdylýar.

Suggestor öz maksatlaryna we isleglerine laýyklykda pikir döretmäniň käbir usullaryny ulanyp, suggerendiň psihikasyna dürli-dürli ýörelgeleri girizýär we şeýle etmek bilen mugallym okuwçynyň (suggestor suggerendiň), (mugallym okuwçynyň) psihiki işini üýtgetmeklige çalyşýar. Suggerend pikir döretmäni pes derejeli düşünjelilik we tankyt esasynda kabul edýär we ol onuň içki ýörelgelerine öwrülýär. Şuňa laýyklykda pikir döretmäniň 3 sany görnüşi bolýar. Olar şulardan ybaratdyr:

1. Ruhubelentlik ýagdaýda geçýän pikir (adamyň kadaly psihiki we fiziki ýagdaýy);
2. Gözbagçy (gipnoz – gözbagçylyk) ýagdaýda geçýän pikir döretme;
3. Uky ýagdaýynda bolup geçýän pikir döretme.

Adamzadyň ösmeginde (iň gadymky wagtlardan bäri) ilkinji gezek pikir döretmäniň ruhubelentlik ýagdaýda geçýän görnüşi ulanylypdyr. Häzirki döwürde hem pikir döretmäniň bu görnüşi jemgyýetde giňden peýdalanylýar. Şonuň üçin muňa pikir döretmäniň esasy görnüşi diýip hem aýdylýar. Belli bir maksatlaryň barlygyna we ýoklugyna laýyklykda pikir döretme öňünden niýetlenilip we niýetlenilmän edilýän görnüşlere bölünýär.

Öňünden niýetlenilip edilýän pikir döretmede bir maksady goýýar we ähli işi şoňa gönükdirýär. Öňünden niýetlenilmän edilýän pikir döretmede bolsa, belli bir maksat bolmaýar.

Täsir ediş usullaryna laýyklykda pikir döretme açyk ýa-da ýapyk görnüşlere bolünýär. Gatnaşýan adam sanyna görä, pikir döretme ýekebara we toparlaýyn görnüşlerine bölünýär. Ýekebara pikir döretmä 2 adam gatnaşýar. Meselem, mugallym we okuwçy, lukman we näsag we ş.m.

Toparlaýyn pikir döretmede köp adam gatnaşyp, biri-birine psihiki täsir edýärler. Pikir döretmäniň birnäçe görnüşleriniň bardygyny indi biz bilýäris. Ýöne, umuman alanymyzda, pikir döretmäni mugallym nähili ýagdaýda netijeli, üstünlikli geçirip bilýär, diýen mesele ýüze çykýar. Şeýle meseläni çözmekde pikir döretmäniň netijeliligini üpjün edýän birnäçe şertler uly kömek edýär. Olar şulardan ybarat:

1. Mugallymyň (suggestoryň) okuwça (suggerende) hoşniýetli (ýa-da hoşniýetsiz) garaýşy. Şeýle ýagdaýda olaryň arasynda oňat, ynançly ýagdaý döreýär;
2. Mugallymyň okuwçydan (suggestoryň suggerentden) özüni hemişe psihologik taýdan artykmaç ýagdaýda duýmagy. Şeýle edilende mugallymda özüne bolan berk ynam döreýär;
3. Mugallymyň (suggestoryň) pikir döredýän wagtynda öz aýdýan zatlaryna özüniň ynanmagy.

Ynandyrma bilen pikir döretmäniň arabaglanyşygy barada aýtmazdan öňürti olaryň aýratynlyklary barada durup geçeliň. Ynandyrma biz öň aýdyşymyz ýaly, bu pedagogik täsir bolup durýar.

Pikir döretme bolsa doly ýagdaýda psihiki täsirdir. Ynandyrmada mugallymyň aýdýan sözlerini, ýörelgelerini okuwçylar kabul edibem ýa-da tersine, kabul etmän hem bilýärler. Ýöne pikir döretmede bolsa, proses diňe bir taraplaýyn gidýär,ýagny mugallymyň ýörelgelerini, sözlerini okuwçylar gürrüňsiz hökmany suratda kabul edýärler.

Pikir döretme adamyň dürli-dürli psihiki ýagdaýlarynda bolup bilýär. Düşünjelilik we düşünjesizlik, ruhubelentlik gipnoz uky wagtyndaky ýagdaýlarynda bolup bilýär.

Ynandyrma bolsa diňe düşünjelilik we ruhubelentlik ýagdaýlarynda bolup bilýär.

Ynandyrma bilen pikir döretme biri-birleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Eger-de mugallymyň ynandyrmasy okuwçylaryň aňynda dogry, oňat netijeli pikir döretmese, onuň pedagogik işi netijesiz bolardy. Şonuň üçin mugallym diňe bir okuwçylary okuw maglumatlarynyň üsti bilen ynandyrmak bilen çäklenmän, olarda dogry pikirleri döretmeli.

## § 10. Çaga ynsanperwer çemeleşmekde mugallymyň ussatlygy

Biziň ýurdumyzda ösüp barýan ýaş nesilleri terbiýelemek döwlet ähmiýetli uly işdir. Olar mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýeleýji edaralarda we mekdepde, mekdepden daşary edaralarda terbiýelenýär. Emma şeýle-de bolsa olaryň ilkinji terbiýeleýjileri ene-atalardyr, jemgyýetiň ilkinji toparydyr, onuň agzalary biri-biri bilen garyndaşlyk aragatnaşyklary we umumy bähbitleri taýyndan ysnyşykly baglanyşyklydyr. Şu toparda, ozaly bilen, biziň çagalarymyz ösüp ulalýarlar hem-de terbiýelenýärler.

Ene we ata çagalaryny diňe bir söz bilen ynandyrman, terbiýelemän, eýsem özüniň şahsy göreldesi hem-de gylyk-häsiýeti bilen hem terbiýeleýär. Çagalar durmuşa gadam basan gününden we daş-töwrekdäki dünýä ilkinji gezek göz ýetirip başlan gününden beýläk olara ene-atalar täsir edýär. Şoňa görä-de çaga terbiýe bermekde ene-atalar has-da ynandyryjy bolýar.

Maşgalanyň wezipesi çagalarda täze adamyň gylyk-häsiýetlerini döretmekden hem-de olary jemgyýetçilik işine işjeň gatnaşmaklyga taýýarlamakdan ybaratdyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda ene-atalaryň aglabasy çagany terbiýelemekdäki öz jogapkärçiliklerine oňat düşünýärler hem-de oňa köp wagt üns berýärler. Çaga aýratyn hem eneler köp üns berýärler. *Çagany terbiýelemeklik* – munuň özi enäniň iň hormatly hem-de jogapkärli borjudyr. Atanyň hem çagany terbiýelemekde tutýan orny uludyr. Çagasyny terbiýelemek bilen meşgullanmaýan ýa-da ony ýaramaz terbiýeleýän ata-ene öz raýatlyk borjuny ýerine ýetirmeýär.

Emma çagany diňe bir ene-ata terbiýelemän,eýsem maşgalanyň beýleki agzalary-da terbiýelemelidir.

Maşgalada agzybirlik hem-de guramaçylyk meselesi çagany dogry terbiýelemekligiň möhüm şerteleriniň biridir. Maşgala agzalary biri-birlerine mähirlilik bilen garanlarynda hem-de biri-birlerine özara hormat goýanlarynda çagalarda ýoldaşlyk duýgusy emele gelýär we ösýär. Olar öz şahsy bähbitlerini ähli maşgalanyň bähbitleri bilen, şeýle hem ähli jemgyýetçilik bähbitleri bilen utgaşdyrmagy öwrenýärler.

Çagalary belli bir kada boýunça terbiýelemek bolmaz. Hemme çaga birmeňzeş çemeleşmek hem bolmaz. Çagalar öz gylyk-häsiýetleri boýunça bir-birinden tapawutlanýar. Käbirleri dogumly bolýar, başga birnäçesi bolsa gowşak bolýar. Käbirleri gujurly we batyrgaý bolýarlar, käbirleri bolsa utanjaň hem-de ýygra bolýar. Terbiýlemek işinde hemme ýagdaýlar üçin ýaramly bolan belli bir kada ýokdur.

Şeýle-de bolsa, terbiýe bermekligiň durmuşda barlanyp görlen hem-de köplenç halatlarda oňat netijeleri beren ençeme görnüşleri hem-de usullary tejribede toplandy.

1. Häzirki mekdeplerde we maşgalada ähli terbiýeçilik işleri ösüp gelýän ýaş nesilleri ýokary *ahlaklylyk ruhunda* terbiýelemeklige hem-de olarda adamkärçilik häsiýetiniň endiklerini terbiýelemeklige gönükdirilmelidir.

Çagany we ýaşlary ilkinji nobatda watançylygy, dostlugy, zähmetsöýüjiligi, tertip-düzgünlilik we guramaçylyk, dogruçyllyk we ak ýüreklilik, kemçilikler bilen ylalaşmaýan, öz gylyk-häsiýetine tankydy göz bilen garamaklygy başarýan käbir ýetmezçilikleri mertlik bilen tankytlaýan çagalary terbiýelemek gerek. Çagada ýokary ahlak sypatlary terbiýelemek çylşyrymly hem-de hysyrdyly işdir. Eger-de ene-ata çagalary bilen oňat hem-de yzygiderli suratda iş alyp barsa, çagalarynyň tertibindäki kemçilikleri wagtynda düzetse,onda her bir ene-ata öz çagalarynda ýokary ahlak sypatlary terbiýeläp biler. Çaga ýaş wagtynda terbiýe bermegiň aňsatdygyny, emma ýaramaz endikleri hem-de häsiýetleri öwrenenden soňra oňa

terbiýe bermekligiň kyndygyny ýatda saklamak gerek. Çagany gaý-tadan terbiýelemek üçin örän sabyrly (çydamly) bolmaklygy hem-de çaganyň psihologiýasyny (gylyk-häsiýetini) örän çuňňur bilmek-ligi talap edýär. Çagalar gören zatlaryny beýnä tiz ornaşdyrýarlar. Şoňa görä-de çagalar uly ýaşly adamlara garanda, endikleri hem-de gylyk-häsiýetleri has basym öwrenýärler. Soňra bu endikler we gy-lyk-häsiýetler köp wagtlap saklanýar, şonda diňe bir gowy endikler we gylyk-häsiýetler saklanman, eýsem, gynansak-da, ýaman endik-ler we gylyk-häsiýetler-de saklanýar. Eger çaga ýaş wagtynda «tüm garaňkylyk erbetdir, jyn-arwah bardyr» diýip gorkuzylsa, onda ol ulalanda hem garaňkylykdan gorkýar. Eger çaga ýaşlykda ýalan sözlemäni öwrense, ýoldaşlaryny hem-de uly adamlary aldamany öwrense,onda ol ulalanda hem aldawçy, ýalançy bolýar.

2. *Çagalaryň öňünde ululâryň göreldesi hem-de abraýy*. Ýaş çagalar daş-töwerekdäki adamlar ýaly bolmaklyga çalyşýar. Sebäbi entek olarda ýeterlik düşünje we durmuş tejribesi ýok. Olar ýag-şy-ýamany heniz känbir özbaşdak saýgaryp bilmeýärler. Şoňa gö-rä-de çagalar uly adamlara, ilkinji nobatda bolsa,ene-atalaryna öý-künmeklige çalyşýarlar.

Şoňa görä-de ene-atalaryň gylyk-häsiýetleri maşgalada çaga-lary terbiýelemekde iň gowy serişdedir. Eger-de ene-atalar çagala-ryny dogruçyl hem-de ak ýürekli bolar ýaly edip terbiýelemeklige çalşyp, emma özleri çagalaryň öňünde ýalan sözleseler, onda şunuň ýaly terbiýe bermekligiň özi şeýle bir kän peýda bermeýär. Eger ene hem-de ata çagasyny tertip-düzgünli, jür, sypaýy hem-de uly adamy hormatlaýan edip terbiýelemeklige çalşyp, emma özlerinde şunuň ýaly gylyk-häsiýetler bolmasa, onda olaryň berýän terbiýesiniň hiç bir peýdasy ýokdur.

Ene-atalar kähalatlarda özleriniň gylyk-häsiýetleriniň çagala-ryna terbiýeçilik taýdan nähili täsir edýändiklerini duýmaýarlar. Emma olar çagalaryny her gün, her sagat, her minutsaýyn terbiýe-leýärler. Çagalaryň ýanynda ene-atalaryň hem-de ululâryň edýän gürrüňleri-de çagalaryň gylyk-häsiýetlerine hem-de akyl taýdan ösü-şine guýçli täsir edýär.

Çagalaryny özleriniň gylyk-häsiýetleri, şahsy göreldesi bilen täze adamlary Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň işjeň gurujylary edip terbiýeläp ýetişdirýän ene-atalar bizde barha köpelýär.

Ene-atalar çagalary terbiýeleýän wagtlarynda olary gözden sypdyrman,olaryň yzyna düşüp ýörmeli däldir. Çagalar şeýle terbiýelenende passiw hem-de başarnyksyz bolýarlar.

Çagalary terbiýelemekde esasy zat diňe bir olar bilen gürrüňleşmek bolman,eýsem maşgala durmuşynyň gowy guralmagyna, ene-atalaryň şahsy hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň guralyşyna hem baglydyr. Meselem, çagalara diňe bir dostlugyň ähmiýeti barada gürrüň edip bermeklik ýeterlik däldir. Maşgalada çagalary ulular bilen hemişe mähirli aragatnaşykda bolar ýaly etmek gerek.

Ene-atalaryň özlerini alyp baryşlary hem-de olaryň şahsy ýörelgesi we abraýy çagalarda gowy ahlak (moral taýdan) sypatlarynyň emele gelmegine iňňän gowy täsir edýär.

Şoňa görä-de ene-atalaryň köpüsi çagalaryny özleriniň zähmete bolan garaýyşlary ýaly terbiýeleýärler, ýagny ene-atalar özleriniň zähmetine çagalary guwanar ýaly işleýärler.

Meselem, bir okuwçynyň kakasy syrkawlapdyr diýeliň. Lukman onuň kakasyna ýaramaýanlygy sebäpli rugsat beripdir. Emma birnäçe günden soň, onuň kakasy işe çykypdyr. Ol işden öýe gaýdyp gelende bolsa onuň 12 ýaşly ogly kakasyna şeýle sorag bilen ýüz tutupdyr: «Kaka, sen näme üçin şu gün işe gitdiň? Sen entegem öýde bolmaly ahyry». Atasy ogluna şeýle jogap beripdir: «Indi meniň saglygym gowy, öýde bolmaga wagtym ýok, basym ekiş başlanýar, şoňa çenli traktorlary bejermeli».

Ogly atasynyň bu sözlerini ençeme wagtlap ýadyndan çykarmady. Bu maşgalada ene-atanyň zähmete ak ýürek bilen ýapyşýanlygy sebäpli, bu mekdep okuwçysy ak ýürekli hem-de tertip-düzgünli bolup ulaldy.

Çagalara terbiýe bermekde ene-atalaryň şahsy göreldesi hem-de uly ýaşly adamlaryň abraýy uly ähmiýete eýedir. Çagalaryň öňünde uly adamlaryň abraýy näçe ýokary bolsa, olaryň çagalaryň gylyk-häsiýetlerine we özlerini alyp baryşlaryna şonça-da gowy täsir edýär.

Ene-atalaryň esasy abraýy ozaly bilen olaryň durmuşy, işi, borjy hem-de gündelik gylyk-häsiýetidir. Eger ene-atalar öz ýurdunyň bähbidi ugrunda ýaşaýan hem-de öňdebaryjy raýatlar bolsalar,onda olar çagalaryň öňünde uly abraýa eýe bolýarlar.

3. *Çagalary ynandyrmak.* Çagalar ene-atalarynyň hem-de terbiýeçileriniň berýän maslahatyna oňat düşünýärler. Hatda şondan soň özbaşdak bolup başlaýarlar, uly adamlaryň paýhasly ynandyrmalary we ähmiýetli delilleri çagalaryň özüni alyp barşyna uly täsir edýär. Çagalar diňe bir söze ynanman, eýsem, ene-atasynyň hem-de maşgala agzalarynyň, ulularyň gylyk-häsiýetlerine-de ynanýandygy mälimdir.

Çagalarda watançylygy hem-de dostlugy terbiýelemekde ynandyrmanyň has-da uly ähmiyeti bardyr. Şonuň üçin hem çagalar öz mähriban Watanyny söýer ýaly olara Watanymyzyň baýlygy hem-de kuwwaty hakynda, häzirki eşretli durmuş hakynda, adamlaryň parahatçylykly zähmeti hakynda hem-de olaryň parahatçylygy pugtalandyrmak ugrundaky göreşi hakynda gürrüň bermek gerek. Şonuň bilen birlikde öz işiňde Watana hyzmat edişiň barada çagalara görelde görkezmeli.

Çagalara dürli milletlerden bolan adamlary sylamaklygy öwretmeklik üçin olara dürli halklaryň ajaýyp däp-dessury barada,olaryň parahatçylyk işine,ylma medeniýete, sungata goşýan goşantlary barada gürrüň edip bermek zerurdyr. Öz eden gürrüňleriňi beýleki milletleriň zähmetkeşlerine bolan garaýşyň ýaly aýdyň suratda berkitmek gerek.

**Çagalara edepliligi öwretmek.** Çagalary terbiýelemek işinde olara edep-tertipliligi öwretmek uly orun tutýar. Çaga diňe bir edep – tertip öwretmän,ony durmuş bilen öwrenişdirmegiň, onda tertipliligiň gowy endiklerini terbiýelemekligiň möhümdigini hem tassyklapdyrlar (B. G. Belinskiý). Çagalara diňe bir başga adamyň görkezen edermenlikleri baradaky hekaýalary gürrüň edip bermek bilen, olary batyrgaý adam edip ýetişdirip bolmaz. Şonuň üçin hem olary dogumly bolar ýaly ýagdaýlarda saklamaly. Çagany kynçylyklara çydamly bolmaklyga öwrenişdirmeklik möhümdir. Elbet-de, bu kynçylyklary özüň bilgeşleýin döretmeli däldir.

6. Sargyt № 2124

Mekdebe çenli ýaşdaky döwürden başlap çaga özüni alyp barmagyň belli bir tertip-düzgünini berjaý etmekligi, päkizeçiligi, sypaýyçylygy hem-de uly adamlara hormat goýmaklygy öwretmek gerek.

Çagalaryň has medeniýetli bolmagyny gazanmak üçin olaryň göwün-isleglerini götermek gerek. Meselem, çagalarda ýaşlygyndan sada, owadan eşikleri geýmeklige hem-de olary päkize saklamaklyga höwes döretmek gerek.

Durmuşda arassa bolmaklyk, geýimi päkize hem-de gowy geýmeklik özüňi medeniýetli alyp barmaklygyň möhüm endiklerinden biridir.

Çagalara hem-de ösüp barýan ýaş nesillere başlan işiňi soňuna çenli alyp barmaklygy, sapak wagtynda ünsüňi sowmazlygy, iş gutarandan soň zatlaryňy, okuw kitaplaryňy öz ýanyň bilen alyp gitmekligi öwretmek gerek. Çagalara häli-şindi ýatladyp (tabşyryp) durmak ýoly bilen olarda bu endikleri döretmek aňsatdyr.

**Çagalary öwmek.** Çagalary eden oňat işleri üçin öwmegiň çaga terbiýelemekde uly ähmiýeti bardyr. Çagalaryň oňat zada bolan höwesiniň öz wagtynda goldanmagy dürli hili jezalandyryş çärelerini ulanmakdan has oňat netije berip biler. Çaganyň özüni alyp barşynyň gowy taraplaryny görmän, onuň oňat edýän işlerini taryplaman, onuň kemçiliklerini bir syhly ýatladyp durýan ene-atalar nädogry edýärler.

Öwmeklik ýerlikli peýdalanylsa, ol çagalaryň häsiýetiniň we özüni alyp barşynyň gowy taraplarynyň ösmegine ýardam edýär. Çagalar özlerini öwdürmek üçin özüni oňat alyp barmaga çalyşýarlar. Şonuň bilen birlikde öwgi çagalarda öz güýçlerine ynam döredýär, olaryň keýpini göterýär, gowy baha berlen hereketlerini gaýtalamaga çalyşmak duýgusyny ösdürýär. Adatça çagalaryň özüni oňat alyp barýanlygy üçin öwmeklik, taryplamak we sylaglamak görnüşinde ulanylýar. Elbetde çaga öwgä mynasyp bolanda öwmelidir. Käbir ene-atalar terbiýelemegiň bu usulyny çendenaşa köp ulanyp, hatda sähelçe üstünligi üçin çagany çakdanaşa taryplaýarlar we sylaglaýarlar. Bu bolsa çaganyň öwgä parhsyz garamagyna, oňa öwrenişmegine

eltýär. Çagalary her bir oňat işi üçin öwüp durmagyň geregi ýokdur. Olar diňe taryplamak we sylaglamak üçin özlerini gowy alyp barman, eýsem olar özlerini gowy alyp barmaga öwrendikli bolmalydyrlar.

Elbetde, çagalary dogry terbiýelemekde sylag-sowgat bermek hem gadagan däldir. Ýöne olar birnäçe wagt öňünden wada edilip berilmän, eýsem olaryň berilmegi çagada garaşylmadyk begenç döretmelidir. Çagalara ozaly bilen akyl we beden ösüşine ýardam edýän: oýunjaklary, kitaplary, çagalar üçin niýetlenen sport enjamlaryny we beýleki zatlary sylag bermek gerek.

**Ýazgarmak.** Çagalaryň eden ýaramaz işlerini ýazgarmak ýaly täsir ediş usulyny hem ulanmaly bolýar. Çaga bir zady subut etmek üçin örän sabyrly, takatly, başarjaňly bolmak gerek. Beden temmileriniň ulanylmagy gadymy geçmişiň çagalara sessiz-üýnsüz boýun bolmagy öwretmek üçin peýdalanan zyýanly hem-de aýyplaýjy galyndysydyr. Käte beden temmileriniň kömegi bilen käbir çagalary haýsy bolsa-da bir işi ýerine ýetirmäge mejbur etmek mümkindir, emma olary ynandyrmak mümkin däldir.

Çagalaryň ýaramaz eden işlerini ýazgarmak üçin olaryň käbir höwes edýän, gyzyklanýan zatlaryny azaltmak bolar, meselem, olary zat, sylag bermekden kesmek bolar, kino ýa-da teatra gitmegi, gezelenje çykmagy we ş.m gadagan etmek bolar.

Käýemek ýa-da etmesiz erbet hereketleri görkezmek bilen hem olara temmi bermek ýa-da olary ýazgarmak bolar. Meselem, oglanjyk özünden uly doganyna sapagyny taýýarlamaga päsgel berýär. Doganynyň stoluň ýanyndan aýrylyp başga bir zada güýmen diýenine gulak asman, ýakymsyzlyk etmegini dowam edýär diýeliň. Munuň ýaly ýagdaýda oglanyň kakasy, ejesi ýa-da içerdäki uly adamlardan biri oglana öwüt berýär we onuň edýän hereketini ýazgarýar.

# IV bölüm

# Okuw-terbiýeçilik işlerinde mugallymyň ussatlygy

## § 11. Sapakda mugallymyň ussatlygy

Ussatlygyň tilsimatyny, pedagogik tarapyny sapaga taýýarlyk görlen wagtynda ýüze çykarmalydyr. Sapagyň maksady we wezipeleri, talaplary kanagatlandyrar ýaly goýulýar. Sapagyň görnüşiniň kesgitlenişi öňde durýan usulyýet meselelerden ugur alýar. Sapakda okuwçylaryň akyl ýetiriş işini dolandyrmaga aýratyn mesele hökmünde seredilýär. Şol baglanyşykda sapakda geçirilýän käbir işleriň görnüşleri, olara bildirilmeli aýratyn talaplary ýüze çykarýar. Sapaklaryň geçirilişinde mugallymyň meseleleriň üsti bilen (problemalaýyn) beýan edişi, durmuşy dersara baglanyşygy emele getirýär. Ol ýagdaý üçin soraglaryň goýluşy hem ol şerte laýyk bolmaly. Sapakda okuwçylaryň özbaşdak işi aýratyn ünsi talap edýär. Çagalara özbaşdak işlemegi öwretmek hökmandyr. Öý işini tabşyrmak we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek pedagogik çemeleşmeleriň göwnejaý bolmagyny talap edýär.

Sapakda mugallymyň çekýän pedagogik zähmeti-de göwnejaý bolmaly. Ilkinji nobatda sapagyň psihologik taraplary göz öňünde tutulmaly. Oňa laýyklykda okuwçylaryň okuw işinden talap etmegiň görnüşleri emele gelýär. Sapakda degişme pursatlary (ýumor) hem orun eýeleýär. Sapagyň geçirilişinde onuň gidiş tizligi yzygider berjaý edilmeli. Sapakda öz-özüňe gözegçilik hökmany saklanylmaly şertleriň biridir. Mugallym elmydama döwrüň täzelikleri bilen deňdeş ýörelgeleri kabul edýändir. Olar sapaga, onuň mazmunyna we görnüşine göni täsirlidir. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň geriminiň giňelmegi bilen täze usulyýetler hem ulanylyşa girizilip baş-

lanyldy. Okatmagyň interaktiw usuly özara işjeňligiň görnüşini emele getirdi. Şeýle-de multimediýa we interaktiw iş usullary hödürlendi.

Okuw-terbiýeçilik işini dolandyrmakda mugallymyň ussatlygy aýratyn, mazmunly çemeleşmeleri talap edýär. Mugallymyň sapakda ussatlygy birnäçe işleri göz öňünde tutmagy bilen baglanyşyklydyr: mekdepde birek-birek bilen aragatnaşygy, hyzmatdaşlygy, pedagogik tejribede öňdebaryjylaryň esasy pikirlerini (ideýalaryny) öňe sürmek bilen, okuw işinde sapagyň ornuna we mugallymlaryň ussatlygynda okatmak serişdeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak, öwrenilýän maglumatlaryň (materiallaryň) mazmunynyň seljermesine we ussat mugallymlaryň sapagy taýýarlanmasyna, işlemesine aýratyn üns bermek bilen pedagogik talaplary berjaý edýär.

Her bir pedagog ussat mugallym bolmaklygy isleýän bolsa, onuň her bir sapagy netijeli, mazmunly we gyzykly bolmalydyr. Onuň üçin tejribeli bolmaklygy ýene-de sapagyň usulyny we tehnikasyny oňat ele almalydyr.

Sapaga taýýarlanmakda mugallymyň esasy işi näme? Sapakda mugallym pedagogik ussatlygyny görkezmek bilen, pedagogik bilimleri we başarnyklary aýtmak bilen çäklenmeýär.

Sapagyň usuly, täri(tehnikasy), tilsimatyny(tehnologiýasyny) we ş.m. hemmesini käwagtlar aýdyp ýa-da ýazyp ýetişmek mümkin däl. Şonuň üçin hem käbir pedagogik taýdan ussatlaryň tilsimat tarapyny sapagy taýýarlan wagtynda ýüze çykarmalydyrys.

Mugallymyň ussatlygy, ilkinji nobatda, onuň sapaga nähili taýýarlyk görýänligi bilen baglydyr. Ol elmydama özüniň üstünde işläp. tejribesini täze tejribeler bilen baýlaşdyrmalydyr.

Sapagyň maksadyny we onuň belli bir pedagogik meselelerini oňat oýlanyp, sapakda hökman çözmelidir. Her bir sapagyň maksady we wezipeleri özünde terbiýeçilik pikirleriň jemlemesidir.

Tejribeçilik işiniň wezipesi okuwçylaryň dünýägaraýşyny emele getirmekden ybaratdyr.

Terbiýe göwnejaý gurlan mahalynda üstünlige ymtylyş derejesi şahsyýetiň ukyplaryna we zähmetsöýerligine laýyk gelmeli. Mugallym okuwçynyň üstünlik gazanmaga bolan ynamyny goldamak bilen, şol wagtyň özünde, onuň işiniň netijelerine ýerlikli talap edijilik bilen

baha bermelidir, esassyz nägilelikleriň döremegine ýol bermeli däldir. Üstünlige ymtylyşyň derejesiniň biraz ýokary bolmagy, köplenç, adama öz ukyplaryny ösdürmäge mümkinçilik berýär, ýöne ol öz işiniň maksadyna ýetmäge tutanýerli we yzygiderli çalyşmalydyr.

Bilimlilik okuw maksatnamasynyň talabyna görä okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini taplaýar.

Okatmak we terbiýe bermek bu bilim bermek prosesini çaltlandyrýar. Okatmak işinde çaga tebigat we jemgyýetçilik wakalary hem-de nazary we amaly ýumuşlary çözmekligiň tärleri hakynda bilimleri ele alýar.

Hakykatyň kanunalaýyklyklaryny we adamlaryň toplan taryhy akyl ýetiriş tejribelerini bilmek, adamyň işe taýýarlygyny, ukyplarynyň kemala gelmegi üçin ýumuşlary çözmegiň netijeli tärlerini ele almagyň uly ähmiýeti bardyr.

Bilimleriň iki görnüşiniň tapawutlandyrylyşyna laýyklykda okuwçylaryň özleşdiriş derejesini kesgitlemek zerurdyr: 1) ýagdaýa hakykat baradaky bilimiň belli bir möçberi we hili hakynda; 2) akyl zähmetiniň we amaly işiň okuwçynyň okuwda we zähmetde mundan beýläk-de öňe gitmegini üpjün edýän häsiýetleriň, tärleriň kemala gelmegi hakynda gürrüň bolýar.

Diňe şonda jemgyýetiň akyl ýetiriş güýjüni, kuwwatyny ulanmak meselesini dogry çözüp bolýar.

Adamyň ukybyny bilmek üçin her hili şertleri döretmek hökmandyr.

Ýöne hemme çagalar üçin deň bolan umumy bilim okuwçylaryň ukyplarynyň güýçli depginde ösjekdigine güwä geçmeýär.

Bu ilkinji nobatda bir synpda ukyby, zehini, gyzyklanmasy dürli bolan çagalaryň okaýandygy bilen baglydyr. Okuwçynyň ukybyny iň amatly tertipde emele getirmekde bellibir çäreleriň ulgamy hökmandyr. Şeýlelikde, jemgyýetçiligiň ukyplylygy ýokary ýagdaýda ösdürmek üçin gyzyklanmasy böleklere bölünip (aýratyn) okatmaklygyň hökmanylygyna getirýär. Böleklere bölünip okatmaklygyň hökmanylygy jemgyýetçilgiň adamzada gyzyklanmasyny ýerine ýetirmekden gelip çykýar.

Häzirki zaman sapagyny guramaklygyň düzgünleriniň esaslary şulardan ybarat: maksady kesgitlemek, goýlan maksada görä okuw

maglumatlarynyň mazmunyny seljermek, okuwyň wezipesini emele getirmek, okatmagyň usullaryny we usullaryna iň oňat şertler döretmek, okuwçylar bilen mugallymyň arasynda özara täsirligi anyk guramak, sapagyň gurluşyny saýlamak.

Ýaş mugallymlar üçin sapagyň gurluşyny saýlamaklyk aýratyn hem çylşyrymlydyr.

Sapagyň gurluşy – bu esasy bölekleriň yzygiderliginde we özara baglanyşykda, ýagny bilimleri barlamak, täze maglumatlary öwrenmek, geçilenleri berkitmek, özleşdirmeklige gözegçilik etmek, geçilenleri umumylaşdyrmak, jemlemek, öýe iş tabşyrmak we ş.m. degişlidir.

Sapagyň gurluşy nusga we ülňi görnüşinde bolmaly däldir.

Sapagyň gurluşy boýunça mugallym onuň meýilnamasyny düzýär. Ýazuw üsti bilen beýan etmeklik mugallymyň özüne baglydyr.

Sapagy taýýarlamak üçin her bir basgançak üçin wagty göz öňünde tutmalymy? Oňa şübhelenmeli däl, hökmany göz öňünde tutmaly, ýöne sapak geçilýän döwründe berlen wagta seretmek gerek. Ol sapakda döreýän ýagdaýa baglydyr: okuwçylaryň taýýarlygyna, täze bilimi kabul ediş derejesine, emosional keýpine we ş.m.

Sapak meýilnamalaşdyrylandan soň, sapagyň meýilnamasy özleşdirilmelidir. Her bir mugallyma öz okuw ýazgysyny we iş meýilnamasyny öwrenmek hökmanmy? Beýle sorag diňe täze işe başlan ýaş mugallym däl-de köp iş tejribeli mugallymlara hem degişlidir. Ony tassyklamak üçin birnäçe mysallara ýüzleneliň:

*Mugallymyň sapaga taýýarlanyşyny birnäçe görnükli pedagoglar şeýle häsiýetlendirýärler:*

1. Maksatnamanyň geçiljek sapaga degişli bölümini öwrenmeli, maksatnamanyň düşündiriş hatyna seretmeli;
2. Şol bölümiň maglumatlaryny, soraglaryny, temasyny öwrenmeli;
3. Sapagyň mazmunyny anyklap, soraga jogap berip, onuň netijeliligine ýa-da maksadyna ýetmek üçin aladalanmaly;
4. Okuwçylaryň pikirini bilmeli, toparyň özüni alyp barşyny göz öňünde tutmaly. Okuwçylaryň psihologiýasyny öwrenenden soň, pedagogik sungaty, ussatlylygy ulanyp öňde goýlan maksada ýetmekligi çalyşmaly;

5. Ähli usullaryň toparynda okuwçylaryň hem-de maglumatlaryň amatlylygyny saýlap almaly;
6. Görkezme esbaplary taýýarlap, tehniki serişdeleriň taýýarlygyna göz ýetirmeli we ş.m.

Bu işler pedagogik taýdan özüni ödändir, ýagny şularyň esasynda sapagyň görnüşi döreýär, sapagyň görnüşiniň döremegi – bu döredijilikli işiň netijeliligine baglydyr.

Sapagy kämilleşdirmek maksady bilen, onuň gurluşynyň soraglaryndan başga-da, umumy meseleler çözülýär, ýagny dersleriň bütin didaktiki maksada ýetmekligi, bilimleri beýan etmek başarnygy we endigi berkitmek, bir wagtyň özünde berkidilip we barlamak bilen düşündirmek, okuwçylaryň özbaşdak işleri mugallymyň beýan eden bilimi arkaly nygtalýar; täze elementleri berkitmek-de we bilimleri barlamak-da girizilýär.

## § 12. Mugallymyň hünär ussatlygyny kämilleşdirmekde pedagogik-psihologik nazaryýetiň orny

Mugallymlaryň pedagogik başarnyklaryny artdyrmakda mekdepde usuly işleriň dogry ýola goýulmagy uly orun tutýar. Onuň üçin mekdepde *usuly geňeş* döredilýär. Geňeşiň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– Mugallymlaryň usuly taýýarlygyny artdyrmak. Sapaklaryň meseleleýin okadylmagyny gazanmak;

– Meýilnamadaky üýtgeşmeleri göz öňünde tutmak bilen, onuň täze pikirlerini öwrenmek;

– Açyk sapaklaryň üsti bilen mugallymyň nazaryýet taýýarlygyny amaly barlap durmak;

– Okuwçylaryň bilimleriniň hilini, başarnygyny we ukybyny hemişe seljerip durmak, olaryň bilimleriniň hasabatyny ýöretmek;

– Öňdebaryjy mugallymlaryň iş tejribesini öwrenmek we umumylaşdyrmak. Şu maksat bilen özara sapaklara gatnaşylmagyny guramak.Olaryň bölüm maslahatlarynda ara alyp maslahatlaşylmagyny guramak;

– Çap edilýän döwürleýin neşir önümlerinde pedagogik täzelikler bilen mugallymlary yzygiderli tanyşdyryp durmak;

– Ýaş mugallymlary tejribeli halypa mugallymlara berkitmek, wagtly-wagtynda olaryň hasabatyny diňlemek;

– Mekdep bilen ata-eneleriň aragatnaşygyny pugtalandyrmagy gazanmak.

Bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin usuly otagy oňat abzallaşdyrmaly. Onda mugallymlary döredijilikli işlemäge çagyrýan şygarlar, olar üçin gerekli gollanmalar, meýilnamalar bolmalydyr.

Ýörite ýasalan tekjelerde bolsa dersler boýunça okuw kitaplary goýulmalydyr.

*Usuly burçda* bolsa, ýazuw işleriniň nusgalary, ýazuw işlerine baha goýmagyň kadalary görnükli edilip ýerleşdirilmelidir. Usuly birleşmeleriň işleri we onuň meýilnamasy otagda ýörite asylyp goýulmalydyr. Ondan başgada usuly birleşmede diňlenilen nutuklar beýanlaşdyrylyp iň gowulary goýulmalydyr.

Mugallymlaryň arasynda bäsleşikler geçirilip durmalydyr: elde ýasalan görkezme esbaplaryň bäsleşigi; «ussat» ady bilen usuly bäsleşik geçirmek. Bäsleşik 2 tapgyrda geçirilse oňat bolardy. Ilkinji tapgyrda mugallym okuwçylaryň öňünde sapak bermeli. Indiki tapgyrynda pedagogik ýagdaýlara, okatmagyň usulyna degişli soraglara jogap bermeli, nusgawy şahyrlaryň goşgularyndan bir bent okamaly we şol goşgynyň haýsy şahyryňkydygyny bilmeli. Şeýle hem bäsleşige gatnaşan mugallym şol şahyryň suratyny haýsy suratkeşiň çekendigini aýtmaly. Ýene-de bir soragy türkmen halk sazyny diňläp, onuň adyny kesgitlemek. Bäsleşigiň soňky soragy bolsa terbiýeçilik häsiýetli halk pedagogikasyna degişli bolup, halk döredijiliginden rowaýat, hekaýa ýa-da şorta söz aýtdyrmakdan ybaratdyr.

Şu bäsleşigi geçirmek üçin emin agzalaryny bellemeli.

Sapaklara gatnaşmak üçin emin agzalary, hem-de ähli mugallymlar 3 topara bölnüp gatnaşmalydyrlar. Olar sapagy guran mugallymlara 5 ball ulgamynda baha bermelidirler.

Ikinji tapgyry geçirmek üçin mekdep müdiriniň ýolbaşçylygynda 5 adamdan ybarat emin agzalary döretmeli. Olar berlen her soragyň jogabyna baha goýýarlar.Soňra jemini jemleýärler.

Mugallym okuwçylaryň guramaçylyk başarnyklaryny ösdürmek, öz-özüňi terbiýelemekligiň esasan-da kämilleşdirmek üçin: toparyň meýilnamasy esasynda işläp bilmekligini, toparyň agzalarynyň arasynda zähmet prosesiniň bölünmekligini, zähmetiň amatly netije bermekligi üçin, işiň ýollaryny we serişdelerini tapmak, öňde goýlan işiň meýilnamasyny düzmek, başlanylan işden netije çykarmak, toparyň işi we öz işiň boýunça netije çykaryp bilmek, işiň takyk ýerine ýetirilmegini gazanmak, zähmeti, dynç almaklygy gezekleşdirip guramagy başarmak, zähmete degişli esbaplaryň bolmagyny, iş ýeriniň amatly bolmagyny gazanmak, bellenilen meýilnamany seljermek we netije çykarmak, öz wagtyny hasaba almak, wagty tygşytlamak, özbaşdak bilimini ösdürmek, gündelik tertibiň bolmagyny, zähmetiň ýerine ýetirilişine amatly ýagdaýyň döredilmegini, saglygy goramagy, dynç almaklygy guramak ýaly soraglardan ugur alýar.

*Mugallymlaryň we okuwçylaryň zähmet başarnygyny ösdürmek üçin:*

1. Mekdebiň mugallymlarynyň ýeke-täk talabyny berjaý etmeklerini gazanmak, olaryň guramaçylyk başarnyklaryny ösdürmek;
2. Mugallymyň zähmetini guramakda mekdebiň arassaçylyk talaplaryny gowulandyrmak, okuwyň gün-tertibini we synpdan daşary geçirilýän terbiýeçilik işleriniň gün-tertibini kadaly düzülmegini gazanmak;
3. Mekdepde işleýän her bir mugallymyň hojalyk işgärleriniň berk gün-tertibiniň bolmaklygyny gazanmak ;
4. Mugallymyň işine yzygiderli gözegçilik etmek, olaryň öňde baryjy usullaryndan döredijilikli peýdanmagyny gazanmak;
5. Mugallymlara jemgyýetçilik-köpçülik işleriniň deň bölünmegini gazanmak;
6. Mekdepde ýaşlar guramalarynyň işini kadaly ýola goýmak.
7. Mekdepde psihologik ýagdaýy(klimaty) gowulandyrmak;
8. Gözellik, ahlak terbiýeleri bermekligi guramak;
9. Mekdepde geçirilýän maslahatlaryň, ýygnaklaryň wagtyny gysgaltmak, bir aýda geçiriljek ýygnaklaryň, maslahatlaryň meýilnamasyny öňünden düzmek;

10. Geçiriljek ýygnaklaryň tertibi bilen mugallymlary öňünden tanyşdyrmak;
11. Mugallymlara usuly kömekleri bermekligi ulgamlaýyn meýilnamalaşdyrmak;.

*Mundan başga-da mugallymlar üçin ýörite ulgam guramak gerek:*

1. Pedagogika biliminiň ulgamyny (pedagogika, psihologiýa, hususy usulyýet) öwrenmek;
2. Usuly işleriň ulgamyny öňdebaryjy iş tejribesini öwrenmek, usuly birleşmäniň işine gatnaşmak we ş.m.
3. Mugallym mekdepde işini şeýle guramagy göz öňünde tutmak bilen öz işiniň ulgamyny guramalydyr. Okuw-terbiýeçilik işleriniň ulgamy: okuwçynyň gün-tertibi, iş ýeri, guramaçylyk başarnygyny, syýasy-guramaçylyk başarnygyny we ş.m. terbiýelemek.
4. Mekdep bilen maşgalanyň arasyndaky aragatnaşygy ýola goýmaklygyň ulgamy, okuwçylaryň okuw-terbiýeçilik işlere gatnaşygy, ýetişigi, çagalary gyzyklandyrýan meseleler bilen ata-eneleri tanyşdyrmak.
5. Ata-eneler üçin maşgala terbiýesine, çagalaryň ýaş, psihologik aýratynlyklaryna degişli temalardan nutuklar okamak, sorag-jogap agşamlaryny, maslahatlary geçirmek degişlidir. Mugallym tarapyndan okuw terbiýeçilik işleriniň şeýle guralmaklygy okuwçylaryň bilim derejesiniň kämilleşmegini, olaryň bilesigelijilik islegleriniň ösmekligine ýardam edýär.

## § 13. Mugallymyň hünär terbiýeçilik başarnyklaryny kemala getirmek

«Abraý mirasda däl-de, akyl bilen edepdedir» – diýip, ata-babalarymyz aýdypdyrlar. Beýiklik aslyň kimligine, gelip çykyşyňda däl-de, akyl-paýhasyňda, başarnygyňdadyr» diýip, Kowusnamada aýdylýar.

Başarnyklar durmuşy-psihologik hadysadyr. Olar şahs (subýekt) tarapyndan ele alnan «alnan aýratyn işiň» önümli wezipäniň çözülmegini ýüze çykarýar. Psihologlaryň we pedagoglaryň aglaba köpüsi

başarnykda aňly ýerine ýetirilýän hereketler we işler jemlenýär diýip belleýärler.

Pedagogik başarnyklar bolsa, pedagogik işiň tehnologik birligidir. Hünär-pedagogik başarnyklar şahsda (subýektde) ylym-pedagogik bilimleriň giň möçberiniň terbiýelenmeginde kemala gelýär. Başarnyklaryň derejesine aşakdaky ýaly häsiýetnama berilýär.

1. Başlangyç (hünär-başarnygyň bolmazlygy);
2. Pes dereje (ilkinji hünär başarnyk);
3. Orta dereje;
4. Ýokary (kemala gelen başarnyk);
5. Ussatlyk – döredijilikli pedagogik işiň iň ýokary derejesi.

Şu derejelere hil taýdan baha bermegiň ölçegi hökmünde aşakdaky şertler göz öňünde tutulýar:

a) şahsyýetiň gönükdirilmegi;
b) hünär-başarnygynyň jemi we onuň kemala gelmegi;
ç) pedagogik-psihologik taýdan ökdelik, işjeňlik;
d) işe hemişe psihologik taýýarlyk we köpçülikde ylalaşyk.

Terbiýeçilik işiniň häsiýetine görä hünär-pedagogik başarnygy aşakdaky ýaly bölmek mümkin: okuwçynyň ýagdaýyna syn etmek, geljekdäki maksatnamalary işläp düzmek, pedagogik we psihologik bilimleri ussatlyk bilen ulanyp bilmek,mekdep iş kagyzlaryny öwrenmek, psihologik-pedagogik taýdan häsiýetnama bermegi başarmak we ş.m.

Çagalaryň ol ýa-da beýleki bir häsiýetiniň ýüze çykyşynyň sebäbini seljermek başarnyklary, terbiýeçilik işiniň zerur guramaçylyk görnüşini saýlap bilijilik başarnyklary, özüni okuwçynyň ýerine goýup bilmek başarnygyny, okuwçynyň ýagdaýyna düşnüp bilmek başarnygy, synp bilen işlemegiň öňden düzülýän meýilnamasyny düzüp bilmek başarnygy, synp bilen işlemegiň meýilnamasyny düzüp bilmek başarnygy we ş.m.

Şu döwürde öz pikiriňi, duýgyňy dogry we doly dil üsti bilen beýan edip bilmek başarnygy; goýlan meseläniň şertini maksadalaýyk düşündirip bilmek, peýdalanyp bilmek başarnygy; okuwçylar bilen pedagogik maksadalaýyk gatnaşygy ýola goýup bilmek başarnygy; ýüze çykýan dawaly ýagdaýlary wagtynda çözüp bilmek başarnygy;

dostlugy we ýoldaşlygy ykrar etmek; çagalaryň özara gatnaşyklaryny dogry ýola goýup bilmek we ş.m başarnyklary degişlidir.

Çagalaryň özüni alyp barşynda ýüze çykýan aýratynlyklary kesgitläp bilmek başarnygy; okuw-tebiýeçilik işinde ýüze çykýan käbir kemçilikleriň gowşaklygynyň sebäbini seljerip bilmek başarnygy; ýerine ýetirilen işleriň netijesinde we iş tejribä daýanyp, gelejekki wezipeleri kesgitläp bilmek başarnygy; hünär taýdan öz-özüňi terbiýelemegiň anyk wezipelerini we meýilnmasyny düzüp bilmek başarnygy.

Gadymy pelsepeçiler (Sokrat) ylymly, bilimli bolmak barada: «Bilimden zyýat genji-hazyna, akmak kişiden howply duşman, hünärden belent sarpa ýokdur» – diýipdir. Şonuň üçin mümkin boldugyndan köpräk akyl-paýhas öwrenjek bolmaly.

Her bir terbiýeçi, mugallym öz hünär iş döwründe hünär bilimleriň ulgamy bilen hem ýaraglanan bolmalydyr.

1. Terbiýäniň anyk wezipesini, maksadyny, guramaçylyk görnüşlerini, serişdesini we usulyny bilmeli;
2. Okatmak döwründe mazmunyny, ýörelgesini, usullaryny, guramaçylyk görnüşlerini bilmeli;
3. Okuwçylaryň anatomo-fizologik ösüşiniň esaslaryny, ýaş aýratynlyklaryny bilmeli;
4. Okuwçylaryň tertiplilik derejesini kesgitläp bilmeli;
5. Okuwçylar köpçüligi bilen işlemegiň görnüşini we usullaryny bilmeli;
6. Synpyň ýolbaşçysy dürli ýaşly okuwçylar bilen işlemegiň mazmunyny we usullaryny bilmeli;
7. Ene-atalar bilen işlemegiň usullaryny we görnüşini bilmeli.

Bilimleriň şu ulgamy mugallyma gündelik okuw-terbiýeçilik işinde ýardam berýär. Mundan başga-da mugallym bolmak üçin hünär endikleri bilen hem ýaraglanan bolmalydyr. Hünär pedagogik endikler – bu berk özleşdirilen we gündelik (yzygiderli) gaýtalanýan çylşyrymly akyl we amaly taýdan işjeň okuw terbiýeçilik işlerindäki barlag esasynda ýerine ýetirilýän hereketdir.

Hünär-pedagogik endikler okuw terbiýeçilik döwründe bellibir hereketleri (täsirleri) çalt we anyk ýerine ýetirmäge ýardam edýär. Bu bilimler bilen birlikde pedagogik başarnygyň düzümine gir-

ýär. Köplenç hünär-pedagogik endigiň esasynda ýönekeý adam işi (sözleýiş işi, okamak, sanamak we ş.m) ýatýar. Emma olar belli bir ýagdaýda mazmuny we gönükdirilenligi boýunça ýörite pedagogik endige öwrülýär.

Hünär endikleri: dogry sözläp bilmek; öz pikiriňi aýdyň beýan edip bilmek; sözleýiş äheňi; owadan we sowatly ýazyp bilmek; sanap bilmek endigi; çagalar bilen özara gatnaşykda olara ýüzlenip bilmek endigi; çagalar bilen işläp bilmek endigi; ünsüňi paýlap bilmek; ýazgylardan, çyzgylardan dogry peýdalanyp bilmek; ýönekeý zähmet gurallaryndan peýdalanyp bilmek endigi; tehniki serişdelerden peýdalanyp bilmegi; gözellik terbiýe berip bilijilik endigi; we ş. m.degişlidir.

Mugallymyň pedagogik ussatlygy, hünär kämilligine eýe bolmak üçin bilimlerini, endiklerini, başarnyklaryny artdyrmak, öz-özüni barlap bilmek, öz üstünde yzygiderli işlemek zerurdyr. Hünäriňi artdyrmak hemme kişä möhümdir, çünki adam öz deň-duşlaryndan diňe ylym we hünär arkaly saýlanyp biler. Adam deň-duşunda bolmadyk bir ukybyň özünde barlygyny bilse,ol derrew özüni beýlekilerden tapawutly saýyp ugraýar, şonuň üçin ol öz bilimini we zehinini öňküden hem kämilleşdirmäge çalyşmalydyr. Mugallymyň bilimini,başarnygyny, endigini kämilleşdirmegiň çägi ýokdur.

Okuw-terbiýeçilik işlerinde iň ýokary derejä galmak, ýagny pedagogik ussatlyga eýe bolmaklyga çalyşmaýan mugallym ýok bolsa gerek.

Hünär-pedagogik başarnygyny kemala getirmek üçin ýokary okuw jaýynda okaýarka her bir talyp ýokary düşünjeli çagalary okatmak we terbiýe bermek işine gönükdirmek üçin nazaryýet we amaly bilimlere türgenleşmelidir. Emma bu iş örän çylşyrymly we kyndyr.

Barlaglaryň görkezmegine görä hünär-pedagogik ussatlyk özara baglanyşykly bolup, bu – üç basgançak boýunça kemala gelýär:

a) şu meselä degişli edebiýatlar bilen tanyşmak, pedagogika we psihologiýa dersinden umumy okuw we amaly işleri gözden geçirmek;
b) pedagogik ussatlygy artdyrmak üçin meýilnama düzmek ; öz kärdeşleriň iş tejribesini öwrenmek, olara syn etmek, sapaklaryna gatnaşmak, ony barlamak we ş.m;

ç) ylmy barlaglaryň ýokary netijelerini öz tejribäňde ulanmak, ýoldaşlaryň ýokary iş usullaryny kabul etmek, öz-özüňi terbiýelemek, okuw-terbiýeçilik işlerinde ulanylýan usullarynyň netijelerini barlamak we ş.m.

Şeýlelikde, hünär-pedagogik başarnygyny artdyrmak diňe hünäre taýýarlyk, öz bilimiňi artdyrmak usuly bilen amala aşyryp bilner. Sebäbi hünär taýýarlygyň ýokary derejesi okuw-terbiýeçilik işinde ilkinji basgançak bolup hyzmat edýär.

Pedagogik başarnyklary we endikleri kemala getirmek döwri pedagogik bilimleriň ulgamyny akyl işine öwürmegi bilen berk baglanşyklydyr. Pedagogik başarnygyň, endikleriň kemala gelşini aşakdaky ýaly döwürlere bölmek bolýar:

Ýokary okuw jaýyna çenli – pedagogik başarnygynyň we endikleriň esaslarynyň mekdepde (okuw döwründe) kemala gelmegi. Ýokary okuw jaýynda – pedagogik sapaklarynda (psihologiýa, pedagogika, ýörite sapaklarda) pedagogik amaly iş döwründe, talyplar bilen okuw döwründe dürli usuly işlerde ele alynmagy; ýokary okuw jaýyny tamamlandan soňky özbaşdak işläp başlan döwründe (1 ýylyň dowamynda) pedagogik ussatlygy ele almak üçin amaly başarnyklary we endikleri kämilleşdirmek.

Geljekki mugallymlar pedagogik başarnyklary dürli derejede ele alýarlar. Pedagogik başarnyklary we endikleri kemala getirmek döwründe okatmagyň dürli usullaryndan we serişdelerinden peýdalanylýar. Pedagogik başarnyklary we endikleri kemala getirmekde ulanylýan usullary iki topara bölmek bolýar.

*1-nji topara*: gürrüň, edebiýatlar bilen işlemek, pedagogik tejribeleri öwrenmek we ony barlamak degişlidir.

*2-nji topara*: amaly we usuly ýumuşlary ýerine ýetirmek, okuw – terbiýeçilik işlerini barlamak we pedagogik meseleleri çözmek ýaly işler degişlidir. Şu iki topar hem biri-biri bilen berk baglanyşykly we özara şertleşendir.

Pedagogik başarnyklary kemala getirmek – talyplar üçin amaly ýumuşlaryň ulgamy, wajyp serişde bolup hyzmat edýär. Ol ýumuşlar şu aşakdakylary öz içine alýar:

– Okuw terbiýeçilik işiniň görnüşleri boýunça ýumuşlar (synp ýolbaşçynyň iş meýilnamasyny, maksatnamasyny dürli ýazgylary ýazmagy öwrenmek),
– Mekdebiň we synp ýolbaşçysynyň iş meýilnamasyny barlamak boýunça ýumuş ;
– Mekdebiň okuw-terbiýeçilik işini öwrenmek boýunça ýumuşlar;
– Okuwçy we çagalar köpçüligini (ýaş we ýekeleýin aýratynlyklaryny, çagalar köpçüliginiň ösüş derejesini) öwrenmek boýunça ýumuşlar. Pedagogik başarnyklary we endikleri kemala getirmegiň ýollary;
– Talyplaryň hünär we şahsy ähmiýetli meseleleri ele almagyň zerurlygyna göz (akyl) ýetirmekleri;
– Pedagogik başarnyklarynyň ulgamyny aýdyňlaşdyrmak, mazmunyny düşündirmek;
– Pedagogik başarnyklary we endikleri kemala getirmegiň maksatnamasyny işläp düzmek;
– Başarnyklary ele almak üçin amaly işi we ýumuşlary guramak we ony ýerine ýetirmek ugrunda çalyşmak;
– Başarnyklaryň we endikleriň kemala geliş derejesine gözegçilik etmek, talyplaryň işiniň netijesini barlamak, baha bermek.

## § 14. Terbiýeçilik işine çemeleşmekde mugallymyň ussatlygy

Mugallym okuwçylary terbiýelemek işine hemmetaraplaýyn çemeleşmelidir. Terbiýelemek işinde nazaryýetiň we tejribäniň birligi amala aşyrylmalydyr. Terbiýeçilik işine çemeleşmeleri üçin terbiýeçiniň başarnyklarynda iş usulynyň esasylary saýlanylýar. Okuwçylara biri-biri bilen dogry aragatnaşyk gurmagy öwretmek ýagdaýy kadalaşdyrmagyň tertibidir. Talap etmek bilen sylamagyň, ynamyň birligi durmuşy taýdan emele getirilende, terbiýe öz maksadyna ýeter.

Çagalarda ahlak endiklerini terbiýelemek, ahlak terbiýesiniň görnüşi hasaplanýar. Ony amala aşyrmagyň ýollary bolsa özboluşlydyr. Şol bir hatarda terbiýelemesi kyn bolan çagalar bilen işlemeklik hem özüne mahsus bolan aýratyn talaplary ýüze çykarýar. Terbiýeçi-

lik işini meýilnamalaşdyrmagyň tejribesi bu ýagdaýlary hasaba almak bilen amala aşyrylýar. Terbiýeçilik işine ylmy taýdan çemeleşmek, ony nazaryýete esaslanyp guramakdyr. Terbiýeçilik işi we onuň netijesini hasaba almagyň ýollary tejribelikde bellidir.

*Mugallymyň okuwçylary terbiýelemekdäki orny*. Bilim bermegiň täzeçe guralmagy hem, täze maksatnamalar hem, okuwy gerekli enjamlar, kompýuterler bilen üpjün etmek hem gerek.

Biz geljege umytlarymyzy öz mekdebimiziň işi, onuň özüniň üýtgedip gurulmagy, mugallymyň terbiýeçilik ukyby we döredijilik gözlegi bilen ep-esli derejede baglanyşdyrýarys, munuň özi tebigydyr. Mugallym diňe sapak okadyjy däldir, ol ilkinji nobatda terbiýeçidir, ýaş nesli durmuşa hemme taraplaýyn taýýarlaýan adamdyr.

Mugallymyň işi diňe okatmak işi däl, eýsem terbiýeçilik işine hem juda jogapkärçiliklidir. Munuň özi mugallymdan işe ähli ünsüni, yhlasyny, ukybyny, bilimlerini we terbiýeçilik tagallalaryny gönükdirmegi, sarp etmegi talap edýär. Onuň işiniň üstünligi ýene-de işe döredijilikli çemeleşmegine, şeýle hem galplyga garşy aýgytly göreşişine baglydyr.

Mugallym okadýan we terbiýeleýän çagalarynyň ykbalyna parhsyz çemeleşip bilmez. Mugallymyň parhsyzdygy, galplyga ýol bermegi, diňe aýlyk alýanlygy üçin mekdepde wagt geçirip, işe yhlassyz ýapyşmagy ýaş nesliň dogry terbiýelemegine uly zeper ýetirip biler. Eger zawod-fabrikde işçi haýsydyr bir zady ýasamakda ýalňyşlyk goýberse, ony belki täzeden ýasamak, kemçiligini düzetmek bolar. Ýöne mugallym ýaş nesli terbiýelemekde ýalňyş goýberse, onuň netijelerini düzetmek iňňän kyn bolar, nädogry terbiýelenen adamy täzeden terbiýelemek hem kyn bolýar, hem örän köp wagt we tagalla talap edýär. Mugallymyň terbiýeçilik işi sabyrlylygy, terbiýäniň görnüşlerini we ussullaryny ulanmakda örän paýhasly çemeleşmegi, synçylygy talap edýär. Çagalar bilen işlemekde mugallymyň olaryň her biriniň maşgala ýagdaýy bilen tanyşmagy, olaryň maşgalada nähili terbiýelenýändigini, olaryň ene-atalary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamagy, mekdebiň we maşgalanyň ylalaşykly hereket etmegini gazanmagy, onuň terbiýeçilik tagallalarynyň üstünlikli bolmagyna ýardam edýär.

7. Sargyt № 2124

*Okuwçylar bilen işlemegiň tärleri we usullary.* Terbiýeçilik işinde mugallymyň her bir anyk ýagdaýda okuwçy bilen işlemegiň ähmiýeti bolup biljek tärlerini ulanmagy başaryp bilşine köp zat baglydyr. «Bir wagt bir okuwçyny terbiýelemekde şu hili ýagdaýda şeýle täri ulanypdym, ol netije beripdi» – diýip, bir wagyt netijeli bolan täri ulanmagyň bu gezek islendik netijäni bermezligi, tersine bolup çykmagy hem mümkindir. Sebäbi ýokarda belleýşimiz ýaly, ähli okuwçy birmeňzeş bolmaýar. Galyberse-de, okuwçy bilen iş geçirilende, hut şol pursatda onuň psihologik ýagdaýynyň nähilidi-gi-de, onuň bilen ýekelikde ýa-da başgaça aýdanda, her bir pursatda, her bir çaga bilen işlenilende ýokarda ýatlanylan we ýatlanmadyk ähli ownuk-uşak bolup görünýän ýagdaýlaryň nazara alynmagy möhümdir. Mugallymyň terbiýeçilik işinde onuň çagalar bilen iş-lemäge çuň höwesiniň bolmagy, çagalary söýmegi, olara ynsanper-wer çemeleşmegi uly kömek edýär.

Ýöne bir zady bellemek gerek. Çagany söýmek diýmek mugal-lymyň çaganyň ähli diýenini edip ýörmegini, ony öz ugruna goýber-megini aňlatmaýar.

Mugallymyň çaga bolan söýgüsi talap edijilikli söýgi bolma-lydyr. Şeýle mugallymy okuwçylar söýýärler, onuň bilen öz aladala-ry barada gürrüň etmegi, onuň pikirini diňlemegi halaýarlar, onuň maslahatlaryna gulak asýarlar. Eger mugallym çagalary, olar bilen işlemegi söýmeýän bolsa, okuwçylar özlerini ondan çeträkde sakla-maklygy kem görmeýärler. Ony hormatlamaýarlar. Hormatlanmaýan mugallymyň terbiýeçilik tagallalary zerur netijäni hem bermeýär.

Terbiýelenýänlere üstünlikli täsir etmek üçin mugallymda ösen duýgusynyň, ýagny başgalara duýgudaşlyk etmek, onuň ýagdaýy-na düşünmek häsiýetiniň bolmagy zerurdyr. Bu oňa çagalara çeme-leşende, olaryň psihologik ýagdaýyna düşünmäge, özüni terbiýe-lenýäniň ornunda goýup görmegi, paýhasly hereket etmäge kömek eder. Mugallymyň synçy adam bolmalydygy hakynda ýokarda aý-dypdyk. Mugallym synçylyk netijesinde olar barada dogry netijä gelip bilýän mugallym öz eden gürrüňiniň okuwça täsir etmeýändi-gini tiz aňýar we onuň äheňini üýtgedip, netijeli ugra gönükdirýär. Mugallymyň terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagy üçin onuň okuwçy-

lar bilen ysnyşykly işlemegi gerek. Okuwçylara ýakyn durmak ýaş mugallyma birbada aňsat düşmeýär. Okuwçylar bilen ysnyşykly işlemek olary özüňe ýakynlaşdyrmak üçin, mugallym olar bilen bilelikde her dürli synpdan daşary işleri gurasa peýdaly bolar. Şonda mugallym özüni ýönekeý alyp barmalydyr. Gödeklik, ulumsylyk okuwçylary mugallymdan daşlaşdyrýar. Özüni okuwçylardan çete çekýän, gedemlik edýän mugallymyň terbiýeçilik tagallalary täsirsiz bolýar. Özüni ýönekeý alyp barmak diýmeklik okuwçylar bilen mugallymyň arasynda hiç hili çäk bolmaly däl diýmegi aňlatmaýar. Bu çägiň zerurlygy okuwçylaryň özleri tarapyndan aňlanylmalydyr. Mugallymyň bilimliligi, medenýetliligi okuwçylar bilen özüni alyp barşy, okuwçylar bilen onuň arasyndaky belli bir çägiň bolmagyny üpjün edýär. Şol çägiň bolmazlygy mugallymyň emeli suratda çäk döretjek bolup synanyşmagy arkaly gazanylyp bilinmez. Käbir mugallymlaryň tejribesinde, aýratyn hem ýaş mugallymlaryň tejribesinde, okuwçylary gorkuzyp terbiýelemäge ýykgyn edýärler. Mugallym öz gowşaklygyny bildirmejek bolup, okuwçylary gorkuzyp, olara öz diýenini etdirjek bolýar, haýbat atýar, topulýar, gaharlanýar we ş. m. bularyň hiç biri-de mugallymyň abraýyna abraý goşmaýar, gaýtam okuwçylaryň içinde onuň abraýyny gaçyrýar. Netijede terbiýeçilik işi agsaýar, okuwçylar bilen mugallymyň arasy bozulýar, olaryň biri-birine düşünişmeklerine zyýan ýetirýär. Okuwçylar üçin mugallymyň sözüniň täsirliligi peselýär. Olar mugallymdan uzaklaşýarlar. Käbir ýaş mugallymlar okuwçylar bilen ysnyşykly işlemekde, başga bir ýagdaýa ýüz urýarlar, ýagny okuwçylara ýaranjaňlyk edýärler. Şeýdip, özlerine ýalan abraý, hormat gazanjak bolýarlar, muny okuwçylara diýenini etdirmegiň ýeke-täk usuly diýip hasaplaýarlar. Hakykat-da bolsa bu hili çemeleşmeklik hem mugallymyň abraýyny gaçyrýar.

Okuwçylar uzaklaşdyrman mugallymyň psihologiýasyny öwrenýärler we diýenine gulak asmaklaryny bes edýärler. Netijede mugallym olar bilen netijeli terbiýeçilik işlerini geçirmek mümkinçiliginden mahrum bolýar, terbiýeçilik wezipelerini berjaý edip bilmeýär. Okuwçylara çemeleşmeklikde mugallym olara şahsyýet hökmünde hormat goýup, onuň bilen ikitaraplaýyn birek-biregi sylamak görnüşinde aragatnaşyk etmek dogry bolýar. Mugallym terbiýeçilik işin-

de özüniň şahsy durmuşynda bolýan käbir ýakymsyz zatlara bolan içki duýgusyny (gynanjyny, gahar-gazabyny, näsazlygyny we ş.m.) okuwçylar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini geçirmekde ýüze çkarmaly däldir. Mugallymyň şahsy başdan geçirmeleri onuň okuwçylar bilen aragatnaşygyna täsir etmeli däldir. Sebäbi mugallymyň keýpsizligi, gaýgy-gussa üstüni basdyryp oturmagy, gaharjaňlygy okuwçylaryň hem keýpine, özlerini alyp baryşlaryna, döredijilikli işlemeklerine erbet täsir edýär. Käbir mugallymlar mekdepden, synpdan daşardan nämedir bir zada gelen gaharlaryny okuwçylardan «çykarmaga» ýykgyn edýärler. Bu mugallymyň abraýyny gaçyrýar, okuwçylaryň ondan göwnüniň galmagyna getirýär.

Terbiýeçilik işinde mugallymyň özüniň okuwça aýdýan sözleriniň, berýän nesihatlarynyň, talaplarynyň, geçirýän terbiýeçilik çäreleriniň, ony öwmeginiň, tankytlamagynyň, temmi bermeginiň nähili netije berjekdigini öňünden çak edip, göz öňüne getirmeginiň ähmiýeti az däldir. Sebäbi ol mugallyma terbiýeçilik işinde ýalňyşlyklary goýbermezligine kömek edýär.

Mugallym adalatly adam bolmalydyr, onda adalatlylyk duýgusy güýçli bolmalydyr. Adalatsyz bolup mugallym bigünä okuwçynyň üstüne gygyrýar, azgyrylýar, oňat seljermän bigünä okuwça temmi berýär, mynasyp däl okuwçyny öwýär, ony höweslendirýär we ş. m. bu hili mugallym tiz «gözden düşýär» okuwçylar ony hormatlamaklaryny, onuň diýenine gulak asmaklyklaryny bes edýärler. Şoňa görä ol okuwçylara gowy täsir etmek mümkinçiliginden mahrum bolýar. Ýokary synplarda mugallymyň okuwçylara çemeleşmekde gyzmalyk etmegi, adalatsyzlygy onuň bilen okuwçylaryň arasynda ýiti garşylygyň döremegine getirmegi-de mümkin. Okuwçylaryň terbiýesinde mugallymyň erkine-de köp zat baglydyr. Gowşak erkli, gowşak häsiýetli adam bolmagy onuň okuwçylar bilen ysnyşykly işlemegine päsgel berýär. Ol okuwçylara berýän ýumuşlarynyň, görkezmeleriniň ýerine ýetirlip-ýetirilmezligine parhsyz garaýar, olaryň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini talap edip bilmeýär. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylarda işe öz borçlaryna jogapkärçiliksiz başdan sowma endigini kemala getirýär. Okuwçylar bu hili mugallymyň «geçirimliliginden» peýdalanyp, onuň ýumuşlaryny, talaplaryny ýerine ýetirmeýär.

Netijede mugallymyň bu hili çemeleşişi birinjiden, onuň abraýyny gaçyrsa, ikinjiden, okuwçylaryň kämil şahsyýet bolup kemala gelmegine zeper ýetirýär. Mugallymyň tejribeçilik işiniň üstünlikli bolmagyna onuň degişme-ýumor duýgusynyň barlygy hem uly orun tutýar. Ýumor duýguly adam jüpüne düşýän ýerinde degişme äheňinde geplemegi başarýar. Munuň özi okuwçylaryň ýadawlygyny aýyrmakda, mugallym bilen olaryň arasyny ýakynlaşdyrmakda, köpçülikde ýakymly ýagdaýy emele getirmekde peýdalydyr. Ýerlikli degişmegi başarýan mugallymy okuwçylar gowy görýärler. Onuň tabşyryklaryny, maslahatlaryny göwünjeňlik bilen ýerine ýetirýär. Okuwçylar bilen işlemegiň üstünlikli bolmagy köp babatda mugallymyň öz beren sözünde tapylmak başarnygyna baglydyr. Şoňa görä hem mugallym hemişe «söz berdiňmi – sözüňde tapyl» diýen ýörelgä laýyk hereket etmelidir. Eger ol okuwçylara dynç alyş güni gezelenje, köpçülik bolup çeper film görmäge gitmegi ýa-da başga bir zada wada eden bolsa, ony hökman ýerine ýetirmelidir. Eger belli bir sagatda, minutda bir ýerde duşuşmagy bellän bolsa, mugallym şol ýere gijä galman gelmelidir. Gepiň gysgasy, mugallym haýsydyr bir zady wada eden bolsa, bir zady etmekligi söz beren bolsa, olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Şeýle etmeklik onuň okuwçylar bilen düşünişmegini aňsatlaşdyrýar. Ýöne şonda mugallymyň ene-atalaryň hormatyny gazanjak bolup ýaranjaňlyk etmegi, ene-ata syýasat, terbiýeçilik nukdaý nazardan nädogry pikirler aýtsalar-da olara «dogry» diýip makullap oturmagy netije bermez. Bu onuň abraýyny artdyrmagyň deregine, oňa uly zeper ýetirer diýip mugallym barada erbet pikir döreder.

Terbiýeçilik täriniň zerur alamatlary hökmünde sözleýiş medenýetini, okuwçylar bilen sözleşeniňde ýa-da sapakdyr synpdan daşary köpçülik çärelerini geçirende, okuwçylara ýekebara çemeleşmegi başaryşyny, hatda oturgyçda nähili oturýandygyny, stoluň başyndan nähili turýandygyny, nädip begenýändigini, gynanýandygyny görkezmek gerek.

Ýönekeýleşdirip aýdanymyzda, terbiýeçilik takt esasan okuwçylary terbiýelemek döwründe, terbiýeçilik serişdeleri ulanmakda, olar bilen sözleşmekde, mugallymyň özüni salyhatly, mylakatly, ýönekeý alyp barmagynda, olaryň şahsyýetini hormatlamagynda, olar-

dan edýän talaplarynyň oýlanşyklylygynda, paýhaslylygynda ýüze çykýar. Ahlak taýdan özüni nädogry alyp barýan mugallymyň asla çaga terbiýesi bilen meşgullanmaga haky hem ýokdur. Ol okuwçylarda asylly ahlak sypatlary terbiýeläp bilmez. Ol ters görelde görkezer. Onuň ahlaklylyk hakyndaky owadan sözleri, umuman terbiýeçilik barada edýän «aladalary» howaýy gürrüň bolup galýar. Ahlak taýdan päk mugallym okuwçylaryň ahlak taýdan kemala gelmegine gowy täsir edýär. Munuň özi mugallymyň abraýyny artdyrýar, sözünde tapylmazlyk, wadasyna wepasyzlygy onuň abraýyny gaçyrýar, okuwçylar oňa ynanmasyny goýýarlar. Ynamdan gaçan mugallymyň öz terbiýeçilik wezipesini ýerine ýetirip bilmejekdigi hakynda aýdyp oturmak gerekmikä?

Okuwçylara terbiýeçilik nukdaýnazardan çemeleşilende mugallymyň nusgalyk göreldesi gowy netijeleriň gazanylmagyna oňyn täsirini ýetirýär.

*Okuwçylar bilen işlenilende terbiýeçiligiň ýakyn täsiriniň* (*taktyň*) *we terbiýeçilik täriniň* (*tehnikasynyň*) *orny*. Mugallymyň okuwçylaryň işinde dogry çemeleşmeginde onuň terbiýeçilik taktyny berjaý edişine köp zat baglydyr.

Terbiýeçilik takt – munuň özi mugallymyň çagalar we olaryň ene-atalary bilen kadaly aragatnaşyk saklamagyny, onuň aýdýan sözleriniň, hereketleriniň, ýüzlenişiniň, olara üns berşiniň, okuwçylaryna dykgatlylygynyň, mylakatlylygynyň, terbiýelenýänleriň öňünde paýhasly talaplar goýşunyň terbiýeçilik nukdaýnazardan maksada laýyk bolmaklygyny göz öňünde tutýar. Terbiýeçilik takty mugallymyň her bir zadyň çakyny-çenini bilmegini hem öz içine alýar, mysal üçin, okuwçyny öwmek ýa-da, başga bir görnüşinde höweslendirmek, oňa temmi bermek ýaly terbiýeçilik ukyplarynyň dogry saýlanmagynyň okuwçylara çemeleşmekdäki ähmiýeti ýokarydyr. Terbiýeçilikde mugallymda üç hili ukybyň bolmagy bellenýär. Olar gurnaw (konstruktiw) ukyp, guramaçylyk ukyby we aragatnaşyk (komunikatiw) ukyplarydyr. Bularyň mugallymyň terbiýeçilik işindäki orny hakynda aşakdakylary aýtmak bolar: *Guramaçylyk terbiýeçilik ukybyň* bolmagy mugallyma köpçülik we aýry-aýry okuwçy bilen geçirmeli

terbiýeçilik işlerini dogry meýilnamalaşdyrmakda kömek edýär. Terbiýeçilik işiniň dogry meýilnamalaşdyrylmagy okuwçylar köpçüligine we aýry-aýry okuwçylara dogry çemeleşmegiň usullaryny we ýollaryny bellemek üçin esas bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, guramaçylyk terbiýeçilik ukyp mugallymyň geçirjek terbiýeçilik işleri üçin gerek bolan enjamlary dogry seçip almagyna kömek edýär.

*Mugallymda guramaçylyk ukybynyň* bolmagy oňa okuwçylar bilen terbiýeçilik işleri geçirilende, olara ýekebara çemeleşmeginde özüni dogry ýagdaýda alyp barmagy zerur hasaplanýar. Galyberse, ol mugallyma terbiýeçilik işine okuwçylaryň guramaçylykly, höwesli we köpçülikleýin gatnaşyklaryny, geçirýän işlerinde çalasynlyk görkezip işlemeklerini gazanmakda hem kömek edýär. Mugallymyň guramaçylyk ukyby okuwçylaryň jemgyýetçilik, jemgyýete peýdaly işleri guramakda, olaryň öz-özlerini terbiýelemeklerini ýola goýmakda we gowy netije gazanmaklaryny üpjün etmekde ähmiýetli bolýar.

*Aragatnaşyk* (*komunikatiw*) *ukyby* munuň özi mugallyma okuw-terbiýeçilik işinde okuwçylar bilen kadaly aragatnaşygy ýola goýmaga kömek edýär, olar bilen sapakda we terbiýeçilik işleri geçirilende hyzmatdaşlyk etmegi ýeňilleşdirýär. Okuwçy bilen mugallymyň biri-birine düşünişmegini aňsatlaşdyrýar. Aragatnaşyk ukyby bar mugallym öz talaplarynyň, häsiýetleriniň okuwçylar tarapyndan goldanmagyna we ýerine ýetirilmegine umyt baglap biler. Aragatnaşyk ukyby mugallymyň okuwçylaryň ene-atalary we beýleki adamlar bilen aragatnaşyk etmegini hem aňsatlaşdyrýar. Ýokarda aýdylanlary gysgaça jemlesek, onda olaryň hemmesini, ýagny okuwçylara çemeleşmegiň usullaryny, görnüşlerini we terbiýeçilik takt hem terbiýeçilik tehnikany özleşdirmegi, amaly işde ulanmagy kemsiz ele almagy, özüniň terbiýeçilik ukyplaryny terbiýeläp okuwçylara çemeleşmeklerinde olardan paýhasly peýdalanmagy başarmagy mugallymyň kem-kemden terbiýeçilik işiniň ussady bolup ýetişdirmegini üpjün eder. Bu bolsa öz gezeginde onuň öz mugallymçylyk wezipesini üstünlikli berjaý etmeginiň hem-de mekdebiň häzirki zaman talaplarynyň derejesinde bolmagynyň girewidir.

## MAZMUNY


Giriş ....................................................................................7

**I bölüm. Mugallymçylyk ussatlygy we onuň okuw-terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmekdäki ähmiýeti**

§ 1. Mugallymçylyk ussatlygynyň mazmuny we düzümi .............10
§ 2. Mugallymyň taýýarlygy, onuň görnüşleri...............................16
§ 3. Mugallymçylyk ussatlygy ösdürmegiň esasy ýollary we şertleri .......................................................................24
§ 4. Mugallymyň hünär-pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmegiň nazaryýet we usulyýet esaslary ..................37

**II bölüm. Mugallymçylyk ussatlygy we onuň düzüm bölümleri**

§ 5. Mekdep bilen teatr sungatynyň pedagogik ussatlyk meseleleri boýunça arabaglanyşygy.......................................50
§ 6. Mugallymçylyk täri ..............................................................57
§ 7. Mugallymyň işinde sözleýiş ussatlygy...................................60

**III bölüm. Mugallymyň özara täsir ussatlygy**

§ 8. Mugallym bilen okuwçynyň aragatnaşygynyň medeniýeti.........................................................................64
§ 9. Mugallymyň okuwçylara söz üsti bilen täsir etme usullary .......................................................71
§ 10. Çaga ynsanperwer çemeleşmekde mugallymyň ussatlygy .......................................................77

**IV bölüm. Okuw-terbiýeçilik işlerinde mugallymyň ussatlygy**

§ 11. Sapakda mugallymyň ussatlygy ...........................................84
§ 12. Mugallymyň hünär ussatlygyny kämilleşdirmekde pedagogik-psihologik nazaryýetiň orny ................................88
§ 13. Mugallymyň hünär terbiýeçilik başarnyklaryny kemala getirmek ....................................................................91
§ 14. Terbiýeçilik işine çemeleşmekde mugallymyň ussatlygy .....96